TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

T. Sahydow, G. Musaýew

# TÜRKMENISTANYŇ MEDENIÝETINIŇ TARYHY

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

Aşgabat – 2010

**T. Sahydow, G. Musaýew. Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy**. Ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty **B. Esenowyň** ylmy redaksiýasy bilen.

## Giriş

Adamzat XXI Altyn asyra ýagşy umytlary, niýetleri, arzuwlary bilen gadam basdy. Belli bolşy ýaly, ähli döwürlerde-de her bir adamyň gymmaty onuň akyl-paýhasy, zähmeti, eden işleri bilen ölçelýär. Ýöne taryhda şeýle bir adamlar, şahsyýetler bolýar, olaryň bitiren hyzmatlaryny haýsydyr bir ölçeg bilen ölçemek mümkin bolmaýar. Şeýle şahslaryň akyl-paýhasy, öňdengörüjilikli, halal hereketi we zähmeti diňe bir şu günüň däl, eýsem bütin geljekki döwrüňem şamçyragy bolup, ýoluňy ýagtylandyrýar. Beýik Galkynyşlar eýýamynda biziň ata Watanymyz bolan Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistany dünýä tanaýar, onuň at-abraýy güsaýyn arşa çykýar. Elbetde munuň gözbaşynda biziň Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow durýar.

1991-nji ýylyň oktýabr aýynyň 27-sini hem-de 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-sini türkmen halky, biziň geljekki nesillerimiz hiç haçan ýatdan çykarmazlar. Bu şanly seneler biziň taryhymyzda altyn harplar bilen ýazyldy. Ýedi ýüz ýyldan soň täzeden dünýä inen Garaşsyz hem hemişelik Bitarap Türkmen döwletiniň bagtyýar halky ynha indi beýik Galkynyşlar eýýamynda şatlykly durmuşyň hözürini görüp gelýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Milli Galkynyş hereketi öz düýpli miwelerini berip başlady. Halkymyzyň milli medeniýeti, sungaty, ruhy sütünleri täzeden dikeldildi. Türkmeniň milli däp-dessurlaryny, edebi we taryhy miraslaryny öwrenmek hem-de ýaýratmak giň gerime eýe boldy. Bularyň hemmesi täze döwrüň ýüze çykaran hakykatydyr.

Beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler eýýamynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ata Watanymyzyň medeniýetiniň has-da ösmegine uly ýardam berýär. 2007-nji ýylyň sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assembleýasynyň 62-nji sessiýasyna

gatnaşmak üçin ABŞ-da bolan döwlet saparynyň dowamynda, ýagny sentýabr aýynyň 24-nde Hormatly Prezidentimiz Kolumbiýa uniwersitetiniň alym mugallymlary we talyplary bilen duşuşdy.

Kolumbiýa uniwersitetiniň münberinden eden çykyşynyň başynda Hormatly Prezidentimiz özüniň iňňän gadymy siwilizasiýalaryň sebitinden – Merkezi Aziýadan gelendigini aýratyn nygtady.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň gadymy taryhy ýadygälikleri bolan Merwiň, Köneürgenjiň, Nusaýyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizilendigini uly buýsanç bilen nygtady. Türkmenistan Watanymyzda ýene-de Änew şähristany, Gadymy Dehistan, tebigy ýadygärlikler bolan Köýtendag, Bathyz, Garagum çöli, Hazar deňziniň kenarýakasy ýaly we başga-da heniz öwrenilmedik hem-de barlanylmadyk beýleki ýerleriň geljekde giňişleýin öwrenilip, bu sanawa goşmak boljakdygyny özüniň öňdengörüjiligi bilen nygtady.

Hormatly Prezidentimiz çykyşynyň dowamynda Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap iki hadysany Türkmenistanyň–dünýä siwilizasiýasynyň aýrylmaz bir bölegidigini hem-de taryhda we medeniýetde özüniň tapawutly, täsin, özboluşly ýolunyň bardygyny aýratyn nygtap geçdi. “Türkmenistanyň daşarky dünýä babatdaky çemeleşmelerine düşünmegiň açary biziň ýurdumyzyň syýasatynyň ýörelgeleriniň esasynda durýan filosofik binýat hut şundan ybaratdyr” diýip Hormatly Prezidentimiz örän ýerlikli belledi.

Biziň ýurdumyzyň Birleşen Milletler guramasynyň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy bilen strategik hyzmatdaşlygy ýyl-ýyldan giňelýär. Gadymy Merw, Köneürgenç we Nusaýyň parfiýa galalary ýaly iri taryhy-medeni toplumlaryň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi munuň aýdyň netijesidir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2009-njy ýylda Fransiýada bolan sapary mahalynda döwlet Baştutanymyzyň ÝUNESKO-nyň baş direktory Irina Bokowa bilen duşuşugy boldy. Duşuşugyň barşynda söhbetdeşler täsin taryhy-medeni ýadygärlikleri saklap galmak boýunça geçirilýän bilelikdäki işiň netijeli häsiýete eýedigini kanagatlanmak bilen bellediler we hyzmatdaşlygyň geljekki uly ugurlary babatyndan mundan beýläk-de gatnaşyklary ösdürmek barada pikir alyşdylar.

"Türkmen halkynyň gadymy medeniýeti bar. Altyndepe, Margiany, Horezm, Parfiýa, Dehistan... ýaly öz döwrüne görä ösen döwletler bolupdyrlar. İndi olaryň medeniýeti bütin dünýä aýan bolup başlady. Biziň halkymyzyň özboluşly medeniýetiniň binýady hut şu döwletler zamanasynda goýlup başlandy. Bu gün biziň olar hakda uly buýsanç bilen ýazýandygymyz hem tötänden däl. Olaryň medeni we ruhy baýlygy orta asyrlara-da, biziň döwrümize-de uly täsir etdiler" diýip, Hormatly Prezidentimiz örän jaýdar belleýär.

"Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy" dersiniň wezipesi talyplary gözbaşyny gadymyýetden alyp gelýän ülkämiziň medeniýetiniň baý taryhy bilen tanyşdyrmakdan ybaratdyr. Sebäbi taryhyň tejribesi ylmy taýdan umumylaşdyrylsa, ondan obýektiw netije çykarylyp, sapak alynsa, munuň özi öňde durýan wezipeleri kesgitlemäge-de, geljegi görmäge-de mümkinçilik berýär.

"Medeniýet" sözi adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary ýola goýýan, şol gatnaşyklaryň dowamlylygyny üpjün edýän durmuş kadalaryny-da aňladýar. Medeniýet bu aň-bilimi, ynanjy, sungaty, ahlagy, adaty we jemgyýetçilik durmuşyny özünde jemleýän adamlaryň endiklerini, mümkinçiliklerini birleşdirýän, örän çylşyrymly bitewilikdir.

Türkmenlerde "medeniýet" diýen düşünje gönüden-göni geçmiş bilen bagly. Medeniýet geçmişden geljege barýan gymmatlyklar dünýäsidir. Ol gymmatlyklar şol barýan ýolunda-

da ösmegini, kämilleşmegini dowam etdirýär. Ol gymmatlyklar dünýäsi biziň ata-babalarymyzdan başlanyp heniz dünýä inmedik nesillerimizde-de dowam etmelidir. Onuň wezipesi ozaly bilen adamlary biri-birine ýakynlaşdyrmakdyr, ynsan pikirini emele getirip, töwerek-daşy gurşäp duran dünýä baradaky garaýyşy çuňlaşdyrmakdyr, sagdynlaşdyrmakdyr.

Medeniýetiň hyzmaty pikirlenmek, duýmak, özüňi alyp barmak, gatnaşyk etmek, ýaşaýyş we ölüm baglanyşykly zerur bolan aň-düşünjäni, ynanjy, imany ýüze çykarmakdyr.

Medeniýet geçmişden habarly, aň-düşünjeli, jemgyýetiň has dogry, has gözel, has ýakymly, has peýdaly, has rahat, has abraýly, has akyla laýyk, has parahat boljakdygyna ynamly ynsanlaryň döredýän gymmatlyklaryndan, edim-gylymlarymdan, hereketlerinden düzülen bir bitewi durmuş ýoludyr. Durmuş medeniýet bilen aýrylmaz bitewilikde bolýar.

Bu ders belli bir derejede daşary ýurtlardaky türkmenleriň medeniýetiniň taryhyny hem öwrenmegi göz öňünde tutýar, çünki ol türkmenler dünýä ýurtlarynyň, hususanda öz ýaşaýan ýurtlarynyň medeniýetiniň taryhyny döredýändirler. Türkmenistanyň taryhyny goňşy halklaryň, ilkinji nobatda, türki dilli halklaryň taryhyndan düýpgöter üzňe göz öňüne getirmek mümkin däldir. Sebäbi hiç bir halk, şol sanda türkmen halky-da geçmişde beýleki halklardan aýrybaşgalykda, özara gatnaşyksyz ýaşap bilen däldir, bu geljekde-de şeýle bolar.

Häzire çenli Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhynyň döwürleşdirilişi 1999-njy ýylyň dekabr aýynda geçirilen Yaşulylaryň IX Döwlet Maslahatynyň, Halk Maslahatynyň, Umumymilli Galkynyş Hereketiniň bilelikdäki mejlisinde milli taryhymyzy döwürlere bölünişiginde ugur alyndy:

1. Oguz han döwrüniň medeniýetiniň taryhy;
2. Gorkut Ata döwrüniň medeniýetiniň taryhy;
3. Türkmen halkynyň gülläp ösen we beýik döwletleri guran döwrüniň medeniýetiniň taryhy;

4. Türkmen halkynyň dagynyklyk we baknalyk döwrüniň medeniýetiniň taryhy;
5. Garaşsyzlyk we beýik Galkynyşlar eýýamynyň medeniýetiniň taryhy diýip bölmegi makul bildik.

Medeniýetiň taryhy öwrenilende, geçmişiň diňe asyrlary däl, eýsem müňlerçe, millionlarça ýyllary barada gürrüň edilýär. Şeýle söhbetiň ynandyryjylygy taryhy çeşmeleri ulanmak arkaly gazanylýar.

Maddy tapyndy çeşmeleri gözläp tapmakda, ýygnamakda we öwrenmekde arheologlar uly işleri bitirip gelýär. Bu işde Türkmenistanyň Günorta arheologiýa-kompleksleýin ekspedisiýasy, Horezm arheologiýa-etnografik ekspedisiýasy ummasyz işleri bitirdiler. Beýik Galkynyşlar eýýamynda Türkmenistanyň alymlary şol sanda Ylymlar Akademiýasynyň taryh institutynyň alymlary, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň taryhçy mugallymlarydyr talyplarynyň, şeýle hem Türkmenistanda gazuw-agtaryş geçirýän daşary ýurtly alymlaryň bitiren we bitirýän hyzmatlary uludyr.

Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhyny öwrenmekde dürli döwürlede dürli daşary ýurtly syýahatçylar we öz ildeşlerimiz belliklerini galdyrypdyrlar. Iň irki ýazuw ýadygärlikleri biziň eýýamymyzdan öňki asyrlardan galan pahna görnüşli ýazgylarda, dag gaýalarynyň ýüzi oýulyp ýazylan Behistun (Bisütin) ýazgylarynda duş gelýär. Bu dersi öwrenmekde Parfiýa patyşalarynyň galdyran, Köne Nusaýdan tapylan hojalyk arhiw materiallary, Gerodot, Tasit, Strabon ýaly gadymy grek we Rim awtorlarynyň eserleri has gymmatlydyr.

“Awesta” gadymy döwür barada gymmatly maglumat berýän çeşmeleriň biridir. Giň ýaýran zoroastraçylyk dininiň keramatly kitaby hasaplanýan şol eser biziň eýýamymyzyň başlarynda dilden-dile geçýän gürrüňler esasynda düzülipdir. Asyrlaryň dowamynda oňa goşmaçalar girizilip, elipbiýi-de, dili-de, kämilleşipdir. “Awestada” bütin Merkezi Aziýa, onuň

bilen çäkleşýän Eýranyň, Owganystanyň ýerleri, ilaty, olaryň dinleri barada habar berilýär.

Gadymy Hytaý çeşmeleri, esasan-da taryhy maglumatlary, oguz-Orhon ýazgylary ylmy taýdan çuňňur öwrenilse, köp meseläniň aýdynlaşjakdygy ikuçsuzdyr.

VII asyrdan, ýagny arap basyp alyşlaryndan soň, Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhyna degişli köp sanly eserler arap, pars dillerinde peýda bolup başlaýar. XVII-XVIII asyrlarda türki halklaryň umumy ýazuw edebi dili bolan çagataý dilindäki çeşmeler kem-kemden ýazylypdyr. Arap ýazarlary bilen bir hatarda ýerli ýazarlar hem dürli mazmunly eserleri döredipdirler. Al-Birunynyň (X-XI asyrlar), Narşahynyň (X asyr), Mahmyt Kaşgarynyň (XI asyr), Abdy-ar-Razak Samarkandynyň (XV asyr), Salyr baba Gulaly oglunyň (XVI asyr) we beýlekileriň bize gelip ýeten mirasy şol eserlerdendir.

XVI-XIX asyryň birinji ýarymynyň wakalaryny beýan etmek üçin hywaly, eýranly, buharaly ýazarlaryň işleri-de gymmatlydyr. Şol ýazarlaryň hatarynda Hondemir, Mehdi han Astrabatly, Muhammet Kazym, Mir Abdylkerim Buharaly Abylgazy Bahadur han, Munis, Agehi we beýlekiler bar. Bularyň köpüsiniň eserlerinden bölekler 1938-39-njy ýyllarda rus dilinde "Türkmenleriň we Türkmenistanyň taryhy boýunça materiallarda" çap edildi. Şol ýazarlaryň köplenç öz döwrüniň hökümdarlarynyň waspnamasyny beýan edendigini-de ýatdan çykarmaly däldiris.

Dürli döwürlerde Türkmenistanda bolan ýa-da onuň üstünden geçip giden günbatar ýewropaly, russiýaly, türkiýeli syýahatçylar hem türkmenler barasynda ylmy yz galdyrypdyrlar. Olardan Rim papasynyň ilçisi, monah Plano Karpini (XIII-XIV asyrlaryň sepgidi), wenesiýaly täjir Marko Polo ( XIII-XIV), iňlis Antoniý Jenkinson (XVI), türk Ewliýa Çelebi (XVIII), wenger alymy Armeniý Wamberi (XIX) dagylary öz gören-eşiden zatlary esasynda Merkezi Aziýa

halklarynyň, şol sanda türkmenleriň hojalygyny, sosial-syýasy durmuşyny, däp-dessurlaryny suratlandyrypdyrlar.

Türkmen-rus gatnaşyklarynyň ýygjamlaşan, patyşa Russiýasynyň Türkmenistany basyp alan döwründe rus ýazarlary türkmenler, olaryň ülkesi barada has köp iş ýazypdyrlar. Şol döwürden hekaýawy (narratiw) çeşmeler bilen bir hatarda Aşgabadyň, Moskwanyň, Sankt-Peterburgyň, Daşkendiň, Tbilisiň arhiwlerinde birgiden resminamalar (olaryň sanawynyň belli bir bölegi kitabyň ahyrynda berilýär), golýazmalar hem toplanypdyr. Diňe Türkmenistanyň Milli golýazmalar insitutynda 10 müňe golaý golýazma saklanýar.

Halkyň medeniýetiniň taryhyny öwrenmekde halk döredijiligi hem, nusgawy edebiýat hem uly ähmiýete eýedir.

Türkmenistanyň sowet döwrüni, ýagny Türkmenistan SSR-ini we Garaşsyz Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhyny öwrenmek esasan-da ýazuw çeşmelerine, arhiw resminamalaryna esaslanýar. Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhyny öwrenmekde ýaňy-ýaňylar ýüze çykan taryhy çeşmeler topary (kino, surat we ses ýazgylar) ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna daýanýar. Häzir Aşgabatda Türkmenistanyň kinosuratses resminamalar merkezi arhiwi ýerleşýär. Ol resminamalar Türkmenistan SSR-niň hem-de Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistanyň durmuşyny suratlandyrýar.

Dürli wagtlarda taryhçylaryň özleri Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhyna degişli dürli mazmunly eserler döredipdirler. XIX-XX asyrlaryň sepgidinde Zakaspiý oblastyndaky gadymy ýadygärlikleri öwrenen W.A.Žukowskiý, A.A.Semýonow dagylary peýdaly taryhy maglumatlary köpçülige ýetiren bolsa, İ.N. Beryoziniň, A.N. Samoýlowiçiň türkmen dili, edebiýaty, halk döredijiligi (folklory) boýunça çap eden işleri tutuşlygyna dünýä ylmy jemgyýetçiligine-de mälim bolupdy.

Belli gündogarşynas, görnükli sowet akademigi W.W.Bartolda (1869-1930) türkmen halkynyň taryhyny we medeniýetini öwrenmekde aýratyn orun degişlidir. Merkezi Aziýa halklarynyň taryhy boýunça köp sanly umumylaşdyryjy eserler bilen bir hatada ol türkmen halkynyň VIII-XIX asyrlardaky medeniýetiniň taryhy boýunça düýpli ylmy işler ýazdy. Onuň 1929-njy ýylda rus dilinde çap etdiren “Türkmen halkynyň taryhynyň oçerkleri” diýen işi, käbir soňlanmadyk pikirleriň bardygyna garamazdan, Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhyny öwrenýänler üçin gymmatly gollanma bolup galýar.

XIX asyryň 20-30-njy ýyllarynda ýurdumyzyň medeniýetiniň taryhy boýunça çeşme bazasyny döretmek bilen bir hatarda ençeme ylmy derňewler hem alnyp baryldy. Şol döwürde Türkmenistanyň arheologiýasyny, irki medeniýetiniň taryhyny öwrenmäge S.P. Tolstowyň hem-de M.Ý.Massonyň goşantlary uludyr.

Urşuň öň ýanyndaky ýyllarda ilkinji milli taryhçylar ýetişip başlapdy. Bu hadysa XIX asyryň 50-nji ýyllarynda köpçülikleýin häsiýete eý bolupdy. Bu döwürde alnyp barlan ylmy-derňew işleriniň, ylmy-populýar we umumylaşdyryjy neşirleriň sany artýar, ilkinji taryhy oçerkler çap edilýär. XIX asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrynda “Türkmenistan SSR-iniň taryhynyň” çapdan çykmagy ülkämiziň medeniýetiniň taryhnamasynda uly wakadyr. Bu iki tomluk kitap Türkmenistanyň iň gadymyýetinden başlap, 1957-nji ýyla çenli döwrüniň taryhyny we medeniýetini öç içine alýar.

XIX asyryň 60-njy ýyllarynda G.Ý.Markow, W.M.Masson ýaly, beýleki respublikalardan bolan ýazarlar bilen bir hatarda A.Garryýew, G.Nepesow, K.Muhammetberdiýew, A.A.Roslýakow, Ş.Batyrow, Ö.Kulyýew, A.Saparow, Ş.Täşliýew ýaly ýerli taryhçylaryň atlary-da giňden tanalyp başlanýar. XIX asyryň 60-70-nji ýyllarynda Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhyna degişli, esasan-da sowet döwrüniň

aýry-aýry meseleleri boýunça monografik neşirler peýda bolýar. 1976-njy ýylda ilkinji gezek Türkmenistanyň taryhy we medenýeti boýunça ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy rus dilinde çapdan çykýar, şu ugurdan "Hrestomatiýa" bolsa diňe 1991-nji ýylda neşir edildi. Bu kitaplar umumy häsiýetli kemçiliklerden hem halas däldir.

Soňky onýyllyklarda ýurdumyzyň medeniýetiniň taryhynyň aýry-aýry meseleleri, arheologiýasy, etnologiýasy boýunça dürli mazmunly, dürli möçberli ylmy problemalaryň üstünde işlendi (Ý. Atagarryýew, Ö.Berdiýew, A.Gubaýew, H. Ýusupow—arheologlar; Ş.Annagylyjow, A. Jykyýew, A.Orazow, Ç. Ýazlyýew—etnologlar; S.G.Agajanow, M.Annanepesow, J.Döwletow, A.Ylýasow—XX asyryň başlaryna çenli bolan döwrüň taryhy boýunça; B.Pälwanowa, Ý.Orazgylyjow, S.Kakabaýew, M. Ýazykowa sowet döwrüniň medeniýetiniň taryhy boýunça we beýlekiler).

Türkmenistan garaşsyzlyga eýe bolandan soň, onuň taryhyna we medeniýetine bolan garaýyş, ony öwrenmäge çemeleşmeklik bütinleý özgerdi. Taryhyň we taryhçylaryň öňünde täze wezipeler goýuldy.

Medeniýetiň taryhyny dogruçyl beýan etmeklik garaşsyz döwrümiziň esasy wezipesi bolup durýar. Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhyny mundan beýläk öwrenmek taryhçy alymlaryň paýyna düşýär. Şol nukdaý nazardan ugur alyp, Beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler zamanasynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow öz halkyna şeýle ýüzlenýär: "Millilige, ynsanperwerlige, ýagşylyga ýugrulan maddy-ruhy gymmatlyklarymyzy öwrenmek, dünýä ýaýmak, olara halkara ylmy jemgyýetçiliginiň ünsüni çekmek biziň esasy maksatlarymyzyň biridir."

## Iň gadymy zamanda Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy

### Türkmenistanyň ilkinji ýaşaýjylarynyň medeniýeti. Paleolit we mezolit döwürleri.

Türkmenistanyň medeniýeti öz gözbaşyny gadymyýetiň has irki eýýamlaryndan alyp gaýdýar. Çüňki Türkmenistanda adamzat jemgyýeti ir başlanýar.

Arheologik tapyndylar Türkmenistanyň ýerlerinde takmynan 300 müň ýyl mundan öň ýaşap geçen iň gadymy adamlaryň yzlarynyň üstüni açdylar. Emma käbir alymlaryň taryh ylmynda soňky gazananlarynyň netijesi Türkmenistanyň irki daş asyrlary (paleolit) döwrüniň (başlanan wagty 2mln. gowrak ýyl öň, tamamlanan wagty 12-10 müň ýyl öň) tebigatynyň taryhy çylşyrymly özgerişmeleriň ýagdaýynda bolup geçendigini we olaryň barşynda ýurduň keşbi, adamlaryň durmuş şertleri üýtgändigini habar berýär. Sumbar jülgesinden (Garrygala etraby) iň gadymy adamlaryň daşdan ýasan gödegräk zähmet gurallarynyň tapylmagy hem-de olaryň ýaşynyň deslapky kesgitlenmegi esas berýär.

Bu döwür öň ýaşan häzirki wagtda ýok bolup giden haýwanlaryň zamany bolupdyr. Çetwertik dördünji geologiýa döwrüniň ilkinji iki uly zamany şoňa gabat gelip, onuň dowamynda Türkmenistanyň çäklerinde uly fiziki-geografiki özgerişler bolupdyr, ýagny çygly we gurak döwürleriň gezekleşmesi, Hazar deňziniň derejesiniň ýokary galmasy (transgressiýalar) we aşak düşmesi (regressiýalar), derýalar ulgamynyň düýpli üýtgeşmeleri, Garagum çölüniň aňňatlarynyň emele gelmegi, has belent dag gerişleriniň (Uly Balkan, Köpetdag, Köýtendag) buz bilen örtülmegi ösümlik we haýwanat dünýäsinde uly üýtgeşmeler bolup geçipdir.

Eger häzirki Türkmenistan şol geologiýa döwründäki Türkmenistanyň geografiýa aýratynlyklary bilen deňeşdirsek tebigy üýtgeşmeleriň uly möçberlidigine göz ýetirip bolar.

Türkmenistanyň medeniýetiniň geçmişinden habar berýän iňňän gadymy ýazuw çeşmeleri barasynda alymlaryň arasynda iki dürli pikir bar. Olaryň uly toparynyň pikirine görä, ýurdumyz hakyndaky iň gadymy ýazuw çeşmesi Behistun ýazgylarydyr. Ol b.e. öňki VI asyrda Eýran şasy Dariý I döwründe ýazylypdyr. Alymlaryň käbiri eýýam Altyndepe medeniýeti döwründe-de özboluşly hat-ýazuwyň bolanlygyny nygtaýarlar. Ýazuw çeşmeleriniň azlygy sebäpli, biz Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhynyň gadymy döwrüni esasan arheologik hem-de beýleki ýazuw däl çeşmeleri esasynda öwrenmäge borçly bolýarys.

Taryh ylmynda iň gadymy eýýam arheologik döwürleşdirişden başga-da şol zamanyň adamlarynyň jemgyýetçilik gurluşynyň nazara alynmagy esasynda hem döwürlere bölünýär:

1). İlkidurmuş adamzat sürüsiniň ýaşan eýýamy (urug gurluşyna çenli döwür; bu döwre irki paleolit zamany degişli edilýär, ýagny iň gadymy zamandan b.e. öňki 35-30-njy müňýyllyklara çenli).

2). İlkidurmuş urug jemagatynyň dowam eden eýýamy (muňa giçki paleolit, mezolit, neolit zamanlary degişlidir, ýagny b.e. öňki 35-30-njy müňýyllyklardan b.e. öňki V müňýyllygyň ortalaryna çenli).

Ýurdumyzyň ýerlerinde daş asyra degişli ýadygärlikler esasan häzirki çöllük zonalardan tapylýar. Bu bolsa iň gadymy zamanlarda ata watanymyzyň ýerlerinde häzirkiden başgarak tebigy şertleriň bolandygynyň şaýady bolup durýar.

Çaklamalara görä, Türkmenistanyň territoriýasynda iň gadymy adamlar irki paleolit döwründe günortadan, ýagny Aziýanyň öňdäki daglyklaryndan gelipdir. Olar Türkmen-Horasan daglarynyň üstünden geçip, Türkmenistanyň çäklerinde ornaşypdyr. Ony Merkezi Köpetdagdan tapylan zähmet gurallary tassyklaýar.

1962-nji ýylda Merkezi Köpetdagda, Aşgabadyň golaýynda, Çüli çaýynyň ýokary akymynda ýerleşýän Damjasuw diýen ýerden birnäçe zähmet guraly (nukleuslar, çopperler, gazawlar, plastinka görnüşli gurallar) tapyldy. 1980-81-nji ýyllarda Günorta-Gündogar Köpetdagda, ýagny Sumbar we Çendir derýalarynyň jülgeleriniň birnäçe ýerinde geçirilen barlaglarda b.e. öňki 300000-nji ýyllara degişli, daşy iki taraplaýyn ýaryp ýasalan uly nukleuslaryň, pyşbaga şekilli togalak gularllaryň, gazawlaryň, ujy ýiti enjamlaryň üstünden baryldy. Garabogazyň günorta-gündogar kenarlarynda ýerleşýän Janagyň II Goýmat diýen ýerinde ussahana galyndysynyň üsti açyldy. Ol ýeriň hem esasy ylmy oljasy dürli görnüşli nukleuslar, gazawlar, ujy ýiti ýa-da iki tarapy ýiteldilen gurallar boldy. Şol döwrüň taryhy häli-häzire çenli anyk öwrenilenok, sebäbi onuň özboluşly aýratynlyklary we kynçylyklary bar.

Hazar deňziniň golaýyndaky ýerleriň geologik taryhy Hazaryň suw derejesiniň ençeme gezek üýtgäp durmagy bilen, ýagny suw joşgunlarynyň we gaýtgynlarynyň gezekleşmegi bilen baglanyşyklydyr. Şol sebäpdenem iň gadymy zamanyň irki döwürlerine degişli medeni galyndylary özünde saklaýan çökündiler ýuwlup, ýok bolup gidipdir. Muňa seretmezden, gadymy derýa ýa köl çökündileriniň döreden Hudaýdag çökediniň 2 kilometrlik demirgazyk tarapynda Monjukly aralygyndan we Uzboý kenarlaryndan gazylyp alnan pil süňküniň bölekleri, şol sanda aýak süňkleri, syrçaly azy dişleri, Çelekenden sugunyň şahy ylym üçin örän köp zatlary berdi.

Has irki paleolit zamanynyň adamlary ot ýakmagy bilmändir, ýöne olar dürli tebigy şertleriň döreden oduny öz durmuşlarynda ulanypdyrlar. Ot ýylylyk çeşmesi hem-de ýyrtyjy haýwanlardan goranmagyň oňat serişdesi hökmünde peýdalanylypdyr. Adamlar ony uzak wagtlap öçürmän saklamagy-da başarypdyrlar.

İrki paleolitiň soňky döwürlerindäki ýaşan adamlar häzirki Türkmenistanyň köp ýerinde, ýagny Türkmenbaşy ýarym adasynda, Janakda, Uzboý ýakalarynda, Sumbar-Çendir derelerinde, Merkezi Köpetdagyň töwereklerinde, ýagny Aşgabadyň günbatar-demirgazyk tarapynda, Sarahssyň günortasyndaky Badhyz baýyrlyklarynda, Çarşaňňy etrabynyň Bulakdere jülgesinde, Gowurdagyň ýakynyndaky Balahana dagynda ýaşapdyrlar. Ol ýerlerde şol döwrüň adamlaryna degişli daşdan ýasalan zähmet gurallary tapyldy.

Giçki paleolit döwründe iň gadymy adamlaryň durmuşynda düýpli özgerişler bolup geçipdir. Onuň şeýledigini Türkmenbaşy-Aşgabat demir ýolunyň 39-40-njy km. aralygyndaky ussahanadan tapylan zähmet gurallary subut edýär. Gadymy ussalar töwereklerinde bar bolan çakmakdaşdan uly bolmadyk plastina görnüşli gysgyçlar, nepis ýuka hem ýiti uçly deşewaçlar taýýarlapdyrlar. Şol gurallar agaç, süňk kesmek ýa-da örän inçe zergärçilik işini ýerine ýetirmek üçin amatly bolupdyr.

Deşewaçlaryň kömegi bilen awlan haýwanlarynyň derisinden gödegräk hem bolsa ýönekeýje egin-eşik tikip, azyk önümlerini salar ýaly dürli göwrümli halta, meşik edinipdirler.

Türkmenistanyň ýerlerinde mezolit döwründe (b.e.öňki takmynan XII-VII müňýyllyklar) ýaşan adamlaryň gonalgalaryna we duralgalaryna esasan Balkan welaýatynyň territoriýasynda gabat gelinýär. Olara Türkmenbaşy ýarym adasyndaky Jebel gowagy we Kesgirbulak, Garabogaz kölüniň gündogarynda ýerleşýän Hojasuw, Depeçanak gonalgalary, Balkan daglarynda ýerleşýän Gaýly, I hem II Damdamçeşme gowaklary, Garailim gonalgasy, Uzboýuň aşak akym ugurlarynda ýerleşýän Kelkör, Aktam, I Seňrajy ýaly birnäçe gonalgalar degişlidir. Şu günlere çenli agzalan welaýatyň territoriýasyndan tapylan gadymy ýadygärliklerden dört sany

köp gatlakly gowaklar (Jebel, Gaýly, I we II Damdamçeşme) ylmy esasda öwrenildi.

Mezolit döwrüniň adamlary awlan haýwanlarynyň derisini eýlemegiň, agaçdan, süňkden, daşdan dürli görnüşli gurallary hem-de ýalpyldawuk balykgulaklardan bezegleri-asma şelpeleri ýasamagyň hötdesinden ussatlyk bilen gelipdirler. Bu zamanda geometrik şekilli oňat işlenip bejerilen mikrolitrler (grekçe mikro gurallary) peýda bolupdyr. Mezolit gowagyň aşaky gatlagyndan tapylan kiçijik gözli iňňelerde guradylan damardan taýýarlanan sapaklar bilen derinden geýim tikipdirler.

Giçki mezolit döwründe Günbatar Türkmenistanda ýaşan adamlar haýwanlary eldekileşdiriip başlapdyrlar. II Damdamçeşmeden tapylan geçininiň, goýnuň süňk galyndylary şol döwürde ownuk şahsy mallary köpetmäge esaslanan maldarçylyga geçiş ýagdaýynyň başlanandygyndan habar berýär. Bu bolsa awçylyga, balykçylyga, ýygnaýjylyga daýanýan hojalygyň ykdysadyýetinde täze öndürijilikli pudagyň elementleriniň ýüze çykyp başlandygyny aňladýar.

**Neolit we eneolit zamanalarynda ilatyň medeni durmuşy.** Neolit eýýamynda Günorta Türkmenistanyň dag etek zolagynda ekarançylaryň medinýeti ýaýran bolsa, Günbatar we Demirgazyk Türkmenistanda ýygnaýjylaryň; balykçylaryň, maldarlaryň özboluşly medeniýeti dowam edipdir.

Hazaryň ýakasyndaky Gubaseňir burnunyň gaýaly belentleginiň düýbünden irki neolit döwrüne degişli monjuk ýasalýan ussahansy tapylyp, ondaky balykgulakdan ýasalan monjuklaryň köpüsi birmeňzeşräk, ýagny süýrüräk we ýokary ujy aşaky ujundan çowlurak bolupdyr. Monjuklaryň ýokary ujunda deşik hem goýlupdyr. Gubaseňir balykgulak monjuklaryna meňzeş bezeg şaýlarynyň Jebel, II Damdamçeşme gowaklaryndan, Jeýtundepäniň golaýynda, Uzboýuň kenarlarynda we Sarygamyş kölüniň töwereklerinde ýerleşýän neolit zamanynyň duralgalaryndan, ýagny Günorta hem-de Demirgazyk Türkmenistandan tapylmagy şol döwürde

ýaşan taýpalaryň arasynda urug jemagatynyň çäklerinden çykýan giň aragatnaşygyň bolandygyna güwä geçýär. Gaýly gowagyň golaýyndan mundan öňki takmynan 9-8 müňýyllyga degişli gadymy mazarlygyň üsti açyldy. Tapyndylar şol döwrüň adamlarynyň ruhy medeniýetini öwrenmäge şert döredýär. Neolit döwrüniň adamlary öz merhumlarynyň kellesini demirgazyk-günbatar tarapa gyzyl boýagyň (ohranyň) yzlary saklanyp galypdyr. Diýmek, adamlar öz ölülerini jaýlamazyndan öňürti, olaryň üstüne ohra sepipdirler. Şu däbi ýerine ýetirmek bilen olar ohranyň adatdan daşary güýjüne— “başga dünýäde” merhumy “janlandyryp” biljegine ynanan bolsalar gerek. İň gadymy adamlar ganyň janly-jandaryň ýaşaýşynda möhüm orun oýnanlygyna akyl ýetirip bilipdirler. Belkem, olar ganyň gudraty onuň reňkiniň gyzyl bolmagynda diýip düşünen bolmaklary hem mümkin.

Kelteminar medeniýetine degişli ilat köp halatda suwa golaý ýerde wagtlaýyn düşelgelerde ýaşapdyrlar. Uzboýuň ýokary we orta akymlarynda ýerleşýän Kelteminar medeniýetiniň düşelgeleriniň käbiri biri-birinden 300-400 m. uzaklykda ýerleşipdir. Megerem, şeýle düşelgeleriň adamlary bir urugy döredendir. Şeýlelikde, olaryň düşelgeler toplumy köp gektar ýeri eýeläpdir. Umumy meýdany 1,5—3 ga barabar bolan 1 Gäwür we 1 Hatyn (Sarygamyş töweregi) düşelgeleri onuň subutnamasydyr.

Biziň eýýamyzdan öňki VII müňýyllyk bilen VI müňýyllygyň sepdiginde Türkmenistanyň günortasyndaky dag etek zolagynda awçylyk we ýabany ösýän däneli ösümlikleri ýygnamak bilen meşgul bolan taýpalaryň hojalyk durmuşynda düýpli üýtgeşmeler ýüze çykyp ugrapdyr. Şol döwürlerde Köpetdag eteklerinde ýaşanlar awçylyk we iýmit ýygnaýjylyk pişelerini taşlap ýuwaş-ýuwaşdan oturymlylyga geçip, ekerançylyk hem maldarçylyk bilen meşgullanyp başlapdyrlar. Şeýlelikde, olar Ýakyn Gündogaryň iň gadymy ekerançylyk medeniýetleriniň biri bolan Jeýtun medeniýetini döredipdirler.

“Jeýtun medeniýeti” diýen at bilen taryha giren ýer gözel paýtagtymyz Aşgabatdan 25-30 kilometr demirgazykda ýerleşen gadymy ýaşaýyş duralgasydyr. Ol ýaşaýyş ýeriniň hakyky ady Çakmakly depe bolup, ol ýerde arheologiýa gazuw—agtaryş işlerini geçiren alyma “Çakmaklydepeden” birneme uzaklykda ýerleşen ýeriň Jeýtun ady ýaransoň ol ýere şertli “Jeýtun medeniýeti” diýip at goýupdyr. Şol gadymy ýaşaýyş mekanynda galan harabalaryň üstündäki gum depelerinden adamlar XIX-XX asyrlara çenli çakmak daşyny tapar ekenler. Şonuň üçin ozal ady näbelli depä, ol töwerekde ýaşaýan adamlar “Çakmaklydepe” diýip at beripdirler.

“Çakmak” sözi Mahmyt Kaşgarlynyň sözlüginde ýazylmagyna görä, gadymy oguz sözi bolup, ol ot ýakmak üçin çakyşdyrylýan daşyň (daşlaryň) adydyr.

“Çakmaklydepedäki” ýaşaýyş neolit döwrüne (täze daş asyry, biziň eramyzdan öňki VII—V müňýyllygyň ortalary) degişlidir.

XX asyryň birinji ýarymynda ol ýerde gazuw—agtaryş işleri geçiren alym “Çakmaklydepeden” bugdaý, arpa dänelerini, daşdan we süňkden ýasalan gurallary, bişirilen toýun önümlerini, toýun heýkeljiklerini tapypdyr.

Uly ähmiýetli bu durmuş-ykdysady waka Ýakyn Gündogaryň birnäçe ýerinde-häzirki Müsüriň, Eýranyň, Demirgazyk Yragyň, Siriýanyň ýerlerinde ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanan urug jemagatlarynyň dörän döwrüne gabat gelýär.

Ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanmak jeýtunlylaryň esasy käri bolupdyr. Ony ol ýerden 533 sany çakmakdaşdan ýasalan oragyň, gysdyrma tyglarynyň, öý geçisiniň, eldekileşdirilen itiň, ýabany goýnuň, keýigiň, ýekegapanyň süňk galyndylarynyň tapylmagy, ýaşaýyş jaýlarynyň suwaglarynda arpadyr bugdaý dänesiniň yzlarynyň saklanyp galmagy hem tassyklaýar.

Jeýtun medeniýeti üç ýerde ýerleşýär. Günbatar topar ýadygärlikleri Bamy, Giýewjik, Kelete. Bu ýadygärlikler Serdar bilen Gökdepe aralygynda ýerleşýär. Ýadygärlikleriň merkezi toparyna Jeýtun, Täze Nusaý, Çopandepe, Togalakdepe, Pessejikdepe degişlidir. Soňky üç ýadygärlik Gökdepe etrebynda ýerleşýär. Gündogaryndaky ýagygärliklere Kaka etrabynyň Mäne we Çäçe obalarynyň arasyndakylar: Monjuklydepe, Çagyllydepe we Gadymydepe degişli bolup, olarda berk pagsadan salnan öýler bolup, düşekleri hekli palçyk bilen suwalan, diwarlary gyzyl ýa-da gara reňk bilen reňklenipdir. Jeýtun medeniýetiniň ýadygärlikleriň ählisinde diýen ýaly birmeňzeş görnüşli jaýlar bolup, diňe göwrümi boýunça ýa-da otaglaryň içiniň gurluşy we bezegi bilen tapawutlanypdyrlar.

Jeýtunlylar ussat küýzegär bolupdyr. Olar toýun palçykadan düýbi ýasy gap-gaçlary, olary bişirmäni, reňklemäni, göni egri-bugry çyzyklardan ýönekeý nagyş görnüşinde bezemäni başarypdyrlar.

Ýurdumyzda eneolit döwrüne degişli ýadygärlikleriň 30-dan gowragy mälim. Olar esasan-da Günorta Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşendir. Şolaryň arasynda Tilkilidepe, Daşlydepe, Akdepe, Owadandepe, Änewdepe, Garadepe, Namazgadepe, Ýylgynlydepe, Göksüýri ýadygärlikleri we beýlekiler bar. Olaryň öwrenilmegi baryp 1904-nji ýylda amerikan alymy R.Pampelliniň ýolbaşçylygynda Änew depelerinde gazuw-barlag işleriniň geçirlmegi bilen başlanýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda biz diňe bir taryhymyzy çuňňur öwrenmäge mümkinçilik tapmak bilen çäklenmän, eýsem ekerançylyk taryhymyzy hem öwrenmäge-de doly mümkinçilik döredi. Biziň ata-babalarymyzyň bu topragy jigerine deňemesiniň sebäbini taryhy maglumatlar düşündirýärler. Ol maglumatlar ak bugdaýyň ilkinji watanynyň biziň diýarymyz—Türkmenistandygyny subut edýär, çünki bäş müň ýyl mundan ozal Änewiň düzlüginde ýetişdirilen ak bugdaýyň tohumynyň

tapylmagy, bize “Türkmenistan — ak bugdaýyň Watanydyr!” diýip, arkaýyn aýtmagymyza doly mümkinçilik berýär.

Änew babatda Beýik Galkynyşlar zamanamyzyň milli Lideri Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle nygtaýar: “Paýtagtymyz Aşgabatdan 14 kilometr günorta-gündogarda daş-töweregi üzümçilik bilen gurşalan orta asyr Änew şäheriniň harabaçylygy bar. Arheologiýa barlaglarynyň çaklamalaryna görä, “Änew” diýen söz taryhyň eneolit diýlip atlandyrylýan zamanynda, ýagny biziň eramyzdan ozalky V müňýyllygyň ikinji ýarymynda dörän bolmaly. Diýmek, biziň eýýamymyzdan III-II asyr ozal häzirki harabaçylyga öwrülen Änew şäheri täjirleriň ýük ýazdyryp, söwda edýän köpmilletli şäherleriň biri bolupdyr”.

Gadymy Änew şäheriniň harabaçylygynyň merkezinde özboluşly suw desgasy hasaplanylýan sardoba hem ýerleşýär. Bu sardobanyň üsti ýapyk. Özem, ýöne-möne ýapylman, gümmezlenip ýapylypdyr. Üsti gümmezli sardobalar örän gadymy hasaplanylýar. Tomus paslynda suw altyna barabar bolany sebäpli Türkmenistanyň günorta sebitlerinde şolar ýaly sardobalar gurlupdyr.

XIX asyryň syýahatçysy P.I.Lerh özüniň kitabynda sardoba sözüniň “sard” we “ab”, ýagny “sowuk” we “suw” diýen pars sözlerinden gelip çykandygyny tassyklaýar. Akademik G.A.Pugaçenkowa sardobalary öwrenip, olary “ýahtang” ýagny “ýahtam” diýip atlandyrypdyr. “Ýahtam” sözüni sada dile geçirenimizde “buztam” ýa-da “buz saklanylýan tam” diýen manyny berýär. Belli alym Z.G.Freýkiniň teswirlemegine görä, “kak” sözi türk dilinde “suw”, “batgalyk”, “lüýk”, “suwuň guýýan ýeri” diýen manyny berýär. Onuň aýtmagyna görä, kaka ýygnanan suwlar aý ýarym, iki aý töweregi sadyry çykman, içmäge ýaramlylygyny saklap bilýär. Ýagdaý şeýle bolansoň, adamlar uly kaklaryň diwarlaryna-töweregine bişen kerpiç örüp, ony howdana

öwürýärler. Soňra bolsa onuň üstüni gümmezläp ýapýarlar. Şeýleikde, howdan-sisternalar-sardobalar emele gelýär.

Sardobalaryň haçan, nä wagt dörändigi barada taryhy çeşmelerde anyk maglumatlar berilmese-de, gurluşynyň ýönekeýligini nazara alyp, onuň örän gadymy zamanlarda Merkezi Aziýada ýüze çykandygyny aýtmak bolar.

Meşhur akademik M.E.Masson hem şu pikiri tassyklaýar. Alym, baryp b. e. ozal VI-V asyrlarda ýaşap geçen Ahameni döwleti zamanynda hem adamlaryň suw desgalaryny, şol sanda kärizleri gurmaga başarandylaryny aýdýar. Ol gadymy Ýunan taryhçysy Polibiniň maglumatlaryna esaslanyp, Parfiýa döwleti döwründe kärizleriň bolandygyny we olardan adamlaryň peýdalanandygyny belleýär.

B.e. öňki IV-III müňýyllyklaryň sepgidinde adamlar düýäni eldekileşdiripdir. Şol döwürde-de mallary araba goşulýan güýç hökmünde ulanypdyrlar. Garadepede toýundan ýasalan tigirjikleriň tapylmagy bu barada pikir ýöretmäge esas berýär. Megerem, şol wagtlar maldarçylygyň ekerançylykdan bölünmegi başlanandyr. Şeýlelik-de, jemagatyň bir bölegi maldarçylyk, beýlekisi ekerançylyk ugruna ýöriteleşip ugrapdyr. Hojalykda ýöriteleşdirilmegiň başlanmagy jemgyýetiň ösüşinde adamlaryň hojalygynyň belli ugurlary boýunça kämilleşmegine getiripdir.

Umuman, eneolit döwri geljekki bürünç asyry wagtynda häzirki Türkmenistanyň territoriýasynda synpy jemgyýetiň we özboluşly döwlet gurluşynyň ýüze çykmagy üçin deslapky şertleri döredipdir.

## Oguzhan döwrüniň medeniýetiniň taryhy

**Altyndepäniň maddy we ruhy medeniýeti.** Türkmen topragynyň ähli ýerinde adamzat ýaşaýşynyň irki ojaklary bolupdyr. Şol ojaklarda-da binagärçilik işleriniň deslapky nusgalarynyň saklanyp galandygyny arheologlar subut etdiler. Alymlaryň bellemegine görä, biziň ata Watanymyzda binagärçiligiň başlangyjy oz gözbaşyny miladydan öňki VII—VI müňýyllyklaryň sepgidinden –Jeýtundan alyp gaýdýar.

Bu barada Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle belleýär: "Türkmenistan – Änew, Bagabat, Nusaý, Altyndepe, Abywert, Sarahs, Garagan, Täkgala, Şähri-Weýeňňam, Şähriyslam, Farawa, Maşat-Misirýan, Togalakdepe, Merwerrut, Dandanakan, Ürgenç, Was, Şähri-Bossan, Margiana, Amul, Namazgadepe, Goňurdepe ýaly dünýä ylmynyň üns merkezinde duran, özüne müňýyllyklaryň taryhyny siňdiren ýüzlerçe arhitektura we arheologiýa ýadygärliklerine, medeni-ruhy gymmatlyklara baý ülke."

Bulardan başga-da Göksüri, Garadepe, Namazga depe we Ýaňykent ýaly gadymky şäherleriň galyndylary hem bolupdyr. Bu şäherlerde eýýäm kämilleşen ýaşaýyş jaýlary, hat-da köşkler hem gurlupdyr.

Miladydan öňki 3-2-müňýyllyklarda türkmen topragynyň ähli ýerinde şäherler ösüp başlapdyr. Dehistan, Nusaý, Gürgenç, Margiana ýaly dünýä meşhur şäherleriň düýbi tutulypdyr.

B.e. öňki III müňýyllykda uly durmuş-ykdysady hem medeni özgerişlikleriň zamanasynda ülkämiziň dürli ýerlerindäki ilatyň ösüş derejesi deň däldi. Demirgazyk Türkmenistanda we Uzboýda ýaşan taýpalaryň durmuşynda Kelteminar medeniýeti dowam edipdir. Kaspi kenarlarynda neolit döwründe awçylardyr balykçylar ýaşapdyr. Günorta Türkmenistanda, Köpetdagyň etek zolagynda ýokary derejede ösen ekerançylyk kemala gelipdir. Bürünç asyrynyň irki

döwürlerinden, ýagny b.e. öňki III müň ýyllygyň ortalaryndan başlap, Günorta Türkmenistandaky oturymly ýerleriň arasynda häzirki Kaka etrabynyň Mäne obasynyň 3 km. gündogarynda Köpetdag gerişleriniň günorta-gündogar tarapynda ýerleşýän Altyndepe has-da öňe saýlanypdyr.

Ylymda Altyndepäniň taryhyny öwrenmek işi XX asyryň 30-njy ýyllarynda professor A.A.Semýonowyň ýolbaşçylygynda başlanýar. Soňra türkmenistanly arheologlar A.A.Maruşenko bilen A.F.Ganýalin (1957-63), sanktpeterburgly professor W.M.Masson (1965-83) dagynyň ýolbaşçylygyndaky ekspedisiýalar şäher harabalygyny öwrenýärler. OnuN netijesinde takmynan 50 gektarlyk meýdanda gadymy wagtlardaky ýaşaýyş yzlary aç-açan görünýär. Arheologlar çuň çukurlar gazyp, depäniň gala diwarlaryny açypdyrlar, onuň köşk gurluşygynyň örümine ýetipdirler. Medeni gatlagyň 20 metrlik galyňlygy bolupdyr. Ol müňlerçe ýyllaryň dowamynda biri-birini yzygiderli çalşyryp gelen ençeme ýaşaýyş jaý galyndylaryny saklapdyr. Bu ýerlerden tapylan Mesopotamiýa ybadathanalaryna meňzeş düýpli desgalar, Hindistandan getirilen pil süňklerini öz içine alýan hazynalar, toýundan ýasalan, elam hatyny ýada salýan syrly belgili aýal heýkeljikleri alymlara ata Watanymyzyň ýerlerinde iň gadymy siwilizasiýanyň biriniň bolandygyna tassyklamaga mümkinçilik berdi. Kiçi Aziýadan Hindistana çenli uzalyp gidýän şäher medeniýetiniň zolagyndan daşarda täze uly medeni merkeziň tapylmagy taryh ylmynda uly açyş boldy. Ol adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň umumy kanunalaýyklyklaryny ýene bir gezek tassyklap, Günorta Türkmenistanda gadymy Gündogar görnüşli şäherleşmek döwrüniň bolandygyny görkezýär.

Altyndepäniň gülläp ösen döwründe 5 müňden gowrak adam ýaşapdyr. İlatyň aglaba köpüsi boýy uzyn, syratly adamlar eken. Erkek adamlaryň boýnyň uzynlygy ortaça 180-185 sm, aýallaryňky 170 sm töweregi bolupdyr. Şol döwürde

Altyndepäniň, umuman, Günorta Türkmenistanyň ilatynyň ömri gysga bolupdyr. İlatyň ortaça ýaşy 22,6 ýyldan geçmändir diýlip çak edilýär.

Şäheriň daşyna goranyş berkitmesi-diwar çekilipdir, içinde bolsa ýaşaýyş jaýlaryndan başga-da ybadathana ýaly jemgyýetçilik ymaratlary ýerleşdirilipdir. Altyndepäniň monumental arhitekturasy uly dini toplumy bilen bellidir. Beýikligi 12 metre ýeten basgançakly minara görünşli bu desga b.e. öňki III müňýyllygyň ortalarynda bina edilipdir. B.e.öňki III-II müňýyllyklaryň sepgidinde dini toplumynyň birnäçe ýerleri üýtgedilip gurlupdyr. Bu toplumdaky arhitektura tärleri hem-de açyk gurluşygyň bütin keşbi Mesopotamiýa arhitekturasynyň belli bir täsiriniň bardygyny görkezýär. Şonuň ýaly ymaratlar gadymy Alynky Aziýa häsiýetlidir. Ol zikkurat-basgançakly minara ýa-da piramida bolup, şumerleriň düşünjesine görä, daglarda hudaýyň öýüdir.

Altyndepeden tapylan zatlaryň arasynda Hindistandaky we Päkistandaky Harappa medeniýetinde döredilen önümlere meňzeşleri kän. Şolaryň içinde pil süňklerinden ýasalan üç sany taýajyk hem bar. Olar konsentrik aýlawjyklar, kertijikler bilen nagyşlanypdyr. Ýazgyn aýlawlaryň we inedördülleriň ýüzüne iki taraplaýyn nagyşlar-da edilipdir.

Pil süňkünden ýasalan şeýle önümler Harappanyň we Mohenjo-Daronyň ýerlerinde köp duş gelýärdi. Pil süňkünden ýasalan taýajyklar, megerem, buthana hyzmatçysynyň ýa-da palçysynyň ulanýan esbabydyr. Mis we bürünç önümlerine, toýundan edilen heýkeljiklerde, monjuklarda, belli bir görnüşdäki gaplarda hindi medeniýetiniň täsiriniň yzlary äşgärdir.

Altyndepe möhürleri ýerli ussalaryň önümidir. Şeýle möhürler Günorta Türkmenistanyň başga-da köp ýerinden tapylýar. Olaryň hindi möhürlerine meňzeşligi keseki ýurtdan getirilendigini aňlatmaýar. Ylymda: “Jeýtun-Altyndepe medeniýetiniň önümleriniň ýerli ýaşaýjylar tarapyndan Alynky

Aziýa, hatda Ýewropa ýurtlaryna-da äkidilen bolmagy mümkin” diýlen pikirler hem bar.

Ajaýyp binagärlik ýadygärliklerine baý bolan “Horasan şäheriniň enesi” diýlip atlandyrylan gadymy Merw birnäçe galany özüne birleşdirýän şäher bolupdyr. Margiana gelip gören Strabon bu şäheriň daşynda 250 km ýetýän halkalaýyn diwaryň bolandygyny ýazypdyr.

Maryda gurlan köşkleriň köpüsiniň iki gatdan ybarat bolmagy, türkmen binaçylarynyň gadym döwürlerde-de ymaratlar dikeltmäge ussat bolandyklaryny aňladýar. Her köşk, her jaý özboluşly nagyşlar bilen sünnälenip bezelipdir. Göniburçly aýlawly, ýokarsy çürelip gidýän, derweze görnüşli jaýlara milli öwüşgün beripdirler. Jaýlaryň gümmezleri syrçalanan kerpiçler bilen örtülipdir. Jaýlaryň bular ýaly binaçylyk şekilleri, beýleki şäherlerde, obalarda gurlan binalar üçin hem häsýetli bolupdyr.

**Parfiýa döwletiniň maddy we ruhy medeniýeti. Ellinizmiň täsiri.** B.e. öňki VI asyryň ortalarynda Eýranyň ýerlerinde Ahemeniler döwleti döräpdir. Bu döwlet 200 ýyldan gowrak wagt dowam edipdir. Ol döwlet gadymy Gündogaryň güýçli imperiýalarynyň biri hasaplanypdyr. Ol gysga wagtyň içinde Wawilony, Siriýany, Kiçi Aziýany, Müsüri boýun egdiripdir. Dörän ilkinji ýyllarynda Günorta Türkmenistanyň dag etegi zolagynda ýerleşýän ilaty-da özüne tabyn edipdir. Döwleti esaslandyryjy Kir II uzak wagt geçmänkä, Merkezi Aziýanyň köp ýerini-Horezmi, Baktriýany, Margianany, Sogdianany hem dyza çökeripdir. Bu ýerlerde massagetler, derbikler, daýlar (dahlar) ýaşapdyrlar. Kir II uly goşuny Uzboýuň häzirki gurap galan ugry bilen akan Tünüderýadan geçip, çarwa taýpalaryň ýaşan ýerlerine aralaşypdyr. Megerem, onuň derýadan geçen ýeri Gyzylarbadyň takmynan 150 km demirgazyk-gündogar tarapynda, Uzboýuň çep kenarynda, beýik gaýalaryň üstünde ýerleşýän (igdi galanyň töweregidir). Onuň goşuny çarwa taýpalaryň hökümdary bolan Tumarly

(Tomiris) diýen aýalyň ýolbaşçylygyndaky goşun tarapyndan b.e. öňki 530-njy ýylyň tomsunda çym-pytrak edilipdir. Kir II özi bolsa öldürilipdir.

Tabyn edilen ýurtlary has netijeli edara etmek üçin territorial-administratiw dolandyryş girizilipdir. Tutuş döwlet "satraplyklar" diýlip at berlen aýry-aýry welaýtlara bölünip, olarda biri-birine gözegçilik edýän iki häkimiýet-harby hem raýat häkimiýetleri bolupdyr. Grek taryhçysy Gerodot Dariý I zamanynda döwletiň 20 satraplyga bölünendigini ýazypdyr. Onuň ýazmagyna görä, Baktriýa on ikinji, saklar bilen kaspiýler on bäşinji satraplykda ýerleşip, Ahameniler döwletiniň düzümine giripdir. Parfiýalylar, horezmliler, sogdiýalylar we ariýler birleşdirilip, ýurduň on altynjy satraplygyny döredipdirler.

Bu döwürde söwda hem medeni gatnaşyklaryň ösmegi Horezm Murgap oazisi bilen, Köpetdag etegindäki zolagy Demirgazyk Eýran bilen birleşdirýän kerwen ýollarynyň peýda bolmagy haryt önümçiliginiň, haryt gatnaşyklarynyň ösmegine, pul dolanyşygynyň döremegine, şäherleriň ulalmagyna oňaýly täsir edipdir. Ahamenileriň agalygy döwründe ýurduň merkezi şäherlerinde zikgelenen altyn (darik) hem-de kümüş (sekil) teňňeler döwletiň ähli ýerinde pul gatnaşyklarynyň esasyny düzüpdir.

Behistun (Bisütin) ýazgylarynda Parfiýadaky iki sany şäheriň-Wişpauzatişiň hem-de Patigrabanyň ady agzalýar. Bularyň birinjisiniň nirede ýerleşendigi entege çenli anyklananok, ikinjisi Kaka etrabynyň ýerlerindäki Gowşut stansiýasynyň golaýynda ýerleşýän, 17 ga meýdany we goranyş diwarlary bolan Ýelkendepäniň harabalygy diýlip kesgitlendi. Ol hakykatdan-da, b.e. öňki VI-IV asyrlarda gür ilatly uly merkezleriň biri bolupdyr.

Ahemeniler döwletiniň synmagyna Aleksandr Makedonskiniň Merkezi Aziýa çozuşy sebäp bolýar. Grekler Margianada berikdilen şäher gurup, oňa "Margiana

Aleksandriýasy” diýip at goýupdyrlar. Şäheriň daş-töwereginde birnäçe gözegçi gala-diňleri dikeldipdirler. Alymlaryň bellemegine görä şol döwürde grek-makedon goşunlary üçin diýseň amatly duralga hökmünde hyzmat eden Erkgala bolamagy gaty ähtimaldyr.

Günorta Türkmenistanyň ýerleri gadymyýetiň kuwwatly döwletleriniň biri bolan Parfiýa patyşalygynyň dörän ýeri hasaplanýar. “Garaşsyzlyk zamanamyzda taryhymyzy, şol sanda Nusaýy öwrenmekde hem täze döwür başlandy. Biz bu işe döwlet derejesinde uly ähmiýet berýäris. Geljekde hem Türkmenistanyň beýleki arhitektura-arheologiki ýadygärlikleri bilen bir hatarda, Nusaý jahankeşdeleriň, ylmy jemgyýetçiligiň üns merkezinde bolar. Dünýä binagärçiliginiň ajaýyp mirasyny özünde jemleýän Täze we Köne Nusaý galalary häzir hem öňküleri ýaly her bir myhmany gujak açyk garşylaýar, öz syrly täsinlikleri hakda gürrüň berýär. Köne Nusaýyň inedördül otagyndaky we tegelek binasyndaky ýerli binagärçilik däpleri ençeme wagtdan bäri sungaty öwrenijileriň, syýahatçylaryň aklyny haýran edýär” diýip, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow jaýdar belleýär.

Beýik Galkynyşlar zamanamyzda, ha takygy 2007-nji ýylda Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşulan Gadymy Nusaýa bagyşlanyp geçirilen halkara ylmy maslahatyna gatnaşyjylara gutlag sözünde Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle belleýär: “Türkmenistanyň iň gadymy ýadygärlikleriniň biri bolan Nusaý ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşulyp, onuň dünýä siwilizasiýasynyň gadymy ojagydygyny, dünýä medenýetiniň aýrylmaz bölegidigini doly ykrar edildi.

Nusaýdan tapylan, şirmaýydan haşamlanyp ýasalan bulgurlar, heýkeller, parfiýa şalarynyň şekilleri, şa aýal Rodogunanyň daşa siňen merdemsi keşbi, altyn teňneler, şa zikgeleri, ösen nakgaşlyk öz döwründe parfiýa-nusaý medenýetiniň örän ösendiginden, dünýäni haýrana

goýandygyndan habar berýär. Bu babatda, dürli döwürlerde görnükli arheolog alymlar gazuw-agtaryş islerini geçirip, öz ylmy-barlaglarynyň netijelerini dünýä ýaýdy. Nusaýdan tapylan gymmatly tapyndylar dünýä medenýetiniň ösüşinde Parfiýa şalygyna ägirt uly ornuň degişlidigini subut etdi.

Gadymy Parfiýa şadöwletiniň paýtagty Nusaý geçmişde Gündogaryň we Günbataryň medeni ösüşini birleşdiriji bolup, maddy we medeni-ruhy gymmatlyklaryň alyş-çalyş edilmeginde uly ýardam beripdir. Parfiýa-nusaý medenýeti Günbatarda grek-rim we wizantiýa medenýetiniň, Gündogarda sasanylar medenýetiniň ösmegine täsirini ýetiripdir. Merkezi Aziya, Grek-Makedon, Mesopatamiýa we Eýran medenýetleriniň özara baýlaşmagy, kämilleşmegi, hut, şu gadymy Parfiýa şadöwletiniň çäklerinde bolup geçipdir.

Gadymy Parfiýada amaly-haşam, teatr sungaty örän ösüpdir. Parfiýalylaryň hat-da öz elipbiýi hem bolupdyr. Olar hojalyk resmi namalaryny hut öz elipbiýinde ýöredipdir.”

Parfiýa patyşalygynyň ilatynyň hojalygy köp pudakly bolupdyr. İlat ekerançylyk, madarçylyk, hünärmentçilik, söwda, awçylyk we hojalygyň beýleki pudaklary bilen meşgullanypdyr. Gözbaşyny Owganystandyr Eýran ýaly goňşy ýurtlardaky daglardan, Köpetdagdan alyp gaýdýan derýalar, suw çeşmeleri, dag etegindäki kärizler, umuman, Günorta-Gündogar Türkmenistanyň howa şertleri parfiýalylara ekerançylyk bilen meşgullanmaga amatly bolupdyr. Ekinler suwarymly we düme usullarynda alnyp barlypdyr.

Ýazuw çeşmelerindäki maglumatlara görä, parfiýalylarda haly dokamak we deri eýlemek hem giňden ýaýrapdyr. Parfiýa halylary Rimde hem belli eken. Megerem, häzirki zaman türkmen halylary gözbaşynyň bir ugruny şol halylardan alyp gaýdýandyr.

Parfiýalylaryň hojalygynda hünärmentçilik we söwda uly orun tutupdyr. Küýzegärçilik, toýundan, gap-çanak, hatda nepis sungat önümlerini ýasamak ösüpdir.

Külalçylyk senedi türkmeniň gadymy medenýetinde-de gülläp ösendir. Külalçylyk–küýzegärçilik senedi irki döwürlerde biziň ata Watanymyzyň günortasyndaky şäherlerde has giňden ýaýrapdyr. Dehistanda, Şährislamda, Nusaýda, Merwde, Sarahsda we beýleki ýerlerde palçykdan kürelerde bişirilip, gap-gaç ýasamak meşhur hünärleriň biri bolupdyr. Şol gap-gaçlar biziň ata-babalarymyzyň gündelik durmuşyny, ýaşaýyşyny beýan edýän her dürli şekiller we nagyşlar bilen bezelipdir.

Parfiýa döwründe Täze Nusaý gönüburçly diňleri bolan, iri çig kerpiçden, ýerli medeniýete mahsus, gadymy monumental arhitektura däpleri esasynda gurlan, galyň diwarly şäher eken. Şol döwürde 15 ga meýdany tutýan Köne Nusaýyň 43 sany diňli galyň diwary bolupdyr. Onuň arasynda ençeme otagly, dabara-toý zallary, ybadathanalary, gulluk otaglary bolan uly köşk bolupdyr.

Parfiýa döwrüniň iri şäherleriniň biri gadymy Merwdir. Onuň Erkgalasynda we Gäwürgalasynda uly galanyň gurluşyk işleri alnyp barlypdyr. Geçirilen gazuw-agtaryş işleri netijesinde Erkgalanyň diwarlary we gorag jaýlary ajaýyp berkitmä öwrülipdir.

Parfiýa ritonlary takmynan b.e. öňki II asyra degişli diýlip hasaplanýar.

Parfiýa döwletiniň medeniýetiniň möhüm wakalaryndan biri hem hat-ýazuwyň ýüze çykmagydyr. Gynansak-da, şol hat elipbiý bitewiligine bize gelip ýetmändir. Onuň nusgalary ilkinji gezek 1948-nji ýylda Täze Nusaýyň içki galasynyň günorta böleginde ýerleşen, hökümdaryň köşgi hasaplanan otagyň diwarynyň teýinden tapyldy. Soňra şonuň ýaly ýazgyly küýze döwükleri (ostrakonlar) Köne Nusaý galasynyň demirgazygyndaky arhitektura toplumyndan hem ýüze çykaryldy.

B.e. öňki II-I asyrlara degişli şeýle resminamalaryň umumy sany 2,5 müň çemesidir. Edebiyatda bu hatlara “Nusaý arhiwi”

ýa-da “Nusaý hazynalary” hem diýilýär. Gadymy Parfiýa haty arameý hatynyň bir görnüşi bolupdyr. Ol hat, megerem, Mitridat I döwründe jüze çykandyr. Hat gara syýa bilen küýze döwükleriniň ýüzüne ýazylypdyr. Nusaý resminamalarynyň dili ýerli parfiýan dialektleriniň birine degişli bolupdyr. Resminamalaryň aglabasynda döwletiň peýdasyna üzümçilikden alnan salgytlar barasynda gürrüň edilýär. Soňra hasapçylaryň atlary-da görkezilipdir. Soňky ýyllarda Nusaýdan uny we gallany saklamak bilen bagly resminamalar hem tapyldy.

Ata-babalarymyzyň durmuşynda zergärçilik miladydan öňki III-II müňýyllyklarda hakyky sungat derejesinde ýüze çykyp, ösüp başlapdyr. Ýöne zergärçiligiň ilkinji alamatlary has gadymy döwürlerde, ýagny ilkidurmuş adamlarynyň awçulyk bilen meşgul bolan zamanlarynda döräpdir. Arheologiki işleriň netijesinde ata Watanymyzyň irki adamlarynyň gonalgalary bolan Jebel, Damdamçeşme düşelgelerinden iň ýönekeýje bezeg daşlary tapyldy. Jeýtunda ýaşan adamlar balykgulaklary aýal gyzlaryň bezeg şaýlary hökmünde ulanypdyrlar.

Parfiýa döwletiniň paýtagty Nusaýda aýal-gyzlar üçin gymmat bahaly daşlardan monjuk, aşyk, ýüzük ýaly zatlary ýasamaklyk has-da ýörgünli bolupdyr. Şol ýerden tapylan ýüzükleriň gaşynda möhür şekili bolupdyr. Munuň özi zergärçiligiň bu ýerde ýokary derejede ösendigine şaýatlyk edýär. Baýramalynyň ýakynyndaky harabalykdan tapylan bir müňden gowrak monjuklaryň we haýwanlaryň şekili çekilen möhürleriň miladydan öňki VI-V asyrlara degişlidigini alymlar kesgitlediler.

Parfiýa döwletinde Mitridat I döwründen başlap, milli pul çykarylyp başlapdyr. Ol pul esasan kümüşden zikgelenipdir. Pul birligine “drahma” diýipdirler. Puldaky hatlar irki döwürde grek-makedon ýazuwynda, soňra bolsa Parfiýa hatynda ýazylypdyr.

Zoroastraçylyk dinini esaslandyryjy Zoroastranyň (Zaratuştranyň) ady bilen baglydyr. Zaratuştra taryhy şahs bolup, alymlaryň köpüsiniň pikirine görä, ol b.e. öňki VII asyrda, beýleki birnäçesiniň hasabyna görä, ondanam has irki döwürde ýaşapdyr. Kakasyna Puruşaspa (“menekli aty eýeleýji”) ejesine Dugdawa (“sygyr sagyjy”) diýipdirler. Onuň öz ady hem “düýe sürüji” diýen manyny aňladypdyr. Zaratuştranyň esasy mekany Margiana hasaplanýar. Onuň taglymatynyň özeni hakykat bilen ýalan sözlemegiň, ýagşylyk bilen erbetligiň, haýyr bilen şeriň, ýagtylyk bilen garaňkylygyň arasyndaky göreşdir. Zoroastraçylyk taglymaty keramatly “Awesta” kitabynda beýan edilipdir.

Alymlaryň aglabasy Zaratustrayň takmynan biziň eýýamymyzdan öňki I müňýyllygyň ortalarynda ýaşap geçendigi we hakyky şahs bolandygy baradaky pikiri öňe sürýärler. Onuň sadaja daýhan ady terjime edileninde “garry düýesi bolan adam” diýen manyny berýär. Ol Merwde doglup, öz kärine juda ir ussat ruhany bolyp ýetişipdir, pukara we göze ilmeýän adam bolupdyr, aýaly iki sany hem gyzy bar eken. Zaratuştra köp wagtlap adamyň bu dünýäde tükeniksiz hysyrdy bilen ýaşamagynyň sebäbini gözläpdir. Ol bu sowala degerli jodap tapjak bolup jan edipdir. Ahyrsoňy hem 30 ýaşanynda şol sowalyna jogap tapypdyr. Bahar baýramçylygynyň ir säheri Murgap derýasyna suw almaga gideninde, onuň derýanyň kenarynda ýalkym saçýan bir zada gözi düşüpdir, şol zat hem ruhanyny Ahura-Mazda we beýleki nur saçýan bäş Hudaýyň huzuryna alyp gelipdir.

Asman–zemini ynsan ählini döreden biribara ýeketäk hudaýa ynanmagy ündän pygamber başda şowsuzragam bolsa soňra köp sanly şägirt toplap öz taglymatyny esaslandyrypdyr we ony yhlas bilen wagyz edipdir ahyrsoňy hem Kawi-Wiştapsy patyşanyň howandarlygyna mynasyp bolupdyr. Patyşanyň aýaly, kowum-garyndaşlary, köşk hyzmatkärleri täze dini ilkinji bolup kabul edipdirler we onuň ýaýramagyna

ýardam edipdirler. Zaratuştra 77 ýaşynda dünýäden ötüpdir. Ol namaz okap durka täze diniň duşmany päliýaman ruhany onuň kebzesinden hanjar urupdyr. Zaratuştranyň pygamberlik niýeti pajygaly tamamlanan hem bolsa onuň taglymaty diniň soňraky ösüşine uly täsir edipdir.

Gadymy grekler onuň Zaratuştra adyny “Zoroastr” diyip üýtgedipdirler we ol “astron” (ýyldyz) diýen manyny aňladyp ugrapdyr. Zaratuştra zoroastrizm dininiň düýbüni tutan hasaplanýar. Zoroastrizmiň mukaddes kitabynyň iň gadymy bölümi, wagyz-nesihaty goşgy arkaly beýan edýän gaty ýazan şol diýlip çaklanylýar.

Parfiýa patyşalygynyň ýerlerinde birnäçe zoroastraçylyk ybadathanasy salnypdyr. Zoroastraçylyk kalendary-da ulanylypdyr.

Öz döwründe Parfiýa patyşalygynda saz sungaty hem ösüpdir, çünki aýdym-saz tutuş asyrlaryň dowamynda halkymyzyň mukaddes umydynyň hökmürowan syrdaşy bolup gelýär.

Aýdylyşyna görä, Aleksandr Makedonskiý Orta Aziýa eden ýörişleri döwründe, öz ýörişlerini dabaralandyrar ýaly saz tapmak üçin, saz baryny diňläpdir. Şonda bir üýtgeşik saz onuň gulagyna ýarapmyş, göwnüne jüňk bolupmyş. Şol sazy-da ol özleriniň dabaraly ýöreişinde çaldyrýan eken. Alymlaryň bellemegine görä, ol saz “Nar agajy” diýen türkmen halk sazy bolmaly. Bu türkmen sazyna dünýäde muşdaklar örän köpdür. Görnükli rus kompozitory Glinka hem “Nar agajy” sazyny meşhur “Ruslan we Lýudmila” eserine bijebaş edip alypdyr.

Hormatly Prezidentimiz ABŞ-nyň Kolumbiýa uniwersitetinde eden çykyşynda Rim legionerleriniň çozuşlaryndan, Çingiz hanyň ganhorçylykly ýörişlerinden we beýleki birnäçe uruşlardan başga-da dürli döwletler bilen gadymy ykdysady hyzmatdaşlygyň bolandygyny nygtady. Ýurdumyzyň ykdysady, medeni taýdan has ösmegine şol

döwürlerde binýat edilen Beýik ýupek ýolunyň ähmiýeti barada Hormatly Prezidentimiz şeýle belleýär:

“Beýik Ýüpek ýoly Nusaý, Merw, Dehistan, Köneürgenç, Amul ýaly şäherlerimizi dürli halklaryñ medeniýetleriniñ özara baýlaşmagynda, kämilleşmeginde, maddy we medeni-ruhy gymmatlyklaryñ alyş-çalyş edilmeginde uly ýardam beren, döwrüniñ gülläp ösen uly ylmy we medeni merkezlerine öwrülipdir”.

Beýik Galkynyşlar eýýamynda, ýagny 2009-njy ýylda ýurdumyzyň we daşary ýurtly bilermenleriň Aşgabatda geçiren iş duşuşygy ÝUNESKO bilen Türkmenistanyň arasyndaky işjeň gatnaşyklaryň dowamy boldy. Bu duşuşyk Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň işleri baradaky Milli topary hem-de Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň Ýadygärlikleri goramak, öwrenmek we dikeltmek baradaky milli müdirligi tarapyndan guraldy. Beýik Britaniýadan, Gazagystandan we Ýaponiýadan gelen myhmanlar özleriniň türkmen kärdeşleri bilen „Beýik Ýüpek ýoly“ umumy atly halkara toplumlaýyn nominasiýa girizmek üçin seçilip alnan türkmen ýadygärlikleriniň resminamalaryny taýýarlamak meselelerini ara alyp maslahatdaşdylar. Öň belleýşimiz ýaly, Aziýa sebitiniň tejribesinde ilkinji gezek Bütindünýä mirasynyň sanawyna bir desgany däl-de, köp asyrlaryň dowamynda, baryp XVI asyra çenli, Günbatar bilen Gündogary baglanyşdyrýan gadymy kerwen ýollarynyň ugrunda ýerleşen taryhy ýadygärlikleriň we özboluşly ýerleriň uly toparyny girizmek teklip edildi. Şol döwürlerde Ýewropadan Hindistana we Hytaýa deňiz ýollarynyň açylmagy, gury ýerden geçýän ýollaryň unudylmagyna getirdi. Şondan bäri Beýik ýüpek taryhyň gatlaryna siňip gitdi, ýöne häzir bu düşünje hakyky taryhy-medeni täsinlik hökmünde kabul edilýär. Ine, şonuň üçin hem gadymy döwürlerde we orta asyrlarda öz çäginden esasy kerwen ýollary geçýän döwletleriň altysy Ýüpek Ýoluny ÝUNESKO-nyň howandarlygyndaky

Bütindünýä mirasyň bir bölegi hökmünde ykrar etmek baradaky meseläni orta atdylar.Ýaponiýanyň, Günorta Koreýanyň, Mongoliýanyň, Eýranyň,Türkiýäniň we Italiýanyň ygtyýarly wekilleri hem Hytaýyň, Gazagystanyň, Gyrgyztanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň hünärmenleriniň başlangyjyna goşulmak meýliniň bardygyny beýan etdiler.

Ýüpek ýolunyň türkmen böleginde täsin harabalyklaryň we aýry-aýry desgalaryň 29-sy hasaba alyndy. Olaryň arasynda Gadymy Dehistan (Maşat-Missirian), Durun, Änew, Abiwerd, Kaka, Sarahs, Daşrabat (Daňdanakan), Göbeklidepe, Uly Kişman, Amul, Izmykşir, Şasenem galalary, Akjagala, Ödemergen gala, Daýahatyn kerwensaraýlary we beýlekileri bar.

Häzirki wagtda bu desgalaryň ählisi boýunça maglumatlary ýygnamak dowam etdirilýär, ýadygärlikleriň ýagdaýyny seljermek we baha bermek,olaryň töwereginde gorag zolaklaryny kesgitlemek boýunça işler alnyp barylýar, ýadygärlikleriň ylmy we jemgyýetçilik potensialyny doly açmak mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşylýar. ÝUNESKO-nyň bilermenleri ýerlerde döwlet taryhy-medeni goraghanalaryň we arheologik ekspedisiýalaryň netijesi bilen tanyşmak üçin sanalyp geçilen desgalaryň käbirine baryp görüp, gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde ýüze çykarylan ýadygärlikleri gorap saklamak baradaky çärelere aýratyn üns berdiler. Olar şeýle hem Aşgabadyň iri muzeýlerine baryp gördüler. Şol muzeýlerde türkmen halkynyň maddy medeniýetiniň bahasyna ýetip bolmajak nusgalary jemlenendir.

## Gorkut-Ata döwrüniň medeniýetiniň taryhy

**Araplar gelmezinden öň Türkmenistanyň ilatynyň medeniýeti.** “Gorkut atanyň kitabyny” okan her bir adam onda

örän sagdyn aňly, giň gözýetimli, akyl-paýhasly, baý, agzybir, edermen oguz begleriniň ýaşaýyş keşplerini görýär. Türkmen halkynyň kitaba goýýan hormaty barada Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle belleýär: “Biziň bilime, ylyma aýratyn hormat goýýan sowatly halkymyz bar. Türkmenler Oguz han döwründen bäri kitaby iň ýokary ruhy gymmatlyk, mukaddeslik saýypdyr.”

“Gorkut atanyň kitabyndan” bolsa şol oguzlaryň nähili beýik edebiýatynyň, toý-baýrama görk berýän sungatynyň bardygyna-da göz ýetirýär. Şeýle sagdyn durmuşy, sagdyn edebiýaty, giň gözýetimi bolan halk gadym-gadym zamanlardan galan dar çygyrly, ýowuz däp-dessurly otparazlar dinine sygynmaýar. Çünki otparazlar dininiň aňyrsynda Mazdak, Man ýaly lagnata galan pygamberler hem ýatyr. Mazdagyň hem Manyň otparazlyk dinini üýtgedip, emläk, baýlyk, hatda aýal-gyzlary hem ortalyk etjek bolandygy taryhy maglumatlardan bellidir. Olaryň ýoly türkmeniň ýoluna gabat gelmeýär.

VI-VII asyrlarda şol bir däp-dessury bilen doňup galan zoroastrizm başga dinleriň bäsdeşligine sezewar bolýar, hususan-da, hristiançylyk, ylaýta hem, hristiançylygyň dürli “ýeretik” mezhepleri onuň bilen üstünlikli bäsdeşlik edip ugraýarlar. Merwde 420-nji ýylda nestorian ýepiskopiýasy mitropoliýa öwrülýär, bu mitropoliýanyň tabynlygynda bolsa ençeme hristian obşinalary bolupdyr.

VI asyryň ortasynda eftalylaryň bir bölegi hristian dinini kabul edipdir. Merwiň özünde, Majan kanalynyň aýagynda, Ba-i Baban diýen ýerde Merw metropolitiniň uly bagy bolupdyr. Onuň içinde ýepiskop ýygnaklary üçin depesi gümmezli jaý bar eken. Öldürilen İýezdegerdiň jesedini hem 651-nji ýylda şol ýere geçiripdirler, ony şol jaýyň içinde jaýlap, agzyny mumlapdyrlar.

Biziň eýýamymyzyň VII asyrynda Türkmenistan emeli suwaryş esasynda ösýän ýokary derejedäki ekerançylykly ýurt

bolupdyr. Günorta Türkmenistanda suw degirmenleri giň ýaýrap ugrapdyr, munuň özi bolsa şol zaman üçin tehnikanyň ep-esli derejede ösendigini aňladýar, adamyň gol güýjüniň deregine batly ýeňýän güýji ulanypdyrlar.

Suw degirmenleriniň Murgapda we Kasipiniň ýakasynda gür bolandyklary hakynda maglumatlar bar. Suw degirmenlerini beýleki suwlaryň boýunda hem gurandyklary şübhesizdir. Olary ýasamak üçin ýörite gural-esbaplaryň bolmagyny talap edýän degirmen daşlarynyň öndürülişi özleşdirilipdir. Olary daş bejeriji ussalar ýasapdyrlar. Bu maglumatlar şol döwürdäki Günorta Türkmenistanyň hojalygynda däne ekinleriň möhüm orun oýnandygyny we köp mukdarda däne önümleri bilen söwda edilendigini tassyklamaga doly mümkinçilik berýär.

Murgap oazisinde şol wagt eýýäm ýüpekçiligiň ep-esli merkezi emele gelipdir. Hut şu oazisden ýüpekçiligiň soň-soňlar hem Kaspiniň ýakasyndaky ülkelere we Eýranyň beýleki sebitlerine geçirilendigi barada ýazylan maglumatlar bar.

Öndüriji güýçleriň we haryt öndürilişiniň artmagy söwdanyň ýaýbanlanmagyna ýardam edipdir. Söwda edilýän zatlaryň arasynda oba hojalyk önümleriniň, dowarlaryň, ýüpek we kendir matalaryň bolandygyny edebi çeşmeler habar berýär.

Türkmenistanyň ýerlerinde VI-VII asyrlarda arhitekturanyň we şekillendiriş sungatlarynyň ösendigi hakyndaky maglumatlar belli bir derejede köpräk duş gelýär. Ekerançylyk oazisleriň zolagynda ýaşaýan ilatly ýerlerde köp sanly köşkler peýda bolup başlaýar. Ol köşkleriň töwereginde bolsa daýhanlaryň we senetçileriň uly bolmadyk obalary jemlenipdir. Şol obalaryň gurlyşy tegelek görnüşinde bolup, şolaryň ortasyndaky köşkden dürli tarapa obanyň köçeleri uzalyp gidipdir. Horezmde daýhan howlularynyň arasy biri-birinden birnäçe ýüz metrlik açyk bolup, olaryň howlularynyň töwerekleri baglar we ekin meýdanlary bilen gurşalgy

bolupdyr. Şol zamanlarda şäherler örän az bolupdyr. Şäherleriň gadymy eýýamdan galan uly galalary bolupdyr (mysal üçin, Merw). Köşkler köplenç halatda, gyrasy örän kert edilip salnan beýik palçyk sekilleriň üstünde gurulýar eken; sekilleriň üstünde duşmana elýetmez galyň we beýik diwarlar bolar eken. Daşyna diwar çekilen giňişlikde bolsa howly, gulluk jaýlary we köşk ýerleşýär eken. Gurluşyk materiallary hökmünde çig kerpiç we pahsa ulanylyp, olar hem biri-biri bilen utgaşdyrylyp ulanylýan ekenler. Käbir galalar örän uly bolup, beýlekileri gaty uly däl eken, emma olaryň hemmesi biçak agraslyk görnüşini berýän umumy arhitektura talaplaryny saklaýarlar; birinji gaty ýapgyt erňekli beýik seki görnüşinde salnypdyr we ikinji, käte hem üçünji gatlarynyň diwarlary bolsa biri-birine degip duran sütünler ("gofralar" diýlip atlandyrylýan sütünler) bilen bezelipdir. Şol sütünleriň başlary biri-birleri bilen gerişlije ýarym aýlaw görnüşinde birikdirilipdir, ondan ýokarda-diwaryň ýokary alnyndan kerpiçler örülip, ýüzüne haşam çekilen zolak uzalyp gidýär, olaryň ýokarsyndan bolsa diş-diş erňek salnypdyr. Biziň zamanymyza çenli, elbetde, haraba görnüşinde saklanan şeýle köşkleriň daşky görnüşini Marydaky Uly we Kiçi Gyz gala, Mary welaýatyndaky Nagym gala obasynyň golaýyndaky Uly we Kiçi Nagym gala, Horzemdäki Deşik gala we beýlekileriň mysallarynda göz öňüne getirmek bolar.

Bu döwürde jaýlaryň çig kerpiçden gümmez görnüşinde salnyş usullary ösýär we kämilleşýär. Bu usulyň pürs goýup tekiz örtüş usulyndan has giň ulanylmagynyň sebäbi gymmat baha agajy tygşytlamak bolanlygydyr. Gümmez usulynyň artykmaçlygy ony agaç söýeglerini ulanmazdan hem salyp bolýanlygydyr.

Durmuşlarynda entek uly maşgalaly patriarhal gurama güýçli bolan daýhanlaryň we senetçileriň jaýlarynyň köp otagly bolmagy, örän tygşytly ýerleşdirilişi häsiýetlidir. Mary oazisindäki VI-VII asyrlaryň gadymy şäherleri bolan Gara

depedäki, Munon depedäki, Torgaý depedäki we beýlekilerdäki jaýlar hut şeýledir; olar gönüburçly salnypdyr, töweregi jaýlar bilen gurşalan bir ýa-da iki sany içki howlujyklary hem bolupdyr, şol howlujyklaryň töwereginde jaýlaryň arhitektura taýdan göni we dogry ýerleşdirilendigi mese-mälim görünýär. Bu jaýlaryň materiallary we konstruksiýalary edil köşklerdäki ýalydyr, ýöne diwarlary beýle galyň däl, otaglaryň umumy sany bolsa köşklerdäkiden ep-esli derejede az.

Gadymy zamanyň arhitekturasy bilen miraslaýyn baglanyşyk şol zamanda dini binaçylykda hemme ýerdäkisinden köp saklanypdyr, çüňki dini binaçylyk hemişe has konserwatiw bolupdyr. Zoroastrizm sasanylar wagtynda hem döwlet dini bolup galypdyr. Uly ilatly punktlara ullakan ataş ybadathanalary bolupdyr, ilatly punktlaryň kiçilerinde-kiçiräk öwlüýäler bolupdyr. Merw şäherinden iki farsah (12 km) uzaklykda, aýratyn bir bagyň içinde “gümmezli jaý” ybadathananyň jaýy-bina edilipdir.

İrki arap ýazyjylary Marynyň iň bir selçeň duş gelýän öwlüýäleriniň biri bolan Keý-Marzuban diýlip atlandyrylýan öwlüýäsi hakyndaky maglumatlary bize ýetipdir. Onuň dört tarapynyň her birinde adam boýy beýiklikde agaçdan ýasalan adam şekilleri bolupdyr, olaryň hem ikisi erkek adamyň we ikisi aýal şekilli bolupdyr; içinde bolsa birhili syrly şekiller bolup, olar altyn bilen bol bezelipdir.

Şol zamanyň köpçülikleýin halk ygtykatlary bişirilen toýundan ýasalan ownuk skulpturalarda şöhlelendirilipdir. Şeýle skulpturalaryň entek Merwiň çäklerinde we Amyderýanyň ýakalaryndaky ülkelerde ýaýrandygy takyklandy. Gadymy Margiananyň, Anahitanyň we Horezmiň “Ene hudaýynyň” obrazlarynyň ýitip gidendikleriniň we olaryň ornuny beglik edýän gatlak bolan barly daýhanlaryň tutýandygyny bellemek gerek.

Serdilýän zamanamyzyň keramikasy hem, munuň öň ýanyndaky eýýamyň keramikasy bilen deňeşdireninde, göze

ilip duran irimçiligi bilen häsiýetlendirilýär. Gaplar tagaşyksyz, galyň, daş görnüşi boýunça gelşiksiz ýasalypdyr. Nagyşlary çylşyrymly däl, olar ýörite daraklar bilen çekilipdir, ýagny gaplar aýlananda şol daraklar arkaly tolkun şekilli ýa-da göni çyzyklar çekilipdir.

VIII-IX asyrlarda küýzegärçilik önümlerini ýasamak sungaty has kämilleşdirilipdir. Misserian, Şähriyslam, Durun, Nusaý, Abuwert şäherlerini 30-40-litirlik uly göwrümli humlar, galla saklanýan syrçaly humlar, beýleki azyk önümlerini saklamak üçin golçalar, kersenler, suw küýzeleri ýasalypdyr. Gap-gaçlary owadan syrçalar bilen bezäp, araplaryň has irki “Kufi” hatyndaky ýazgylar ýazypdyrlar. Ýazgylar “Bereketli bolsun!”, “Şu gapda nahar iýeniň iýen tagamy inine siňsin!”, “Şu gabyň eýesi uzak ýaşasyn!” ýaly hoşniýetli arzuwlardan ybarat eken.

Metaly çeper bejermek sungaty (torewika) ýokary jemgyýetçilik synplary üçin ýasalan önümlerde ýokary ösüş derejesine ýetipdir. “Sasany metaly” diýlip atlandyrylýan metal önümleriniň arasynda ençemeleri gürrüňsiz, Orta Aziýa ussalarynyň işidir.

**Araplaryň Türkmenistany eýelemegi we olaryň ýerli medeniýete täsirleri. Yslam dini. Gurhan.** VII asyryň ortalarynda Günorta Türkmenistanyň ykdysady ösüşi araplaryň basyp almagy zerarly wagtlaýynça togtalypdyr. Şol döwürde araplaryň arasynda köpdinlilik bolupdyr. Bu bolsa häli—şindi özara uruşlaryň bolup durmagyna getiripdir. Onuň öňüni almak üçin bolsa täze diniň—Ýekehudaýlylyk dinini döretmek zerur bolupdyr. Täze din çarwa arap taýpalarynyň täze ynsanperwer döwleti döretmekleri üçin zerurdy. Bu diniň başynda Muhammet Pygamberimiz durupdyr. Muhammet Pygamberiň ýerine gelenler halyflar diýlip, ýagny oruntutarlar diýlip atlandyrylypdyr, araplar tarapyndan döredilen döwlet bolsa “halyfat” diýen ady alypdyr.

Araplar täze dini ýaýratmak maksady bilen din ugrunda mukaddes urşy alyp barýarlar. Emma, taryhda köp wagtlarda bolşy ýaly, din diňe maddy bähbitleri üçin perdelemeklige hyzmat edilipdir.

Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy yslam taryhy bilen halkymyzyň taryhy, medeniýetimiziň taryhy bilen ençeme asyrlardan bäri utgaşyp gelýändigini ýerlikli belleýär. Diniň jemgyýetde tutýan orny barada täzeçe oýlanyşyp görmegiň zerurdygyna, Türkmenistanyň mysalynda diniň jemgyýetde nähili ynsanperwer orun oýnap biljekdiginde, onuň dünýä ýüzündäki türkmenleri, galyberse-de arap dilli halklary jebisleşdirip biljekdigine mynasyp bahanyň berilmegi ýerliklidir. Her bir diniň nazary esasyny düzýän, oňa eýerijiler tarapyndan mukaddes saýylan kitaby bar. Zoroastrlarda “Awesta”, jöhitlerde “Töwrat” (“Köne öwüt”), “Talmud”, hristianlarda hem “İnjil” (ýöne onuň “Köne öwüt” diýen bölüminiň üstüne “Täze öwüt” diýen bölümi hem goşmak bilen), musulmanlarda bolsa “Kurъan”. Şu dinlere uýýanlaryň hemmesi özleriniň kitaplarynyň dogrudygy, Hudaý tarapyndandygy barada aýdýarlar. Ylymda bu kitaplaryň hemmesine bir gözden obýektiw garap, olara deň derejede seredilýär. Yslam dini beýleki dünýä dinlerine garanyňda has ýaş dindir. Ol Ybraýym Halylylla berlen dindir. Şoňa görä, Gurhanda “milleti-Ybrahym”, ýagny “Ybrahymyň dini” diýilýär. Ýokarda aýdyp geçişimiz ýaly Gurhan yslamyň esasy baş kitabydyr. Kuran-kuran diýen arap sözünden gelip çykyp, “okamak” diýmegi aňladýar. Biziň ata-babalarymyz “Kuran” sözüni öz diline ýakynlaşdyryp, ony “Gurhan” diýip ulanypdyrlar. Türkmenler köne adatlaryny asyrlar boýy tämizläp, kämilleşdirip gelipdirler. Dinler çalşanda bolsa, özleriniň öňki ähmiýetli bolan däp-dessurlaryny hem berjaý etmegi başarypdyrlar.

Türkmeniň yslamy parahatçylykly ýol bilen kabul etmeginde, öňki ynançlary, adatlary, däp-dessurlary uly orun

eýeläpdir. Özleriniň ozalky ýol—ýörelgeleriniň iň gowy taraplaryny yslam bilen utgaşdyrypdyrlar, çünki şeýle edilende halkyň yslamy kabul etjekdigini yslamyň wagyzçylaryna düşündiripdirler.

Yslamy ýaýradyjylar türkmenleriň aňyrdan gelýän ynançlarynyň-da, däp-dessurlarynyň-da täze dine zyýanynyň ýokdugyna göz ýetirip, halkyň yslama erkin ýagdaýda girmegini gazanypdyrlar.

Yslam dini ynsanperwer din, ol beýleki dinleri ykrar edýär, olara päsgel bermeýär. Yslam dini ýaýran hemme ýurtlarda-da musulmanlar bilen bilelikde başga dindäki milletler hem ýaşap, öz dinlerini ýördeýärler, olara hiç hili gapma-garşylyk bolmandyr. Tersine bir din beýlekini inkär etjek bolsa, yslam oňa garşy çykýar. Geçmişde käbir dinleriň içinde azlyk edýän halklaryň dininiň kemsidilýän wagty bolupdyr.

Gurhanyň döreýş taryhy şahs bolan Muhammet Pygamberiň ady bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Muhammet Pygamber Arabystan ýarym adasynda ýaşamak bilen, täze-bir hudaýlylyk dinini ündeýji bolup çykyş edipdir. Şol döwre çenli dünýäniň käbir ýurtlarynda köphudaýlylyga tagzym etmekden el çekilip, ýeke-täk Hudaýa uýmaga başlanylypdyr. Muhammet Pygamberiň eneden doglan we ýaşan ýeri Mekge şäheridir. Ol arap taýpalarynyň Käbesi, ýagny 360 hudaýyň heýkelleriniň-watanlarynyň ýerleşýän ýerine haja gelýän we gurbanlyk berýän ýeri bolupdyr. muhammmet pygamber heýkellere baş egmekden ýüz dönderipdirn. Diňe Alla uýupdyr. Yslamdan ozalky Arabystanda heýkellere baş egmekden ýüz dönderen, jehitligi hem, hristiançylygy hem kabul etmedik, emma bir Hudaýa ten beren adamlara hanafiý diýer ekenler. Gurhanda Ybraýym Pygamber birinji hanafiý, Muhammet Pygamber bolsa, hakyky ýekehudaýlylygy ündän diýlip bellenilip geçilýär. Şeýle hem Gurhanda Ybraýym Pygamber ne ýehudy, ne-de hristian diýlip görkezilýär. Hanafiýler jehitçiligiň we hristiançylygyň möhüm taraplaryny kabul edipdirler we

ýekehudaýlylygy  wagyz edýärler. Olar Hudaýa Alla diýip at beripdirler. Gurhan olary "dogruçyllyk dininiň ýetirijileri" diýip hasaplapdyrlar. Hanifizm ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň dargaýan döwründe araplaryň birleşige bolan ymtylyşlaryny suratlandyrdy. Şunlukda, yslam dini we Gurhan Muhammet Pygamberiň ýaşan döwrüniň hukuk moral sistemasyny, maşgala, nika gatnaşyklaryny kämilleşdirmek ugrundaky alyp baran gözleginiň miwesidir. Onuň maksady adamlary bagtly, edepli ahlakly etmekdi.

Musulmanlaryň düşünjelerine görä, Gurhan ýedi gat asmandan Hudaýyň gudraty bilen saklanýan baky kitap bolup, onda ýokary derejedäki üýtgemez, gutarnykly hakykat beýan edilýär. Bu kitabyň mazmunyny Hudaý özüniň ýerdäki  wekili Muhammet Pygamberiň üsti bilen musulmanlara 23 ýylyň dowamynda açypdyr. Bu kitapdaky ýazgylary üýtgetmäge diňe Allanyň ygtyýary bardyr.

Gurhanyň döreýşi barada şeýle maglumatlar bar. Gurhanyň ilkinji aýatlary 610-njy ýylyň Remezan aýynyň 27-si (Muhammede Hyra dagyndaky gowakda ýetirilýär. Şonda Jebraýyl Aleýhissalam Muhammede "oka" diýýär. Muhammet (asm) "Men  zat bilemok, nämäni okaýyn?" diýýär. Perişde ýene-de "oka, özüňi ýaradan belent terbiýeçiniň ady (Bismilläh-i-rahmany rahym) bilen oka" diýýär. Şunlukda, "ykra" (oka) diýen süre asmandan inderilip başlanýar. Gurhanyň haýsy süresiniň ýa-da aýadynyň ilki inderilendigi hakynda garşylykly habarlar bar.

Gurhanyň süreleri Muhammet Pygamberiň musulmançylygy wagyz edip başlan pursadyndan başlap, butparazlyk we butparazlar bilen göreşini, Arabystanda sektançylyk formasynda hereket eden we yslama genetiki garyndaş din hökmünde seredilen ýehudaçylyk we hristian dinleri bilen çekişmelerini, şeýle hem yslamdan öň içine alýar. Bu çekişmeler täze wagyzlaryň döremegine getiripdir.

Muhammet Pygamber dirikä hiç kim Gurhanyň sureleriniň tekstlerini yzygider ýygnamandyr. Gurhan şerif şol wagtdaky arap (mekgede) dünýäsindäki ýüze çykýan wakalara görä, asmandan indirilipdir. Adamlar ony ýat tutupdyrlar, dürli zatlara ýazypdyrlar.

Diňe ol ölenden soň, Ebu-Bekr (633 ý.) halyflyk eden döwründe süreleriň aslyny ýygnamak hezreti Omaryň ideýasy bilen başlanýar. Ony Muhammet Pygamberiň ömrüniň soňky bäş ýylynda mürze bolup işlyän Zeýd ibn Sabite tabşyrypdyrlar. Ol özüniň ýazyp alan sürelerini, beýleki adamlardan göçürenlerini, dürli zatlara ýazylan süreleri deňeşdiripdir we süreleriň ýygyndysyny düzüpdir. Ol süreler toplumy Suhuf (sahypalar) adyny alypdyr.

Ýöne bu ýygyndy kanunlaşdyrylmandyr. Ýyllaryň geçmegi bilen käbir adamda başga-da ýygyndylaryň bardygy belli bolupdyr. Şol sebäpli syýasy agzalalyklar hem döräpdir. Ony aradan aýyrmaklyk 650-690-njy ýyllarda Gurhanyň tekstleriniň gutarnykly suratda tassyklanmagynyň tamamlanmagy bilen amala aşyrylypdyr. Ol Osman halyf döwründe tamamlanansoň, şol Gurhan “Osmaniýe” diýlip atlandyrylýar.

Gurhan 114 sürä bölünýär. Süre bap diýmekdir. Gurhany sürelere bölmek halyf Osmanyň döwründe hem bolupdyr. Süreleri atlandyrmak hem şol döwre degişli. Ýöne hünärmenleriň aýtmagyna görä, süreleriň atlary ilkibaşda uzyn bolupdyr, soňra gysgaldylypdyr.

Gurhanyň birinji süresi “Fatiha”—“Kitaby açýan” diýlip atlandyrylýar. Bu sürä aýatlaryň enesi hem diýilýär. Ol doga hökmünde hem ulanylýar. Gurhanda şeýle hem “Sygyr”, “Aýallar”, “Pygamberler”, “Dindarlar”, “İkiýüzlüler”, “Kem çekip berýänler” (ýagny söwdada aldaýanlar) ýalylara çenli ymam Agzam tarapyndan doly suratda takyklanypdyr.

Gurhan musulmanlaryň 40 parzy berjaý etmegi talap edýär. Şolardan 5 parz hökman berjaý edilmeli borçlaryň hataryna geçýär. Allanyň ýeketäkdigini we Muhammediň onuň

wekilidigini ykrar etmek yslamyň esasy dogmaty we musulmanlaryň baş parzydyr. Şu parz yslam dinine ynanýandygyny subut etmegiň kepilnamasy bolup hyzmat edýär. “Alladan başga Hudaý ýokdur, Muhammet hem Allanyň resulydyr (wekilidir) diýen sözleri gaýtalaýan her bir adam musulman hasaplanylýar. Ol musulmandygyny subut etmek üçin hem ulanylýar. Türkmenler muny “kelemäňi öwürmek” diýip atlandyrýarlar.

Muhammet Pygamberiň wagyzlarynyň baş ideýasy ýek-täk Hudaý-Alla tagzym etmekdir. Alla baradaky düşünjeler Gurhanda esasy orun tutýar. Gurhanda ýazylyşyna görä, Alla hiç kimi dogurmadyk we dogrulmadyk, rakyby-ýary, dogany-gardaşy bolmadyk, bir özi bolan gudratly güýçlidir. Ol “Kün” diýende çäksiz mukdarda dünýäleri, Asman-Zemini ýaradypdyr. Alla älem-jahany hereketlendirip, dolandyryp durýar. Onuň adatdan daşary gudraty bar. Tebigatdaky we jemgyýetdäki ähli wakalar Alla tarapyn kesgitlenendir. Gurhan Allanyň 99 sany dogry ady bilen atlandyrýar. Emma Allanyň hemme ady bir müňde birdir.

Türkmenistanyň sungatynda şekillendiriş sýužetleriniň ösmegine araplaryň basyp almagy päsgel beripdir. Ol basyp alyş ýaňy döräp barýan feodalçylyk düzgüniň jümmüşinde bildirip ugran medeni-döredijilik işiniň ýokary göterilişini üzül-kesil ýolupdyrlar. Köp sanly depeler arap halyflarynyň hökümdarlygynyň ilki döwürlerde obalary weýran edendiklerini we olaryň boşap galandyklaryny ynandyryjy ýagdaýda suratlandyrypdyrlar. Araplaryň özleri bolsa tabyn edilen ilatyň eli bilen Türkmenistanyň ýerlerinde diňe “hak din üçin göreşijileriň berkitmelerini”-rabatlary salypdyrlar.

Senetçilik ýokary ösüş derejesine ýetipdir, şol wagtky Orta Aziýanyň ilatynyň hojalyk durmuşynda senetçiligiň ähmiýeti uly bolupdyr. Şol ýerlerde senetçilik boýunça sehler bolandyr diýip çak etmäge esas bar. IX-X asyrlardaky Horasan bilen Horezm senetçilik önümçiliginiň derejesi boýunça şol

zamandaky öňde baryjy ýurtlaryň hiç birinden-de kem bolmandyr. Senetçiligiň iň uly merkezi Merw bolupdyr, bu ýerde ençeme senetçilik kwartallary bar eken. Akademik W.W.Bartoldyň “Merwiň taryhy dogrusynda” diýen işinde bu şäherde köp hünärdäki senetçileriň işländikleri we ýaşandyklary bellenilip geçilýär. Ylaýta-da Merwiň ýüpek parçalary we lybaslary şöhratly bolupdyr, şeýle hem ýüň, nah we kendir matalar dokalypdyr. Arheologiki maglumatlara görä, Merwde keramika önümçiliginiň uly merkezi bolupdyr. Şeýle-de deri eýlenendigi, azyk önümleri we käbir beýleki önümler öndürilendigi baradaky taryhy maglumatlar bar.

Magdan eredip, ondan her dürli gurallary dünýäde ilkinji bolup türkmenler ýasap başladygyny taryhy maglumatlar habar berýärler. Türkmeniň gadymyeti barada habar berýän “Ergenokon” dessanynda tutuş magdan dagynyň eredilip, ýagtylyga — dünýä çykylmagynyň göçme manysy habar berilýär.

Merwden kiçi hem bolsa, ep-esli ähmiýetli bolan beýleki bir şäher—Nusaý bolupdyr. IX-X asyrlarda Nusaýyň rabatynyň (etraplarynyň) ösüp, ol ýerlerde hem täjirler bilen senetçileriň ýaşandyklary GTAKE-niň arheologik işleri tarapyndan anyklandy. Ol ýerden keramika peçleriniň galyndylary, eredilen demir lokgalary, mis galyndylary, çüýşe lokgalary tapyldy, bular bolsa senetçilik önümçiliginiň ösendigine we dürli görnüşli bolandygyna şaýatlyk edýär.

Nusaýda dokma senagaty hem ösüpdir. Owadan öý esbaplarynyň galyndylary şäher ilatynyň gurply ýaşandyklaryny subut edýär. Ürgenç ýaly we beýleki birentek şäherleri bolan Horezm hem senetçiligiň uly merkezi bolupdyr. Horezmiň şäherlerinde-de ýüpek, ýüň we nah matalar dokalypdyr, ýaýlar, keçeler, metal önümleri we beýleki köp önümler ýasalypdyr. Gürgençde, Abiwertde, Sarahsda, Murgap oazisindäki we Amyderýanyň kenarlaryndaky şäherlerde hem senetçilik önümçiligi bolupdyr.

İrki-orta asyrlar şäheriniň esasy meýdanynyň töwereginde hökümet-administratiw jaýlary—köşkler, “edara ediş jay”, türme-ýerleşýän eken. Merwde edara ediş jaýy VIII asyrda salnyp, ol üsti kümmezli giň jaý görnüşinde bolupdyr. Ol jaýyň dört sany gapysy bolupdyr.

Merwde bilen Ürgençde halkara ähmiýetli senetçilik merkezleri bolupdyr. Ähmiýeti beýle bir uly bolmadyk şäherler-Şähristan, Abiwert, Mäne, Dehistan we beýlekiler dar, ýerli bazarlara hyzmat edipdirler.

Senetçiligiň ösüşi daşary we içeri söwdanyň ösmegine mümkinçilik beripdir. Diňe bir şäherlerde öndürilýän önümler däl, eýsem beýleki çarwaçylyk ýerlerinde öndürilýän önümler hem başga ýurtlara-da äkidilip satylypdyr. Häzirki zaman Türkmenistanyň ýerleriniň üsti bilen möhüm söwda ýollary geçip, olar Ýakyn Gündogary Uzak Gündogar bilen, Orta Aziýany Gündogar Ýewropa bilen baglanyşdyrypdyrlar.

Ýakyn Gündogar ýurtlaryny Hytaý bilen birleşen esasy ýollardan biri Nişapurdan Sarahsa gidýän eken, şol wagtlar Sarahsyň baýlygy bolsa galla we mal söwdasyna esaslanypdyr. Sarahsdan hem bu ýol Uşturmagak, Tilsitane, Dandanakan, Genügirt diýen şäherçeleriň üsti bilen geçip, Merwe barýar eken. Merwiň bazarlarynda uly söwdalar ediler eken. Merw uly söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşipdir. Şol ýollardan biri Kuşmeýhanyň (häzirki Kişman harabaçylygynyň) üsti bilen geçip, Garagum alaňlyklarynyň içine aralaşyp gidýär eken, ol ýerde her bir günlük ýolda kerwensaraýly abadanlaşdyrylan stansiýa (“menzil”) bolupdyr: Diwan, Tahmalaç, Man Münsaf, Ahsa, Osman, Akir. X asyryň aýagynda bu stansiýalaryň käbirleriniň atlary eýýam başgaça tutulýar.

**Ylmyň we sungatyň ösüp başlamagy.** “Türkmen halkynyň ençeme alymlary, şahyrlary uzak asyrlaryň dowamynda öz köptaraply ylmy we ajaýyp çeper eserleri bilen türkmeniň adyny şöhratlandyrdylar. Olar ylmy we çeper

döredijiligi bilen dünýä medeniýetiniň ösüşine önjeýli goşant goşdular” diýip, Hormatly Prezidentimiz

Gurbanguly Berdimuhamedow örän ýerlikli belledi. Türkmenistanda VI-VII asyrlardaky edebiýatyň we ylmyň häsiýeti barada biziň elimizdäki maglumatlar entek örän ujypsyzdyr. Merwde geçirilen arheologik gözlegler hum döwükleriniň ýüzüne hem-de mallaryň ýörite ýylmanan pilçeleriniň ýüzüne gara syýa (tuş) bilen ýazylan otuz-kyrk sany resminamalary ýüze çykardy. Resminamalar biri-biri bilen baglanyşykly pehlewi harplary bilen ýazylypdyr; olary okap manysyny tapmak-gelejegiň işidir.

Dünýä ylmynyň ösüşine saldamly goşant goşan, Merkezi Aziýada ýaşap geçen, gadymy Merwde ylmy işleri alyp baran, orta asyr Gündogarynyň iň bir uly alymlarynyň biri görnükli matematikaçy Muhammet ibn Musa al-Horezmi bolupdyr. Al Horezminiň doly ady Abu Abdyllah Muhammet ibn Musa Al Horezmidir. Bu arap dilinden türkmen diline gaçirilende atasy Abdyllanyň kakasy Musanyň ogly Horezmli Muhammet diýmegi aňladýar. Taryhda Al Horezminiň terjimehaly barada az maglumat berilýär. Biziň günlerimize çenli, hat-da onuň doglan we aradan çykan ýyllary barada anyk maglumatlar gelip ýetmedik bolsa, käbir çeşmelerde onuň VIII asyryň II ýarymynda aradan çykanlygy aýdylýar. Bu alymyň 783-nji ýylda gadymy Horezmde doglandygy, Merwde, Ürgençde (häzirki Köneürgençde) işländigi, soňra hem Bagdada göçüp, şol ýerde hem ömrüniň ahyryna (850-nji ýyl) çenli ýaşandygy görkezilýär.

Al Horezmi ýaşlykdan matematika, astronomiýa, geometriýa, giografiýa, lukmançylyk we taryh ylymlary bilen gyzyklanypdyr. Ol bu ylymlaryň daşyndan arap, pars, hindi, grek dillerini-de düýpli öwrenipdir. Al Horezmi aýratyn-da matematika köp üns beripdir hem-de bu ugurda uly-uly üstünlikler gazanypdyr. Al Horezmi halyf Harun er-Reşidiň ogly Al Mamunyň döwründe ýaşapdyr we döwlet

kitaphanasynyň müdiri bolupdyr. Taryhçylar Al Mamunyň kakasy halyf Harun er-Reşidiň (763-809ý, 786-njy ýyldan başlap halyf bolan) “Müň bir gije” atly belli ertekiler kitabynyň gahrymany bolandygyny belleýärler. 813-833-nji ýyllarda halyf bolan Al Mamun (783-833ý) 813-nji ýyla çenli hökümdarlygyň Gündogar ülkeler boýunça wekili bolupdyr we Merwde ýaşapdyr. Şonuň üçin onuň Al Horazmi bilen ilkinji tanyşlygy şu ýerde başlap, soňra Bagdada işlemäge çagyran bolmagy mümkindir. Al Horezmi Bagdada halyf Al Mamun bilen 819-njy ýylda giden bolmagy  mümkin diýen pikir hem bar. Taryhdan belli bolşy ýaly, ylma sarpa goýan, oňa howandarlyk eden halyf Al Mamun Merwde jemlenen alymlary, şol sanda Horezmli alymlary-da Bagdada ýygnap, “Beýtil hikmet” atly ylym we medeniýet merkezini açýar. Al Horezmi onda şol döwrüň has ygtybarda takyk enjamlary bilen üpjün edilen ilkinji obserwatoriýanyň işine ýolbaşçylyk edýär. Onda işleýän alymlar aýratyn takyk ylymlar bolan matematika, astronomiýa, geodeziýa, geografiýa köp üns beripdirler. Umuman, orta asyrlarda ýaşap geçen Gündogaryň alymlary VIII asyryň ahyrynda we IX asyryň başlarynda gadymy grek alymlary Ýewklidiň meşhur “Başlangyçlaryny”, Ptolemeýiň “Almagestini” we beýleki eseleri terjime edipdirler. Olar geometriýany öwrenmek bilen çäklenmän, eýsem oňa degişli düşindirişler hem beripdirler. Halyf Al Mamun Bagdatda alymlaryň döredijilikli işlemekleri üçin örän baý kitaphana gurupdyr. Al Horezmi öz işleriniň birinde Al Mamun barada öwgüli sözlerini aýtmak bilen onuň ylmy ösdürmek baradaky goldawyna örän uly baha berýär.

Al Horezmi bu döwürde döredijilikli zähmet çekmek bilen, “Algebra we almukabala hasaplamalary barada gysgaça kitap”, “Astronomik jedweller”, “Hindi hasaby hakda kitap”, “Dünýäniň atasy” işlerini hem-de “Ýewreýleriň eýýamyny we olaryň baýramçylyklaryny kesgitlemek barada kitap” atly ylmy işini ýazypdyr. Alym Al Horezminiň bulardan başgada

“Astrolýabyň gurluşy barada kitap”, “Astrolýabyň amallary barada kitap”, “Gün sagatlary barada kitap”, “Taryh kitaby” atly meşhur işleri bar. Bu işlerden diňe ýedi sanysy biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Al Horezminiň arifmetika degişli işleri matematikanyň taryhynda möhüm orun aldy. Al Horezmi “Hindi hasaby hakda kitap” atly işinde, ilki bilen, hindileriň dokuz sany belgisi arkaly islendik san belgisi arkaly islendik sany ýazmak bolýandygyny görkezmek isleýändigini beýan edýär. Ol bu usulyň esasynda sanlary köpeltmek, bölmek, goşmak we aýyrmak amallaryny ýerine ýetirmegiň aňsatdygyny belläp geçýär. Kitabyň beýleki sahypalarynyň mazmunyny üç bölüme bölmek mümkin:

1-nji bölümde alym onluk hasaplaýyş ulgamy barada düşindiriş berýär;

2-nji bölümde bitin sanlar üstüne amallaryň düzgünlerini düşündirýär;

3-nji bölümde bolsa droblar hakynda we sanlardan kwadrat kök almak hakda düşindiriş berýär.

Bu işlerde ilkinji gezek hindilerde ýüze çykan, ýöne uzak wagtlaryň dowamynda Hindistanyň çäklerinden çykmadyk nol sany ilkinji bolup Al Horezminiň meseleler çözmekde peýdalanmagy, hindi san belgilerini günbatarly alymlara elýeterli etdi. Bu onuň bitiren uly hyzmatydyr. Al Horezmi tarapyndan ulanylsa girizilen nol sany 250-ýyl soň Ýewropada ulanyp başladylar. Onuň bu işi, taýýarlanan gollanmasy arkaly arap döwletlerine, soňra bolsa Ýewropa ýurtlaryna ýaýraýar. Hasaplaýyş ulgamlarynyň artykmaçlyklaryny görkezmek, düşünükli we sada dilde wagz etmek hem beýik matematik Al Horezminiň paýyna düşýär. Gündelik durmuşda arifmetikadan peýdalanmagyň, ylmy barlaglary geçirmegiň ýollaryny ilkinji bolup görkezen we arifmetikany ulgamlaýyn görnüşde ösdüren beýik matematikaçy Al Horezmidir.

Al Horezminiň “Hindi hasaby hakda kitap” atly ylmy işiniň arapça golýazmasy häzir tapylmady. Ýöne onuň XII asyrda ýerine ýetirilen latynça terjimesiniň mazmuny bize bellidir. Şol wagtlarda Ispaniýada alymlaryň bir topary Gündogarda meşhur bolan eserleri arap dilinden latyn diline terjime edipdirler. Olar ýewropalylary Gündogar ylmynyň iň gowy üstünlikleri bilen tanyşdyrmagy maksat edinipdirler. Şeýle maksat bilen terjime edilen işleriň ilkinjileriniň biri-de Al Horezminiň hindi arifmetikasy baradaky ylmy eseri bolupdyr. Bu latynça terjimäniň ýeke-täk golýazmasy Angliýanyň Kembriž şäherindäki kitaphanalaryň birinde saklanýar. Al Horezminiň arifmetiki eseri rus dilinde 1964-nji ýylda Daşkent şäherinde neşir edilýär.

Meşhur matematikaçy Al Horezmi algebrany esaslandyryjy hasaplanylýar. Al Horezminiň Al Mamuna bagyşlap ýazan “Algebra we almukabala hasaplamalary barada gysgaça kitap” atly işi algebra boýunça ýazylan ilkinji kitapdyr. Ony matematikanyň taryhyny öwreniji alymlaryň ählisi ykrar edýär. Al Horezminiň matematikanyň taryhynda esasy orny eýeleýän bu işinde ilkinji gezek “algebra” termini ulanylypdyr, ýagny “Al-jabr” diýen sözden emele gelipdir.

Onda ilkinji gezek algebra çyzykly we kwadrat deňlemeleriň çözülişiniň umumy usullary baradaky ylym hökmünde görkezildi. Al Horezminiň döwründe heniz harp belgisiniň girizilmänligi üçin çyzykly we kwadrat deňlemeleriň çözülişiniň umumy usullaryny söz üsti bilen düşündiripdir. Matematikanyň taryhyny öwrenýän käbir alymlar Al Horezmiden öň hem Mesopatamiýada, gadymy greklerde we gadymy hindilerde algebra bilen baglanyşykly matamatiki işleriň ýazylandygyny, olardaky maglumatlaryň Al Horezminiň “Algebra we almukabala hasaplamalary barada gysgaça kitap” atly ylmy işinde hem gabat gelýändigini tekrarlaýar. Elbetde, Al Horezminiň bu ugurdan özünden öňki alymlaryň işleri bilen tanyş bolup öwrenen bolmagy mümkin. Al Horezminiň

döwrüne çenli grek alymy Diofant we hindi matematigi Brahmagupta we beýleki alymlar matematiki işlerinde algebra bilen baglanşykly meselelere azda-kände degip geçipdirler. Ýöne Al Horezmä çenli gadymy Müsür, Mesopatamiýa, grek we hindi matematikalarynda algebranyň esasy temalaryny öz içine alýan we algebra ady bilen ýazylan eser gabat gelmeýär. Ol işler sözüň doly manysynda algebra kitaby bolmakdan ýöntem gelipdir.

Öz döwrüniň beýik matematigi bolan Al Horezmi diňe bir Gündogaryň ylym dünýäsine däl, eýsem Günbataryň ylym dünýäsine-de uly täsir edipdir. Günbatar matematikleri Al Horezminiň uzak ýyllaryň dowamynda çeken zähmetiniň netijesi bolan bu işini matamatika ylmynyň düýp esasy hökmünde kabul edipdirler. Gündogaryň we Günbataryň bilim dünýäsinde ilkinji kämil algebra kitaby hökmünde abraý gazanan bu iş Ýewropa alymlarynyň täze ylmy işlerine hamyrmaýa, gönezlik bolupdyr. Ol häzirki ýokary algebranyň ýüze çykmagyna hem oňaýly täsirini ýetiripdir. Matematikanyň taryhyny öwrenýän alymlar biziň işdeşlerimiz beýik alym Al Horezminiň “Algebra we almukabala hasaplamalary barada gysgaça kitap” atly işiniň Ýewropada ilkinji öwrenilip başlanadygyny, şol döwrüň alymlarynyň ýankitabyna öwrülendigini tassyklaýarlar.

Al Horezminiň biziň günlerimize çenli gelip ýeten algebra degişli “Algebra we almukabala hasaplamalary barada gysgaça kitap” atly işiniň 1342-nji ýylda göçürilen arap dilindäki golýazmasynyň ýeke-täk asyl nusgasy häzir Oksforddaky Bodliana kitaphanasynda saklanýar. Bu iş ilkinji gezek 1145-nji ýylda şol wagtlar Ýewropada iň ýörgünli dil bolan latyn diline terjime edilipdir. Bu işiň latyn diline 1183-nji ýylda edilen terjimesi hem bar. Bu terjimeler XII asyryň görnükli iňlis alymy, terjimeçi Robert Çerterskiý we italýan alymy Gerardo Kremonskiý tarapyndan ýerine ýetirilipdir. Bu ylmy işiň arapça teksti iňlis terjimesi bilen 1831-nji ýylda neşir edildi.

Beýik alymyň bu işi 1461-nji ýylda nemes dilinde terjime edilýär we 1486-nji ýylda Leýpsig uniwersitetiniň okuw maksatnamasyna girizilýär hem-de ýörite ders hökmünde öwrenilip başlanylýar. Soňra bu kitap Ýewropa döwletleriniň uniwersitetlerinde XVIII asyra çenli esasy ders hökmünde okadylýar. Al Horezminiň bu işi birnäçe gezek Ýewropa we beýleki döwletleriň dürli dillerine terjime edilip, neşir edildi.

Häzirki zaman kompýuter tehnikasynda, hasaplaýyş matematikasynda giňden peýdalanylýan "Algoritim" düşünjesi-de ax[2] Günbatardaky latynlaşdyrlan "Algaritmus" diýen adyndan gelip çykandyr.

Dünýäniň iň bir meşhur alymlary hem Al Horezminiň ylym äleminde bitiren işlerine uly baha berýärler. Meselem, Gündogary öwreniji alym Gandyz: "Al Horezmi algebra ylmy babatda Ýewkilidden (biziň eýýamymyzda öňki 3 müňýyllyk) müň ýyl öňdedir" diýip bellese, algebra ylmynda uly işler bitiren italýan matematigi J.Kardano (1501-1576-njy ý.) bolsa ony dünýäniň iň uly 12 akyldarlarynyň biri hasaplaýar. Belli alymlaryň taryhyny öwreniji günbatarly alym Jorj Alfred Leon Sarton (1884-1956-njy ý.) ylym taryhyna degişli eseriniň girişinde IX asyryň birinji ýarymyny tutuşlygyna Horezmi döwri diýip atlandyrmak bilen, ony "Öz döwrüniň iň beýik matematigi" hökmünde häsýetlendirýär.

IX asyrda Bagdatda halyflaryň köşgünde merwli alym Habaş işläp, 832-nji ýyllarda astronomik tablisalaryň üç görnüşini düzüpdir, bu tablisalar soňky asyrlardaky astronomlar tarapyndan giňden ulanylypdyr.

Şol döwürde edebiýat äleminde demirgazyk horasanly şahyrlardan hem käbirleri bellidir. Olaryň birentegi hökümdarlaryň köşklerinde orun tapyp, hökümdarlaryň hormatyna taryplaýjy odalary-kasydalary goşupdyrlar we şonuň bilen hem öz abadançylygyny birneme üpjün edipdirler. Mysal üçin, halyf Mamun 809-njy ýylda Merwe gelen mahalynda, ýerli şahyr Apbas öz ene dilinde (ýagny horasan diilnde) oda

ýazyp, ony hem halyf Mamuna bagyşlapdyr. Buharada Samanylaryň köşgünde asly merwli bolan meşhur astronom we şahyr Omar işläpdir (ol 970-nji ýylda aradan çykypdyr).

Türki dilde ýazylan edebiýat hakyndaky käbir maglumatlar baryp VIII asyra degişlidir. VII asyryň 30-njy ýyllaryndaky Ýeniseý-Orhon ýazgylarynyň subutnamasy bu ýazgylaryň diliniň käbir elementleriniň türkmen şiwelerinde saklanyp galandygyny görkezýär.

Meşhur tebip Barzuýe (VI asyr) hem Merwli bolupdyr, ol soň Hosrow Anuşirwanyň köşk tebibi bolup işläpdir. Barzuýe barada köp ertekiler we rowaýatlar saklanypdyr.

Öz filosofik garaýyşlarynda Barzuýe rasionalist hökmünde çykyş edipdir, şol wagtlarda sasanylar döwletinde biri-biri bilen bäsdeşlik eden dürli dinlere skeptiki garapdyr. Ol şeýle ýazýar: “Her kes diňe öz dini hak we adyl dindir, şol wagtyň özünde-de başgalaryň dini ýalňyş azaşmadan başga zat däldir diýip hasap edýär. Men öwrenmegi we synlamagy ýüregime düwdüm, emma hemmeleriň däp bolan toslamalary diňe gaýtalanýandyklaryna, her kesiň diňe öz dininin öwýändigine we beýlekileriň hemmesiniň üstüni hapa sözler bilen gömýändiklerine göz ýetirdim”. Barzuýenin özi biçak adyllygy bilen tapawutlanypdyr.

Öz bilimlerini giňeltmek üçin Barzuýe Hindistana syýahata gidipdir diýen maglumatlar bar. “Kalila we Dimna” ady bilen meşhur bolan basnýalar ýygyndysyny sanskrit dilinden pehlewi diline terjýime eden hem Barzuýedir.

Seredilýän döwürde aýdym-saz sungatyň ösendigi bellenýär. Halk içindäki bir rowaýatda aýdym-sazyň Adam Atadyr How ene bilen bilelikde dünýä gelendigi aýdylýar. Şol rowaýatda aýdylyşyna görä, Allatagala Adamzadyň beden keşbini Ýeriň ýedi ýerinden alnan toprakdan eýläp ýasapdyr. Soňra Ýaradan özüniň bina eden adamzat keşbine janyň girmegini emr edipdir. Emma näme üçindir jan adamzadyň bedenine girmegi kyn görüp ýaýdanypdyr. Ine şonda Ýaradan

adamzadyň bedenine janyň ýaýdanman girmegi üçin heň, owaz döredenmişin. Adamzadyň bedenindäki heň-owaza imrinip, jan kynçylyksyz bedene girip gidipdir. Adamzat bedeninden çykan şol heň-owaz bolsa aýdym-saz ekeni. Rowaýatyň aňyrsynda haýsydyr bir taryhy maglumatyň ýatanlygyny hiç kim inkär edip bilmez. XVIII asyrda ýaşan nusgawy şahyrymyz Mahmyt Gaýyby:

“Saz bilen söhbete ýaman diýmäňler,
Adam Ata dünýä gelende bardyr”,

diýip, ýokarky rowaýatyň wakalaryny dogrulygyny tassyklaýar. Diýmek, aýdym-sazyň taryhyny adamzat jemgyýetiniň emele gelen döwründen gözlemeli.

Saz gurallarynyň içinde iň gadymysy deprek hasaplanýar. Deprekden soň üflenip çalynýan saz gurallary (gopuz, ganyş, gyrgy, tüýdük) ýüze çykyp ugrapdyr. Halkymyzyň içinde tüýdügiň döreýşi hakynda şeýleräk rowaýat bar. Aleksandr Makedonskiniň kellesinde iki şahy bar ekeni. Ol şählaryny hiç kime bildirmezlik üçn, kellesini syrdyran dellegini öldürýän ekeni. Ahyry meşhur dellege saç syrmak gezegi ýetipdir. Dellekçi onuň saçyny syrmaga gidende, ejesiniň ak süýdi goşulyp, bişirilen kökäni pirim bilen Aleksandr Makedonskä iýdiripdir. Soňra bolsa “Patyşahy Älem, dogan-dogany öldürermi?” diýip, özüniň oňa iýdiren kökesiniň ejesiniň süýdüne garylyp bişirilendigini, bile süýt emşen adamynyň dogan bolýandygyny düşündiripdir welin, Aleksandr Makedonskiniň oňa özüniň iki şahynyň bardygyny hiç kime aýtmazlygy şert etdirip, ony ölümden halas edipdir. Şondan soň dellekçi syryny birine aýtmaga gorkup, her gün bir guýa baryp, “Aleksandryň şahy bar” diýip, içini boşadyp gaýdýar ekeni. Wagtyň geçmegi bilen bu guýudan birnäçe gamyş çykypdyr. Ahyry bir gün goýunlaryny şol guýudan suwa ýakmaga gelen bir çopan gamşyň daýawlaryndan birini alyp, dilli tüýdük ýasap, üfläpdir welin, ol tüýdük Aleksandryň şahy bar diýip, saz çalyberipdir. Ynha, şu rowaýatda türkmen tüýdüginiň

taryhy Aleksandr Makedonskiniň ýaşan zamanasy bilen baglanyşdyrylýar.

Ata-babalarymyzyň aýdym-saz sungatynyň gadymylygy bize äşgärdir. Baba Gambar VI-VII asyryň başlaryndan ýaşap, diňe bir dutar ýasanmak bilen çäklenmän, dutarda ussatlyk bilen täze heňleri döredipdir. Baba Gambar dutaryň gazma kädisini, gapagyny tut agajyndan, perdeleridir taryny çig ýüpekden, tardakaryn, şeýtan perdesini ýa buýnuzdan, gulaklaryny-da seýregem bolsa Türkmenistanda ösýän täsin agajyndan ýasapdyr. Baba Gambaryň çalan sazlaryna Hezreti Alynyň Düldül aty-da maýyl ekeni. Araplar gelenden soň, Baba Gambar Hezreti Alynyň hyzmatynda bolupdyr. Halk içindäki maglumata görä, Hezreti Alynyň Düldül aty Baba Gambaryň sazyny günde bir gezek diňlemese, otuny-da iýmän, sortduryp durar ekeni. Türkmen dutaryny äleme ýaýan Baba Gambar dutaryň (sazyň) Piri hasaplanýar.

Biziň milli dutarymyzyň goşa sesli (ladly) bolmagy-da türkmen aýdym-sazynyň gadymylygynyň kepilnamasydyr. Garaz, biziň gadymy halkymyzyň aýdym-saz sungaty-da asyrlaryň heňňamyndan habar berýär. Şonuň üçin häzirki döwürde bagşylar güni diýip döwlet derejesinde bellenilýän baýramçylyk ähli türkmen halkynyň toýudyr.

VII asyrda ýaşap geçen meşhur bagşy Berbad Merweziniň at-owazasy sasanylar nesliniň patyşalyk eden döwürlerinde külli äleme belli dolupdyr. Berbadyň 360 mukamy, şeýle hem 30 sany saz toplumyny, ýedi sany aýdym toplumyny döredendigini saz sungaty hakyndaky gadymy çeşmeler habar berýär. Berbad Merwde sazçylyk mekdebini hem döredipdir. Ol öz döwründe ajaýyp sazanda, bagşy we kompozitor bolupdyr. Beýik ulama, akyldar Abu Nasr Faraby biziň türkmen aýdym-saz sungatymyz hakda “Saz ylmyna giriş” atly kitabyny ýazypdyr. Ol kitap Ystambulyň Köprüli kitaphanasynda saklanýar we häzirki wagtda bu eser türkmen diline terjime etdirildi.

Öz sözlerine saz düzüp, çalyp hem aýdyp bilýän adama türkmenler ozan diýýärler.

## Türkmen halkynyň gülläp ösen we beýik döwletleri guran döwrüniň medeniýetiniň taryhy (X-XVI asyrlar)

**X—XVI asyrlarda türkmen halkynyň maddy medeniýeti.** Türkmenistanyň ýerlerine arap halyfalygy aralaşandan soň ýerli medeniýetiň ösmegini diňe agtlaýynça bökdäpdir. VIII-IX asyrlarda Horezmde we Horasanda arhitektura işiniň janlanmagy bilen alamatlandyrylýar. Jaýlaryň esasy gurluşyk materialy çig kerpiç bolup, ussalar şondan jaýlaryň diwarlaryny-da, dürli-dürli çüri gümmezleri-de ussatlyk bilen örüpdirler; gurluşygyň köpçülikleýin häsiýeti gymmat düşýan agaç materiallary has hem tygşytlamaga olary mejbur edipdir.

Orta asyryň binagärçilik ýadygärlikleri biziň günlerimize çenli köp ýerlerde saklanyp galypdyr. Ol ýadygärliklere Sarahysdaky Abul-Fazlyň, Atamyrat etrabyndaky Astanababanyň, Mäne obasynyň Abuseýit Mehneýiniň kümmetleri, Daýahatyn kerwensaraýy, Dehistanyň minaralary, metjitleri we beýlekileri degişlidir. Merwdäki Soltan Sanjaryň kümmedi türkmen binaçylarynyň şöhrat—şanydyr. Ol şeýle bir berk gurlupdyr, hat-da ony basybalyjy Çingiz hanyň leşgerleri-de syndyryp bilmändirler.

Arap jahankeşdesi Ýakut ibn Hamawy bu kümmediň gümmeziniň uzaklygy bir günlik ýoldan hem görünýändigini nygtapdyr. Orta asyr ulamasy Reşideddin bolsa oňa “Dünýäde iň uly bina” diýipdir.

Bu binanyň mygmary sarahsly meşhur binaçy—ussa Muhammet ibn Atsyzdyr. Binýady dört metr çuňlukdan tutulan, otuz sekiz metr beýikligi bolan bu kümmet dörtburçly bişen kerpiçeden gurlupdyr. Ymaratyň özbolușly binagärlik keşbi,

diwarlara salnan nagyşlar türkmen ussalarynyň öçmejek şöhratyny aňladýar.

Merwiň beýleki gözel ýadygärlikleri bolan Gyzbibi kümmedi, Mehammet ibn Zeýdiň aramgähi, Hoja Ýusup Hamedanyň metjidi–bularyň hemmesi türkmen binagärçilik sungatynyň milli ýörelgeleriniň aýdyň subutnamasydyr.

Köneürgenç şäherinde bina edilen ymaratlar hem halkymyzyň milli binaçylyk sungatyndan galan asyl nusgalarydyr. Bu ýerdäki Il-Arslanyň, Tekeşiň, Nejmeddin Kubranyň, Soltan Alynyň, Törebeg hanymyň, Pirýar Weliniň kümmetleri, Gutlug Temiriň minarasy we beýleki ymaratlar biri-birini gaýtalanmaýan täsin görnüşleri bilen aklyňy haýran galdyrýar.

Gutlug Temiriň minarasy diňe bir Köneürgençde ýa-da türkmen topragynda saklanyp galan ymaratlaryň arasynda däl, eýsem tutuş Merkezi Aziýada iň beýik binalaryň biri hasaplanýar. Ilkibaşda segsen (80) metre golaý bolan bu minaranyň beýikligi häzir altmyş dört (64) metre ýetýär. Onuň başyndaky gümmezi Çingiz hanyň basybalyjy leşgerleri ýykypdyrlar diýen il arasynda rowaýat hem bar. Bu minara barada başga bir rowaýat hem aýdylýar:

Minarany gurdurýan hökümdar başga hiç ýerde şeýle beýik binanyň gurumazlygy üçin, gurluşyk gutaransoň onuň ussasyny öldürmeklik kararyna gelenmiş. Hökümdaryň bu piriminden habarly bolup, ussa başyny halas etmegiň gamyny iýip başlapdyr. Hem minarany beýgeldipdir, hem özüne gamyşdan, deriden ganat ýasanyp ugrapdyr. Işini boldum edip, ol özüniň ýasan şol ganaty bilen minaranyň başyndan uçup gidenmiş.

Ýokary gatlaklaryň galalarynyň-köşkleriniň gurluşykda ozalkysy ýaly uly tutmagy ýurduň jemgyýetçilik durmuşynda ýerli dehkanlaryň ornunyň uly bolandygyny görkezýär. Emma welin, häkimiýetiň merkezleşdirilen şertinde syýasy ýagdaýlaryň pugtalanmagy netijesinde, köşkler öňki goranyş wezipelerini belli bir derejede ýitiripdir. Gala indi örän beýik

sekiniň üstünde salynman, gös-göni ýerde, özi-de obadan çetde däl-de, obanyň ýaşalýan çäginiň içinde salynýar. Köşgüň girilýän agzy, öňküler ýaly, ikinji mertebede däl-de, gös-göni birinji mertebedäki myhmanhana barar ýaly edlip salnypdyr.

Şäherleriň gurply ilatynyň öýleri uly möçberleri bilen, otaglarynyň köpdügi bilen, daşyna haýat aýlanan bir ýa-da iki howlusynyň bolanlygy bilen häsiýetlendirilýär. İlatyň zähmetkeş gatlaklarynyň jaýlary bolsa uly däl, şäher gurluşygynyň dar çäkelirnde biri-birine gyslyşdyryp salnypdyr.

X asyrda şäherler, öz möçberleri boýunça heniz uly bolmadyk bolsalar-da, welaýatyň ýa-da şol töweregiň gyzgalaňly söwda-senetçilik durmuşynyň jemlenýän ýerine öwrülipdirler.

Uly şäher kerwensaraýyny Kişman diýen gadymy şäheriň harabaçylygy boýunça göz öňüne getirmek bolar, şu şäheriň orta asyrlardaky ady Hurmuzfar bolup, ol Merwden Horezme barýan ýolda guma giräýen ýerinde ýerleşýän eken.

X asyrda Türkmenistanyň ýerlerinde musulmançylygyň ornaşmagy bilen, bu ýerde din bilen baglanyşykly köp sanly jaýlar, metjitler, mazarlar (zyýarat edilýän ýerler), medreseler (ýokary dni okuw jaýy) peýda bolýar. Uly şäherlerde kwartal metjitlerindeh başga-da hökman juma metjitleri (“masjidi juma”, ýagny anna güni üýşülip namaz okalýan metjitler) hem gurulýar eken. Kada bolşy ýaly onuň arhitekturasy uly möçberleri we bezegleriniň nepis çekilendigi bilen tapawutlanypdyr.

X asyrda şäher senetçilik senagatynyň giňden ösendigi şol wagtyň durmuşda ulanylýan zatlaryndan, amaly sungatyň önümlerinden aýdyň görünýär. Keramika kämilleşýär; küýze döwükleri örän berk we ýuka bolup ugraýar. Gaplaryň formalary nepis; olaryň daş ýüzi köplenç gazma, käte bolsa ýelmeme nagyşlar bilen bezelýär. Syrçalaryň ulanylmagy şol döwrüň möhüm tehniki üstünligi bolup durýar. Suw saklanylýan gaplar, adatça, reňklenilýär, birentek halatlarda

bolsa nagyşlanylýar. Nagyşlaryň sýužetleri-dürli haşamlardan, saglyk-amanlyk arzuwlary ýazylan çylşyrymly hatlardan we şular bilen bir hatarda fantastik guşlaryň suratlaryndan, ertekilerdäki aýdylýan aždarhalaryň suratlaryndan we beýlekilerden ybaratdyr. Musulmançylykda janly zadyň suratyny çekmeklige gadagan etmekligine garamazdan, janly zatlardan şekilleriniň esasyndaky sýužetler halkyň amaly sungatynyň däplerinde saklanyp galýarlar.

Türkmenler şaý-sepleri, esasan-da kümüşden ýasapdyrlar, sebäbi kümüşüň saglyga peýdasynyň bardygy gadymdan mälim bolupdyr. Kümüş köp kesel döredijileri ýok edýär, bedeniň gan aýlanyşyny sazlaşdyrmaga kömek edýär.

Türkmenistanyň ýerlerinde zergärçilik orta asyrlarda has ösüpdir. Ýörüte kümüşçiler obalary bolupdyr. Seljuk şasy Mälik şanyň döwründe taryhy maglumatlara görä Merwde 15 müň zergär bolupdyr. Olar aýal-gyzlary, atlary bezemek üçin örän ajaýyp şaý-sepleri ýasap satypdyrlar. Gyzlara, gelinlere, ýaşy durugşan zenanlara, umuman ýaşyna görä şaýlar ýasalypdyr.

Merw, Sarahs, Abiwerd, Nusaý, Dehistan, Yzmykşir we beýlekiler keramika önümçiliginiň uly merkezleri bolup, olar öz önümleri bilen uly oba hojalyk etraplarynyň isleglerini kanagatlandyrypdyrlar.

XI-XII asyrlarda Türkmenistanyň ýerlerinde şäher gurluşygynyň we arhitekturanyň güýçli ösmegi bilen şöhratlanypdyr. Feodallaryň häkimiýet üstündäki gazaply göreşi, şäherleri berkitmek zerurlygy uly gala diwarlaryny gurmak baradaky borçlulygyň girizilmegine sebäp bolupdyr. Adatça şol diwarlar pahsadan ýa-da çig kerpiçden gurlupdyr, kämahallar bolsa, (mysal üçin Dehistanda) olaryň daşyna bişen kerpiç hem örülipdir.

Orta asyr Dehistan barada Beýik Galkynyşlar zamanasynda geçirilen halkara ylmy maslahatyna gatnaşyjylara gutlag hatynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdinuhamedow

şeýle nygtaýar: “Gözel Balkan welaýatynyñ giñ düzlüginde ýerleşýän Dehistan döwlet taryhy-medeni goraghanasynyñ orta asyrlarda özüniñ milli binagärlik sungatynyñ we ýerli arhitekturanyñ aýratynlyklary bilen jahana ýañ salan Buheýra, Ahur, Fyrgul, Habrasan, Rüstemgala, Ýylanly, Madaw, Şadüzgala, Akjagala, Hanlydepe, Gökjükdepe, Maşat-Misirýan medeni-taryhy ýadygärlikleri bu gün, täze Galkynyş eýýamynda dürli ýurtlaryñ tanymal alymlarynyñ, medeni-ruhy geçmişi öwrenijileriñ, jahankeşdeleriñ ünsüni barha özüne çekýän umumyadamzat genji-hazynasyna öwrüldi.”

Beýik diwarlar köp sanly ýarym tegelek diňler, janpenalar, kertik-kertik parapetler bilen üpjün edilipdir. Merwiň, Dehistanyň we Abiwerdiň goşa diwarlary bolsa aýry-aýry ýapyk böleklere-duşman üstüne birhili güpbassylar amala aşyrmak üçin bölünipdir. Diwarlaryň üstündäki giň meýdançalar zyňyjy gurallary oturtmak üçin niýetlenilipdir; diňlerde we diwarlarda atyjylar üçin aýratyn jaýlar gurlupdyr.

Bir tarapdan, köşkleriň, hökümet administratiw jaýlarynyň metjitleriň we medreseleriň, giň bazar meýdanlarynyň we magistral köçeleriniň ajaýyp kompleksleri bilen, beýleki bir tarapdan, senetçiler, günlükçiler we beýleki şäher garyplarynyň ýaşaýan ýaşaýyş jaýlarynyň kwartallaryndan tapawutly ösen feodal şäheriniň ýagdaýyny görkezýär. Uly köçeler şäheri kesip geçip, bir derwezeden beýleki derwezä tarap, merkeze tarap gönelip gidýär, emma şol köçeleriň arasyndaky uly meýdanlaryň çäklerinde çolaşyk, bulaşyk köçejikleriň, öwrümleriň we petekleriň çolaşyk, bulaşyk düzümi ýerleşýär.

Adatça dogry konfigurasiýada bolan meýdanlar şäherde örän möhüm orun oýnap, şol meýdanlara birnäçe köçe birigipdir. Şol köçeleriň gyralarynda bolsa uly jaýlar bina edilip, olar iri dünýewi feodallara ýa-da ruhany feodallara degişli bolupdyr. Ýazuw çeşmeleri Ürgenjiň baryp X asyryň ahyrlaryndan döräp başlan esasy meýdany hakynda habar berýärler. Meýdanyň ymaratlarynyň arasynda owadanlygy

boýunça göýä özüniň deňi-taýy bolmadyk Hajaja derwezesi, Horezm şasy Mamunyň köşgi bolupdyr, bu köşgüň öňünde bolsa (ähtimal, garşysynda) onuň ogly Alynyň köşgi bolan başga bir köşk ýerleşipdir.

Merwiň özi merkezi dabaraly paýtagt ymaratynyň mysalyny görkezýär. Merwiň merkezinde metjýidiň, Soltan Sanjaryň mazarynyň we köşgüň jaýlary ýerleşipdir.

Bezeg materialy hökmünde bişen kerpiç dürli geometrik haşamlary çekmek üçin peýdalanýar. Demirgazyk Horasanda ýörite ýasalan we gazylyp nagyş çekilen kerpiçjiklerden haşamlar etmeklik güýçli ösýär. XII asyrdan başlap, daşky diwarlary we gümmezleri timarlamakda mawy syrçaly nagyşyny ýa-da epigrafik nagyşy gazyp çekmegiň çylşyrymly haşamlary ulanylýar, bu kerpiç şondan soňra ýakylýar we diwarlaryň ýüzüni bezemek üçin haşamlanyp örülýär.

Şol wagtlarda Türkmenistanyň territoriýasyny iň uzakdaky ýurtlar bilen baglanyşdyran söwda gatnaşyklarynyň güýçli janlanmagy mynasybetli şäherlerde we uly ýollaryň ugurlarynda köp sanly düşelge howlulary we ambar desgalary-kerwensaraýlar, rabatlar, hanalar gurulýar. Uly şäherlerde olaryň sany onlarça bolup, şolaryň harabaçylyklary gadymky ýollaryň ugrunda hem-de Gurtly, Al-Asker, Miseriýan, Köneürgenç ýaly gadymy şäherlerde we başga birenteklerinde saklanyp galypdyr.

Şäher abadançylygynyň hökmany keşbi hammamlardan ybarat bolup, hammamlar şäherlileriň gündelik durmuşynda uly orun oýnapdyrlar. Horasanda Merwiň we Nusaýyň hammamlary aýratyn şöhratlanypdyr. Arheologlar Miseriýanda we Nusaýda orta asyr hammamlarynyň galyndylaryny tapypdyrlar. Hammamlar ýuwuş jaýlarynyň-gyzgyn we salkyn jaýlaryň, buga ýatylýan jaýlaryň, massaž edilýän jaýlaryň, dynç alynýan otaglaryň we beýleki otaglaryň bir toparyndan ybarat bolupdyr. Jaýlar ýer astyndan geçirilen gowy ýyly geçirijiler toplumy arkaly gyzdyrylypdyr. Nusaýyň hammamlarynyň

biriniň diwar ýazgylarynyň galyndylary saklanyp galypdyr. Bu diwar ýazgylary çyga we hemişe bolup durýan buga çydamly, açyk reňkler bilen ýazylypdyr. Ähli bu gurluşyklarda ýerli gurluşykçylaryň uly inženerçilik tejribesi görünýär.

XI-XII asyrlaryň monumental gurluşygynda din arhitekturasynda gurlan jaýlar ägirt uly orun tutýar. Günbatar Ýewropanyň orta asyr jemgyýetindäki hristiançylyk ýaly, yslamyň dini ideologiýasy hem Gündogar ýurtlarynda dowam edýän durmuş gurluşyň daýançlaryny mukaddesleşdiripdir.

Türkmenistanyň ýerlerinde XI-XII asyrlaryň ajaýyp metjitleriniň birnäçesi saklanyp galypdyr. Dandankan metjidinde ussa Abu-Bekir tarapyndan ýerine ýetirilen timarlaýyş işleriinň geçirilen wagty XI asyryň ahyrlary diýlip görkezilýär. Bu metjit baryp X asyrda bina edilipdir, ýazuw çeşmeleri bolsa ony “biçak owadan metjit” hökmünde häsiýetlendirýär. Saklanyp galan gurluşyklaryň arasynda Abu-Seýidiň Mänedäki mazary (1049-njy ýyl töweregi), Sarahsly Abyl-Fazylyň mazary (XI asyryň 20-nji ýyllarynda), Sarahsyň golaýyndaky 1098-nji ýyl diýen senäni saklap galan Ýartygümmez gubury (şyh Ahmet al-Hadiniň mazary bolmaga çemeli), Küfendäki Şugundyrbaba we başgalar bar.

Umumy arhitektura keşbi nukdaý nazaryndan garanyňda, şyhlaryň guburlary bilen dünýewi adamlaryň guburlarynyň arasynda hiç hili düýpli tapawut bolmandyr.

Dehistanda girelge tarapy güýçli ösdürilen tegelek ýa-da köp gapyrgala mazar agdyklyk edýär. Tekeşiň mazary Horezm görnüşiniň has oňat nusgasydyr.

Merwde Soltan Sanjaryň mazary demirgazyk Horasan arhitektura mekdebiniň döredilen ajaýyp zadydyr. Baryp XIV asyryň başlarynda Reşit ed-din şol mazary “Dünýäde iň uly jaý” hökmünde häsiýetlendiripdir. Ýakudyň sözlerine görä (XIII asyryň başlary) onuň mawy gümmezli ýoluň ol ujundan (ýagny 30 kilometre çenli bolan uzaklykdan) görnüpdir. Diňe ýekeje jaýdan ybarat bolan bu jaýyň möçberi hakykatdan-da

uly bolupdyr, onuň beýikligi 30 metrden-de köpräk bolup, onuň gümmezi 16,50 metr aralykdaky içki giňişligiň üstüni ýapyp durupdyr. Bu jaýyň diwarlarynyň daş ýüzi umumy uzynlygy 27X27 metr bolupdyr. Emma iş diňe bir bu möçberlerden ybarat bolman, kompozisiýanyň täsin galdyryjy derejede oňat kämilleşdirilendiginden hem ybaratdyr, şonuň netijesinde bolsa bu ýadygärlik henize çenli güýçli täsir döredýär.

Horezm we Horasan ussalary daşy hem örän oňat işläp bejermegi başarypdyrlar.

Bu döwürde keramika önümçiligi ýokary derejä ýetýär. Bu önümçiligiň esasy merkezleri Merw, Nusaý, Dehistan, Ürgenç bolupdyr, emma "paýtagt" ussahanlary bilen bir hatarda küýzegärçilik küreleri hem birentek şäherlerde we obalarda bolupdyr. Syrçasyz keramika giňden ulanylypdyr, bu keramika köplenç wagtlarynda gazylyp çekilen haşamlar bilen bezelýär, şonuň ýaly-da galyplanan haşamlar bilen bezelýär.

Tehnologik gözlegleri ýerli ussalar silikat küýze palçygy bolan "kaşina" ulanmaklyga getiripdir, bu bolsa çüýşe görnüşli syrçanyň astyndan örän oňat görünýän owadan nagyşly gap-çanaklary ýasamaga mümkinçilik beripdir. Bu tehnika Horasan önüminde hem (Nusaýda) peýdalanylypdyr. Gijiräk bu tehnika Orta Gündogardan Hytaýa aralaşýar. Soňra bu tehnika Orta Gündogardan Hytaýa aralaşýar. Sowet arheologlary Dehistanda hem altyn çaýylan reňkdäki keramikanyň aýratyn tipiniň- "lýustranyň" çykarylandygyny takyklapdyrlar. Horezmiň keramiki önümi Wolga bulgarlarynyň küýzegärçilik önümçiligine hem uly täsir edipdir.

Aýna önümçiligi giňden ýaýrap, bu önümçiligiň önümleri hususan-da parfýumeriýada ulanylypdyr. Köplenç wagtlarda mylaýym sary, goýy ýaşyl, mawy, gyzgylt reňke we başga reňklere boýalan aýnadan owadan flakonlar, bulgurlar, çüýşeler ýasalypdyr. Metaldan (esasan-da bürünçden) çeper önümler ýasamak sungaty-tabaklar, kündükler, jamlar, şlemler,

galkanlar, çyra goýulýanlar we başgalary ýasamak sungaty güýçli ösüpdir.

Çeper dokalan matalar we halylar durmuşda, soňra bolsa senetçilik önümçiliginde öý önümçiliginde uly orun eýeläpdir, şol matalar we halylar Türkmenistanyň çäklerinden has uzak ýerlere hem äkidilipdir. Olaryň keşbi barada häzirki wagtda gürrüň etmek kyn. XI-XII asyrlaryň Horasan halysynyň örän nepislik bilen dokalyp saklanyp galan nusgasynda gyra we jähek nagyşlarynda şu günki güne çenli türkmen halyçylarynyň döredijiliginde hem ýaşap gelýän owadan nagyşlary görmek bolýar, hususan-da diňe bir howaýy nagyşlary däl, belki tirkelgi düýeleriň şekilini hem görmek bolýar, halyda iki sany piliň suraty çekilipdir.

XI-XII asyrlarda Türkmenistanyň çeperçilik medeniýetiniň arasy XIII asyryň başlarynda mongollaryň çozuşy bilen kesilipdir, mongollaryň çozuşy mahalynda medeni taýdan gymmatly zatlar rehimsizlik bilen ýok edilipdir. Basybalyjylar gülläp oturan şäherleri düp-düz edipdirler, arhitektura ýadygärliklerini weýran edipdirler, zähmetsöýer adamlaryň ençeme nesiller tarapyndan döreden sungat eserlerini ýok edipdirler.

Wagtyň geçmegi bilen basybalyjy mongollar boýun egdirilen halklaryň has ýokary, medeni derejesine uýgunlaşyp başlaýarlar. Mongol han-begleriniň wekilleriniň özleri käbir gurluşyk çärelerini amala aşyryp başlaýarlar. Mysal üçin, 1250-1251-nji ýyllarda mongol hökümdary Argunyň buýrugy boýunça Merwiň ilaty Razyk-Abat diýen ýerde (Gäwürgala bilen Soltangalanyň arasyndaky günorta uçastokda) Argun üçin uly bag hem-de köşk döredýär, pawilýonlar gurdurylýar. Şol gurluşyklaryň arasynda arheologlar buddizme degişli kiçeňräk sejdehananyň galyndylaryny tapypdyrlar. Muny gurmaga Uzak Gündogardan getirilen gurluşykçylar (Hytaý gurluşykçylary bolmaga çemeli) we merwli ýerli gurluşykçylar gatnaşypdyrlar.

XII asyryň ahyrlarynda, jemgyýetçilik durmuşynyň belli bir derejede tertibe salynmagy mynasybetli, Hulaguwylaryň döwletiniň düzümine giren Horasanda we Dehistanda hem-de Altyn Orda tabyn bolan Horezmde weýran bolan şäherleriň käbirlerini-Nusaýy, Ýazyry, Dahistany, Ahury, Ürgenji, Mizdahkany dikeltmek barada işler geçirilendigi hakynda taryhy maglumatlar habar berýär. Bu şäherlerde şol mahal arihtektura-gurulşyk işi dikeldilýär.

Monumental arhitektura jaýlary üçin material bolup bişen kerpiç hyzmat edipdir, ýaşaýyş jaýlary bolsa (hatda hökümdarlaryň we han-begleriň köşkleri-de) çig kerpiçden bina edilipdir. Günorta Türkeminstanyň şäherleriniň gurluşyklarynda köp reňkli ýylmanak maýolika plitalary giňden ýaýraýar. Bularyň Merwde, Ýazyrda, Nusaýda, Abiwertde ulanylandygy bellidir.

Merw oazisiniň demirgazyk-günbatar çetinde Gökgümmez sebitinde XIII-XIV asyrlar degişli desgalaryň toplumy saklanyp galypdyr. Munuň özi türkmenleriň gadymdan gelýän uly gonamçylygy bolup, ol ýerde şyhlar ýaşapdyrlar.

XIII asyryň ahyrynda–XIV asyryň başynda Mänede Abu-Seýidiň mazarynda uly restawrasion işler geçirilipdir.

Syrçaly timarlaýyş arhitektura plitkalarynyň tapyndylary Dehistan ýerleriniň baş şäheri bolan Dehistanda gurluşygynyň ep-esli derejede janlanandygyny görkezýär. Bu ýerde keramika önümi ýokary derejede gülläp ösýär.

Türkmen halylary hakyndaky bize ilkinji gelip ýeten ýazuw maglumatlary baryp XIII asyrda peýda bolup başlaýar.

Marko Polo türkmen halylaryny “Dünýäde iň nepis we iň owadan” halylar diýip häsiýetlendirýär, bu bolsa öz ömründe İtaliýa bilen Garagum aralygyny gezip, köp oňat zatlary gören wenesiýalynyň öwüp aýdan sözleri bolýar. Çeper türkmen aýal-gyzlary özleriniň ýokary ussatlygyny aýawly saklapdyrlar we ony gyzlarynyň hem-de agtyklarynyň täze nesillerine geçiripdir. Halyçylyk sungaty türkmenler tarapyndan Ýakyn

Gündogara hem geçirilipdir. Kiçi Aziýa türkmenleri İbn Seýidiň aýdyşyna görä, ajaýyp türkmen halylaryny dürli ýurtlara iberer ekenler. Orta asyr türkmen halylary Täzeden döreýiş zamanynyň italýan ussatlary lippo Miminiň (1359-njy ý.) we Nikolo Buonakarsonyň (1380-nji ý.) çeken suratlarynda şekillendirilipdir, bu suratlar, şübhesiz, türkmen halylarynyň hut öz nusgasyndan we Türkmenistanyň XIX asyrdaky halylaryň görnüşine örän ýakyn bolan halylar boýunça çekilipdir.

Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen zenanlarynyň nepislik bilen dokaýan halylaryna şeýle baha berýär: "Türkmen halysy biziň gün saýyn ösýän ata Watanymyzyň gözellik nusgasydyr. Uz barmakly, çeper elli halyçylarymyzyň dokaýan halylarynyň her bir inedördül metrine bir million bäş ýüz müňden gowrak çitim ýerleşdirmegi başarmagy, dünýäni haýran galdyrýan bäş sany äpet halyny dokamaklary hakyky gudratdyr."

XIV asyrda Horezmiň çeperçiylik medeniýeti täzeden ýokary göterilip ugraýar.

XIV asyryň 30-njy ýyllarynda Ürgenç uly, giň köçeleri, baý bazarlary, köp sanly ymaratlary bolan abadan gurlan şäher bolupdyr. Gutlug Temiriň dolandyran döwründe onuň aýaly Törebeghanym hanaka we giň metjit gurdurýar. Gutlug Temiriň özi bolsa medrese we beýikligi 60 metre golaý minara saldyrýar, bu minara Köneürgençde häzir hem bar. Minara bişen kerpiçden örülipdir, ol togalak sütün görnüşinde bolup, ýokary galdygyça inçelýär.

Syýahatçy İbn Batuta Ürgenjiň beýleki ajaýyp binalarynyň arasynda gospitaly, Abyl-Kasym az-Zamahşarynyň guburyny, Şyh Jemal ed-diniň hanakasyny, Şyh Nejimed-din Kubranyň mazarynyň üstündäki hanakasyny ýatlap geçýär.

Baý Ürgenç kazysy Abyl-Hafe Omaryň öýünde ýere düşelen ajaýyp halylar, kümüş we altyn çaýylan ýerli gaplar hem-de Yrakdan getirilip, diwaryň tekçelerinde we diwarlaryň

ýüzüne tutulan ýüpek matalar syýahatçy İbn Batutany haýran galdyrypdyr. Şu bezeg-zinetleriň hemmesi-matalar, gap-gaçlaryň köp bölegi, nagyşlanan agaç önümleri Horezmiň ökde ussalary tarapyndan ýerine ýetirilipdir. Horezmde hem XIV asyrda bezeg sungatynyň ösüşi ýokary kämillige ýetýär.

XV asyryň bezeg sungaty tehnikanyň we görnüşiniň ýokary kämilleşmegi bilen tapawutlanýar. Daş ýonujy ussalar uly ussatlyk bilen işläpdirler. Nusaýdaky, Merwdäki, Kerkidäki we beýleki şäherlerdäki XV asyryň daşdan ýasalan mazar ýadygärlikleri çylşyrymly, käwagtlarda bolsa gat-gat edilip gazylyp ýasalan haşamlar bolan çylşyrymly ýazgylar, ösümlikleriň biri-biriniň içinden geçirilen şekilleri, owadan sütünjikler we arkajyklar bilen bezelipdir. Şu işler üçin başga ýerden getirilýän açyk reňkli mermer daşlarynyň ýumşak hili hem ýerli garamtyl çägesöw daşlar ulanylyptyr. Nusaýda, Durunda, Merwde, Abiwertde we gaýry şäherlerde keramiki ussahanalaryň işi bu döwürde janlanyp başlaýar.

Çarwa türkmen taýpalarynyň durmuşynda önküsi ýaly haly dokamak işi ösýär. Günbatarda örän ýokary baha berilýän bu halylar türkmen ýurdunyň çäklerinden daşaryk äkidilipdir. Pistoýdaky meýlishananyň freskalaryny 1475-nji ýylda Lorenso-di Kredi diýen hudožnik çekipdir.

Orta Aziýada, hususan-da, Horezmde we Demirgazyk Horasanda suwarymly ekerançylygyň, ýagny esasy suw çeşmeleri bolan Amyderýanyň, Murgabyň, Etrek derýasynyň we beýlekileriň suw ýagdaýyna bagly bolan suwarymly ekerançylygyň alamatlary bu ýerde astronomiýanyň we dürli matematiki ylymlaryň, ylaýta-da amaly geometriýanyň barha ösmegi inžener we arhitektura gurluşygy üçin uly ähmiýete eýe bolupdyr. Ýere bolan hususy eýeçilik , söwda hasabatlarynyň we söwda gelşikleriniň hajatlary, dürli pullary ýöredýän şertlerinde pullaryň mynasybetiniň hasaplary, mirasly paýlamagyň çylşyrymly usullary we feodalçylyk şäherleriniň durmuş şertleri esasynda ýüze çykan, şolara meňzeş wezipeler

hususy ýagdaýlary umumylaşdyryp çözýän algebranyň ösmegini şertlendiripdir.

**Türkmen halkynyň gülläp ösen döwrüniň ruhy medeniýeti.** Asyrlar boýy arzuw edip gelen türkmen halky özüniň Garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soň, taryhyny, medeniýetini dogryçyl öwrenmäge mümkinçilik aldy. Öň ýatdan çykarylan şahsyýetleriň döredijilik mirasyny öwrenmek ýola goýuldy. Taryhy maglumatlardan belli bolşy ýaly, kökleri gadymýetden gaýdýan halkymyzyň taryhynda ylmy açyşlar bilen dünýä medeniýetiniň genji-hazynasyna özleriniň saldamly goşantlaryny goşan beýik şahsýetlerimiz bu gün ruhumyzy galkyndyrýar.

Orta asyrlarda Merkezi Aziýada ylym belent derejä ýetip, häzirki Türkmenistanyň ýerleşýän ýeri dünýä medeniýetiniň ojaklarynyň biri bolupdyr. Ylmy işler bilen tanalýan ildeşlerimiz Abu Abdyllah Muhammet ibn Musa al Horezmi, Ahmet ibn Abdylla al Merwezi, Abul Hasan Aly ibn Ahmet an Nesewi, Abu Reýhan al Biruny, al Fadl ibn Sahl as Sarahsy, Abu Magşar Horasany, Abu Bekir as Suly, Abu Japar al Hazyny, Abu Aly ibn Sina ýaly meşhur alymlaryň tagallalary bilen ylmyň dürli pudaklarynda ajaýyp üstünlikler gazanylýar.

Mahmyt Gaznaly seljuk türkmenleriniň soltanlarynyň, Köneürgenç soltanlygynyň döwründe bütin yslam dünýäsinde ylmyň, edebiýatyň, sungatyň kerwenini çeken türkmen, dünýä türkmen medeniýetini tanadan şahsyýetdir. Ylma, sungata, ruhy dünýäsine berlen Köneürgenç türkmen döwleti synanyndan soň türkmeniň beýik danyşmentleri, alymlary, edebiýat we sungat adamlary diňe bir Türkiýäniň üsti bilen däl, eýsem, başga ikinji bir ýol bilen, ýagny— Kawkaza, Ruma, Arabystana ýetipdirler, ondanam Müsüriň üsti bilen Ispaniýa geçipdirler. Şeýlelikde, türkmen halkynyň ylmy-önümçilik gazananlary Ýewropa ylmy-önümçiligine, ösüşine hamyrmaýa, gönezlik bolupdyr diýip aýtmaga taryhy maglumatlar doly güwä geçýärler. Türkmen tigri dünýä ylmynyň ösüşine tizlik beripdir. Türkmenleriň

dünýä ýaşaýşynyň, ylmynyň, önümçiliginiň, senagatynyň ösüşine goşan goşantlary ymgyr kän, olar geljekde düýpli öwrenilmeli.

X asyryň şahyry Masudy Merwezi halk eposynyň esasynda “Şanama” diýen kitaby ýazypdyr, emma ondan biziň günlerimize çenli diňe birnäçe bölümler gelip ýetipdir. Soň-soňlar bu eser asly horasanly bolan beýik şahyr Ferdowsi (934-1027)-nji ýyllar) tarapyndan peýdalanylypdyr. Ferdowsi dünýä poeziýasynyň görnükli ýadygärligi bolan “Şanama” poemasynyň awtorydyr. Özünden öň öten şahyrlaryň arasynda Ferdowsiniň özi merwli goja Azade-Seriwiň adyny tutýar, şol gojanyň pikirlerinden doly ugur alypdyr, dilinde bolsa hemişe gadymy zamanlar hakyndaky gürrüňler bolupdyr. Ol özüni Narymanyň ogly Şamyň nesli hasap eder eken we huşunda Rüstemiň görkezen edermenlikleri hakynda köp gürrüňleri saklapdyr. Azade-Serw Merwiň gürrüňçilerinden biri bolmaga çemeli. “Şah-namanyň” halk eposynyň rowaýatlaryny öz içine alýan köp ugurlary soň-soňlar türkmen halkynyň edebiýatyna hem geçipdir.

Turkmen halkynyň irki döreden iri halk döredijilik eserleri esasan harby – gahrymançylyk babatda bolupdyr. Çünki her bir türkmen her zatdan ozal Watany, ony goramagy ilkinji orunda goýupdyr, Watany öz ömrüniň manysy hasaplapdyr.

Turkmen şahyrlarynyň içinde harby-gahrymançylyk temasynda goşgy ýazmadyk, ýekeje-de söz ussady ýokdur. Olar batyr ýigitleriň edermenliklerinden, watansöýüjiliklerinden ylham alypdyrlar.

XI asyrda Mahmyt Kaşgarlynyň “Diwan lugat at-türk” diýen sözlüginde ýazyp görkezen köp sanly oguz (türkmen) nakyllary, atalar sözleri we goşgulary türkmen folklory bilen, hatda biziň günlerimiziň folklory bilen-de, şeýle hem XVIII asyryň şahyrlarynyň oguz türkmenleri tarapyndan X-XI asyrlarda döredilen nakyllaryň, atalar sözleriniň we beýleki şahyrana sözleriniň köp-köpleriniň türkmen folklorynda häzir

hem ýaşap gelýändigi belli bolýar. Emma IX-X asyrlardaky oguz türkmenleriniň halk döredijiliginiň tutuş ýagdaýy hakynda biziň bilýän zadymyz örän azdyr. XVII asyrda ýaşan Hywa taryhçysy Abulgazy Bahadur han tarapyndan özüniň “Türkmenleriň sejeresi” diýen eserinde getirilýän oguz legendalary we rowaýatlary oguzlarda eýýäm X asyrda gahrymançylykly eposyň dörändigine, şol eposyň esasy gahrymanlaryndan biriniň hem oguz han-begleriniň wekili batyr Salyr Gazanyň bolandygyna güwä geçýär. Salyr Gazan hakyndaky rowaýatlar häzirki wagtda hem türkmenleriň arasynda giňden ýaýrandyr.

Türkmenleriň yslam dinini kabul edip, araplaryň Merkezi Aziýa aralaşyp başlan mahalynda, ýagny Vlll-X asyrlarda türki dildäki edebiýatda uly pese düşüşlik emele gelýär. Her halda, X-XIII asyrlarda türkmen dilinde eser döreden şahyrlaryň sany artyp başlaýar. Muňa diňe bir ata Watanymyzyň çäginde ýaşan şahslar däl-de, eýsem daşary ýurtly türkmenler-de bimöçber goşant goşupdyrlar. Garahanly türkmenleriniň şalygynyň meşhur türkmen akyldary Ýusup Balasagunlynyň “Kutatgu bilik” (“Bagt getirýän ylym”), Mahmyt Kaşgarlynyň “Diwan lugat at-türk” (“Türki dilleriň sözlüginiň diwany”) atly eserleri türki dilli edebiýatyň ösüşine uly badalga berýär. Hoja Ahmet Ýasawy, Gul Süleýman, Soltan Welet, Ýunus Emre, Hoja Daýhan ýaly şahyrlar ýazuwly edebiýaty ösdürýärler. Olar öz eserlerini halkyň janly gepleşik dilinde ýazmak bilen, gadymy oguz edebi däpleriniň, halk döredijiliginiň baý ýörelgelerini dowam etdiripdirler. Şeýlelikde, Seljuk şadöwletiniň çäklerinde iki hili edebiýat—pars dilindäki köşk edebiýaty hem-de halk döredijiligi bilen kybapdaş türkmen dilindäki nusgawy edebiýat peýda bolupdyr. Bularyň birinjisi arap-pars edebiýatynyň, ikinjisi bolsa oguz edebiýatynyň däplerini giňden gollanypdyrlar.

Baýram han Türkmeniň häsýetlerini onuň ogly Abdyrahym han dowam etdiripdir. Batyrlygyň, goşuna

ýolbaşçylyk etmegiň ýokary ussatlygyny görkezendikleri üçin olara “Hanlaryň hany” (Han-hanan) diýen döwlet derejesi berilipdir. Hindistanyň taryhynda häzirki günde hem olaryň harby sungatyna aýratyn orun degişlidir.

XII asyrda ýaşan Şamly Mihail türkmen soltanlarynyň Kiçi Aziýada öz raýatlaryna musaýlyk, isaýylyk bolsun ýa-da otparazlyk—ata-baba uýan dinini saklamaga, ybadat-dessurlaryny berjaý etmäge rugsat berendigi hakynda ýazýar. Rim soltanlygyň Seljuk türkmenlerinden bolan häkimi Gylyç Arslan II-niň (1188-nji ýylda aradan çykan) ýakowitleriň kethudasyna iberen haty saklanyp galypdyr. Onuň ilkinji setirlerinde şeýle diýilýär: “Kappadokiýanyň, Siriýanyň, Ermenistanyň beýik soltany Gylyç Arslan–biziň soltanlygymyzyň dosty bolan, ýeňişleriň bize hemra bolmagy barada doga ediň, Bar-Saumy ybadat öýünde mesgen tutan we biziň soltanlygymyzyň şan şöhratyna guwanýan kethuda ynsana” diýen sözler bilen başlanýar. Gylyç Arslanyň ysraýyllaryň öz döwletinde ýerleşen ähli ybadat öýlerini salgytlardan boşadandygy bellenilýär.

Türkmenistanyň ýerlerinde ýerleşýän şäherlerde özlerine orun tapan we işlän alymlaryň ençemesiniň şöhratly atlaryny taryh saklapdyr. Mysal üçin, 1017-nji ýylda Ürgençden çykyp gitmäge mejbur bolandan soň, beýik lukman, tebigaty synaýjy we filosof Awisenna (İbn Sina) Nusaýda hem-de Abiwertde bolupdyr. Mongollaryň basysybalyşlarynyň öň ýanynda Merwde şol wagtlaryň iň uly kitap saklanýan jaýlaryň (kitaphanalaryň) onusynyň bolandygy taryhy maglumatlardan bellidir. Arap geografy Ýakut şeýle ýazypdyr: “Men sany boýunça we artykmaçlygy boýunça şolara meňzeşleri bütin dünýäde görmedim”. Ol şäheriň meýlishana metjidiniň ýanynda bolan iki kitaphananyň adyny tutýar. Olaryň birine Aziziýe diýlip, onda 12 müň toma golaý kitap bolupdyr, ikinjisine Kemaliýe diýlip at berlipdir. Şeref al-mülküň, Nyzamalmülküň, Amidiýäniň, Hatuniýäniň medreseleriniň ýanynda bolan

Dumariýe kitaphanasy agzalyp geçilýär. İki kitaphana Samanynyň öýüne degişli bolup, kitaphanalaryň biri wezir Mej al-Mülke degişli bolupdyr.

Hususan-da, Merwde Birunynyň ylmy traktatlarynyň otuzdan gowragynyň sanawynyň bolandygy görkezilip geçilýär.

Serdiýän döwürde Türkeminsatnyň ýerlerinde gumanitar we takyk ylymlar, ebediýat, arhitektura bezeg sungaty ep-esli derejede ösýär.

Abu-Reýhan Muhammet ibn Ahmet al-Biruny (973-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda doglupdyr, 1048-nji ýylda aradan çykypdyr) orta asyr Gündogarynyň beýik alymlarynyň hataryna girýärdi.

Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ibn Sina uly hormat goýmak bilen şeýle belleýär: "Öz hünärim bilen baglylykda men gadymyýetiň beýik alymy Ibn Sinanyň eserini gyzyklanma bilen köp okadym. Meni bu adamyň gyzyklanmalarynyň çuňlugy we giňligi haýran galdyrdy. Ibn Sina diňe bir lukman hökmünde däl, eýsem filosof we akyldar hökmünde hem beýikdir."

Dünýägaraýyşlarynyň progressiwligi, ylymlar bilen gyzyklanmagynyň ensiklopedik giňligi, akyl ýetirişiniň çuňlugy biruny öz zamanyndan köp derejede ýokarda duran we uzagy gören ähli zamanlaryň we halklaryň örän uly akyldarlary bilen bir hatarda goýýar. Ol Günorta Horezmde doglan we häzirki Ürgenjiň golaýyndaky obada doglan diýip çak edilýär. Watanyny taşlap gitmäge telim gezek mejbur bolan Biruny käte Gürgençde Kabus ibn Waşmiriň köşgünde, käte-de Gaznada Mahmudyň we Masut Gaznalynyňkyda gullukda bolupdyr. Ýöne ol bu köpsanly sergezdanlyklary ylmy maksatlar üçin peýdalanypdyr, tebugaty we durmuşy barlap, özüniň geografik , filologik hem etnografik bilimlerini giňeldipdir.

Biruny obýektiw bilimlerini dini dogmatlara we galat düşünjelere çürt-kesik garşy goýupdyr. Alymyň jemgyýetçilik

garaýyşlarynyň progressiwligi onuň halk arasynda duşmançylygynyň bolmagyna garşy aýdan pikirlerinde beýan edilipdir. Biruny Mukannanyň VIII asyrda bütin Orta Aziýany diýen ýaly öz içine alan halk hereketine üns beripdir we şol hereket hakynda taryhy eser ýazypdyr, ýöne welin, nebsimiz agyrsa-da, şol eser biziň günlerimize çenli saklanyp galmandyr.

XII asyryň görnükli alymlarynyň arasynda belli lukman Zeýn ed-din Abu-Ybrahym al-Jurjanynyň adyny tutup geçmek ýerlikli bolar. Ol Horezmde uly medisina ensikolpediýasyny galdyryp, ony Köneürgenç türkmen döwletiniň şasy Kutb ed-din Muhammede (1091-1128-nji ýyllar) bagyşlapdyr. Jurjany öz ömrüniň soňky ýyllaryny Merwde geçiripdir we şol ýerde 1136-njy ýylda ýa-da 1139-njy ýylda aradan çykypdyr.

1121-nji ýylda alym Kazini agramlar hakynda soltan Sanjara traktat bagyşlapdyr. Şol traktatda agramlaryň dürli görnüşini häsiýetlendirmekden başga-da, deňargamlylyk kanunlaryna geometrik we fizik taýdan düşündiriş berilýär.

Geçmişde ylmyň köp pudaklary boýunça ölmez-ýitmez eserler döreden beýik alymlarymyzyň biri hem Mahmyt Zamahşarydyr. Ol 1075-nji ýylyň mart aýynyň 19-na häzirki Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň Zamahşar (Yzmykşir) şäherçesinde türkmen maşgalasynda eneden dogulýar, 69 ýaşap, 1144-nji ýylyň 14-nji iýunynda Köneürgençde aradan çykýar. Beýik alym hem şahyr Zamahşary birnäçe gezek Käbä zyýarat edipdir. Mekgede üç ýyl ýaşapdyr. Merwde, Bagdatda, Damaskda we Gündogaryň beýleki ýurtlarynda bolup, görnükli alymlar bilen işläpdir, medreseleriň köpüsinde ders beripdir, köp alymlary ýetişdiripdir. Alymlaryň anyklamagyna görä, onuň altmyşdan gowrak eseriniň ady belli, emma entek anyklanylmadyk eserleriniň hem bardygy ýazylýar.

Zamahşarynyň alty jiltden ybarat “Ýagşyzadalaryň bahary” kitaby, “Altyn halkalar”, “Paýhasly sözler” atly eserleri we şygyr diwany türkmen diline geçirilip, Türkmenistanyň milli

medeniýet “Miras” merkezi tarapyndan neşir edildi. Zamahşarynyň “Ýagşyzadalaryň bahary” eseriniň I jiltinde 7 bap, VI jiltinde hem 7 bap tebigata bagyşlanypdyr. Beýleki eserlerinde hem tebigat bilen baglanyşykly meňzetmeleri ulanypdyr.

I jiltde arş, kürs, ýyldyzlar, asman, bulut, ýagyş, ýyldyrym, howa, ýel, şemal, yssy, sowuk, kölege, ot, jähennem ody, ýagtylyk, ýerler, daglar, daşlar, gymmatbaha daşlar, çöller, ýer titreme, suwlar, deňizler, derýalar, çeşmeler, agaçlar, ösümlikler, bossanlar, miweler, gülüstanlyklar we şuňa meňzeşler hakynda maglumatlar berlipdir.

VI jiltde atlar, eşekler, gatyrlar, düýeler, sygyrlar, goýunlar, ýyrtyjylar, balyklar, deňiz jandarlary, guşlar, olaryň jüýjelerini ekleýişleri, çybyn-çirkeýler, siňekler, kebelekler, arylar, çekirtgeler, mör-möjekler, ýer jandarlary we şuňa meňzeşler hakynda ýazypdyr.

Mahmyt Zamahşarynyň bu ýazgylarynda tebigat täsinlikleri, ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen baglanyşykly gymmatly maglumatlar bar. Olarda ulanylan şygyr setirleri, pygamberler, taryhy şahslar, alymlar, hadysçylar, taryhçylar, edebiýatçylar, hökümdarlar, serkerdeler hem-de başgalar hakyndaky maglumatlar örän gyzyklydyr.

Görnükli türkolog W.W.Bartoldyň belläp geçişi ýaly, Seljuklar şadöwletiniň döremegi bilen oguz ýa-da türkmen halky orta asyrlarda türk halklaryň hiç biriniň ýetip bilmedik derejesine ýetip, musulman dünýäsinde ähmiýetli orun eýeläpdir. Alymyň bu aýdan sözleri edebiýatyň, taryhyň, halk döredijiliginiň, sungatyň düýpli meselelerini öz içine alýar, bu ähmiýetli meselelerde seljuklar döwletiniň uly işleri amala aşyrandygyny beýan edýär. Hakykatdan-da, beýik seljuk soltanlary Togrul beg, Alp Arslan, Mälik şa duran seljuklar nesilşalygy hakyky türkmen döwleti bolup, ol Merkezi Aziýa ýurtlaryndan başlap, tä Siriýa, Palestina çenli ençeme ýurtlary öz häkimligi astyna birleşdiren güýçli döwlet bolupdyr.

Türkmen medeniýeti öz düzümine giren köp sanly özge halklaryň medeniýetine uly täsir edipdir, hat-da ýatdan çykmajak yz galdyrypdyr. 1064-nji ýyldan 1092-nji ýyla çenli Seljuk döwletinde wezir bolup işlän we hakykat ýüzünde birinji derejeli wezir Nyzamyl-mülk görnükli syýasy işgär bolupdyr. Ösen medeniýetli Seljuklar döwletiniň edebiýatynda uly yz galdyran, uly ähmiýete eýe bolan ajaýyp eserleriniň biri-de Nyzamylmülküň "Syýasatnama" eseridir. Ýazaryň özüniň garaýyşlarynyň edebi ýordumlarda ýerlikli ulanylan bu täsin eserde döwlet gurluşy, döwleti, halky dolandyrmak, ýolbaşçylyk etmegiň meseleleri barada düýpli pikirler öňe sürülýär.

"Syýasatnama" eseriniň içinden boýdan-başa erş-argaç bolup geçýän meseleleriň esasylaryndan biri-de asylly hem-de adalatly hökümdar meselesidir. Nyzamylmülk halky maglumatlary, ýordumlary, ulanmak bilen (mysal üçin, Bahram Gur hakdaky hekaýat), Hysrow, Şirin, Perhat baradaky efsana myhmansöýerligi üçin Allatagala tarapyndan goralyp gelen Müsür pygamberi baradaky efsana bilen özüniň öwüt-ündewlerini, pikilerini düşnükli, ynandyryjy görnüşde bermegiň hötdesinden gelipdir.

XII—XIII asyryň başlarynda Türkmenistanda birnäçe uly taryhçylar orta çykypdyrlar. Görnükli taryhçy as-Samanynyň (1113-1167-nji ýyllar) doglan ýeri Merw bolupdyr. Onuň asly Merwiň köne ýokary gatlagyndan bolup, bu neberäniň şol ýerde uly mülkleri bolupdyr. Ketdebabasyndan başlap, onuň ata-babalary alymlar toparyna degişli bolupdyr. Ýokarda görkezilip geçilşi ýaly, Merwde iň uly kitaphanalaryň ikisi Samanynyň öýüne degişli bolupdyr.

Samanynyň eserleriniň birentek maglumatlaryny tanymal arap geografy Ýakut peýdalanypdyr. Ýakut XIII asyryň başynda Merwde ýaşap, kitaphanalarda "Ýurtlar sözlügi" diýen giň ensiklopedik geografik sözlügi düzmegiň üstünde işläpdir. Ol şeýle ýazypdyr: 'Men gözleg gyzyklanmamda öz

Watanymy-da, öz maşgalamy-da ýatdan çykaryp, özümiň hemme wagtymy diýen ýaly şol dürli kitaphanalarda geçirdim; men ol ýerde bu kitaby düzmek üçin we özümiň beýleki ýazuwlarym üçin maglumatlaryň hemmesini diýen ýaly ýygnadym...”

Muhammet ibn Ahmet an-Nesewi nusaýly bolupdyr. Öz watanyny mongollaryň basyp almagy bilen baglanyşykly wakalaryň şaýady we şol wakalara gatnaşan Nesewi Horasanyň üstüne mongollaryň çozuşynyň matamly wakalaryny suratlandyryp görkezýän gyzykly memuarlaryň awtorydyr.

Horasanyň we Horezmiň welaýatlarynda sopuçylygyň ösmegi bilen baglanyşyklykda aýratyn taryhy-edebi žanr-agiografiýa, dürli sopuçylyk “Ýaşulalarynyň” durmuş ýolunyň ýazgylary peýda bolýar. Halk ertekileri esasynda gurlan bu eserler düşnükli halk dilinde ýazylypdyr, olar köşk-resmi edebiýatyna mahsus bolan öwgüli dabaralardan halasdyr. Mysal üçin, XII—XIII asyryň başynda Abusagyt Mehneýiniň, onuň çowlugy Muhammet ibn-al-Minewwer tarapyndan ýazylan durmuş ýoly şolar ýaly eserlerden bolupdyr. Şyhyň biografiýasy Horasandaky janly taryhy ýagdaý esasynda suratlandyrylyp görkezilýär we al-Munewweriň bu eseri gyzykly çeşme hökmünde ähmiýete eýe bolýar.

Ürgençde soltan Tekeşiň köşgünde görnükli alym Fahr ed-din ar-Razy işläpdir. Ol 1178/9-njy ýyllarda “Ylymlar ýygyndysy” diýen ensiklopedik eserini ýazyp gutarypdyr, onuň bu eseri bilimleriň dürli pudaklaryny—gumanitar, tebigat, tehniki, dini taglymat ylymlaryň we beýleki ylymlaryň 57 pudagyny öz içine alypdyr. Birunynyň wagtyndaky möçberlerde bolmasa-da, bu ýerde XIII asyryň başlarynda geograflaryň işi dowam etdirilýär.

Geograf Muhammet ibn Najyp Bekran “Dünýä kartasyny” we şonuň ýany bilen “Dünýä hakyndaky kitabyň” iki sanawyndan ybarat saklanyp galan umumylaşdyryş tekstini düzýär. Beýanyň gysgaldylmagyna garamazdan, onda habar

berilýän maglumatlar ozalky asyrlardaky geografik eserleriň maglumatlaryna garanda örän gyzykly we geňdir.

XII asyryň ahyrynda –XIII asyryň başynda, horezmli, görnükli astronom Mahmyt ibn Muhammet al-Jagmyny al-Horezmi (1221-nji ýylda aradan çykypdyr), "Astronomiýa barada saýlanan eser" diýen traktaty düzüpdir, bu traktata bolsa XV asyrda meşhur astronom Kazy-zade Rumy düşündiriş beripdir.

XI—XIII asyryň başynda çeper edebiýat köp derejede entek pars dilinde ýazylypdyr. Sopuçylygyň ösmegi bilen baglanyşykly sopuçylyk poeziýasy aýratyn orna geçýär. Şyh Abusagyt (968-1049-njy ýylda) Horasan derwişleriniň has uly wekilleriniň biri bolupdyr, ol Mehnede (Mänede) doglup, öz ömrüniň köp bölegini şol ýerde geçiripdir. XI asyrda Horasanyň syýasy we ruhy durmuşynda özüniň tutan görnükli ornundan başga-da, Abusagyt özüniň asketik-filosofik goşgy düzüşi ýaly aýratyn žanry bilen hem tanalypdyr.

Bu edebi görnüş soňra horasanly şahyr we alym Omar Haýýam tarapyndan ösdürilipdir. Emma sopuçylyk poeziýasynyň passiw dünýägaraýşynyň tersine, Haýýam öz rubagylarynda bela-betere garşy garşylyk bildiripdir we öz rubagylaryna görä, 1074-1075-nji ýyllar töwereginde ol Merwdäki soltan obserwatoriýasynda bolup, astronom wezipesinde işläpdir.

Merwde Sanjaryň köşgünde gaznaly şahyr Hasan we şahyr Abd al-Wasy peýda bolup, olar ilki bada gaznaly Bahramyny wasp edipdirler. Sanjar Gaznany eýeländen soň bolsa, özleriniň öwgilerini Sanjara bagyşlapdyrlar. Emir Moizzi (1147-nji ýylda ardan çykan) Soltan Sanjaryň köşgünde "Şahyrlar şasy" diýlip hasap edilipdir. Özüniň hakyky ýokary şahyranalyk döreddijiliginde Aly-Auhadeddin Enweri (1191-nji ýylda aradan çykan) olaryň hemmesinden ökde çykypdyr. Enweri bu döwürde Horasanyň medeniýetli adamlarynyň arasynda gyzykly, çylşyrymly, garşylykly şahs bolupdyr.

Horezm şasy Il Arslanyň köşgünde kätip wezipesinde şahyr Reşideddin Watwat (1182-nji ýylda aradan çykan) işläpdir. Ol diňe bir örän oňat kasydalary we ynşalary düzüji bolmak bilen çäklenmän, eýsem poeziýa sungaty hakyndaky teoretiki eseriň-“Hedaik as-syhr” diýen eseriň hem awtorydyr. Horezm şalarynyň köşgünde öwgi poeziýasy barada Adyp Sabyr (1145-nji ýylda aradan çykan) we onuň şägirdi Jöwheri hem peýda bolupdyrlar. Atsyzyň dolandyran mahalynda (1128-1156-njy ýyllar) Ürgençde uly sözlükleriň we grammatikalaryň awtory bolan meşhur filolog we edebiýatçy Abyl-Kasym az-Zamahşary işläpdir (ol Günorta Horezmdäki Yzmykşir şäherinde doglupdyr).

XI asyryň ikinji ýarymyndan başlap, Orta Aziýada türki halklary barha uly orun eýeläp başlaýarlar, bu bolsa türki dillerine barha köp höwes döredilendiginiň alamatydyr. Türki dilleriniň bize mälim bolan grammetikalarynyň we sözlükleriniň 20-siniň köp bölegi hut şol wagtlarda ýazylypdyr. Mahmyt Kaşgarlynyň “Diwan lugat at-türk” diýen eseri türkmen dilini we medeniýeti öwrenmek üçin aýratyn ähmiýete eýedir.

Mongollaryň çozuşy Orta Aziýa halklarynyň medeniýetine weýran ediji zarp urupdyr. Bu babatda 2007-nji ýylyň sentýabrynda Hormatly Prezidentimiz Kolumbiýa uniwersitetiniň münberinden eden çykyşynyň dowamynda Rim legionerleriniň çozuşlaryndan, Çingiz hanyň ganhorçylykly ýörişlerinden we beýleki birnäçe uruşlardan başga-da dürli döwletler bilen gadymy ykdysady hyzmatdaşlygyň bolandygyny nygtady. Çünki, Çingiz hanyň wagşyýana çozuşyndan soň, türkmen ösüşleri, özgerişler çarhy Gündogardan Günbatara tarap aýlamaga mejbur bolýar.

Mongol çozuşlary medeni we ykdysady merkezleriň— Merwiň, Hywanyň we beýleki şäherleriň wagşylyk bilen weýran edilmegi, medeniýetiň ýadygärlikleriň we medeni taýdan gymmatly zatlaryň, şol sanda örän baý kitaphanalaryň-

da ýok edilmegi ägirt uly ülkäniň medeni taýdan ösüşini birnäçe asyrlap bökdäpdir, medeni durmuşyň merkezleri uzak günbatara we günorta tarap geçýär.

XIII-XIV asyrlarda aýry-aýry görnükli akyldarlar wa şahyrlar bütin ömrüni özseliriniň doglan ýerlerinden we öz halkyndan uzakda sergezdançylykda geçirmäge mejbur bolupdyrlar.

XV asyrda edebiýata türki diller barha köp aralaşýar, şol türki dilleriň orny baryp seljuklar döwründe ösüp başlapdyr. Orta Aziýa halklarynyň, şol sanda türkmen halykynyň-da edebiýatynyň ösmegi we rowaçlanmagy üçin beýleki özbek şahyry we akyldary Alyşir Nowaýynyň (1441-1501-nji ýyllar) döredijiliginiň aýratyn uly ähmiýeti bardyr.

Beýik orta asyr şahyrlarynyň-gumanistleriniň progressiw däplerini dowam etdirip, Alyşir Nowaýy täjik şahyry Jamyny (1414-1992-nji ýyllar ) özüniň gös-göni halypasy hasap edipdir, özüniň şahyranaçylyk deredijiliginiň ähimýetine bolsa, onuň ähli Orta Aziýa halklarynyň arasyna ýaýraýşyna garap baha beripdir. Türkmenlerde Myraly we Soltansöýün hakyndaky köp sanly halk ertekileri hem saklanyp galypdyr, şol ertekilerdäki bu atlar Soltan Hüseýin Baýkara we onuň weziri Alyşir Nowaýy bolupdyr. Nowaýy halk ertekilerinde kemsidilen adamlaryň feodallaryň hem-de emeldarlaryň zulmundan goraýjy hökmünde ýüze çykýar.

Şol döwrüň özünde dini edebiýat hem sünni edebiýat-da, dürli sopuçylyk toparlaryna degişli bolan edebiýatlar-da ösýär, hökümdar synplar bolsa bu edebiýaty zähmetkeşler köpçüligini öňküsinden-de has beter elgarama etmek maksady üçin peýdalanypdyrlar. XIV asyrda Buharada dini-syýasy taglymat bolan müritçilik peýda bolupdyr.

1313-nji ýylda “Muin el-mürid” diýen poema ýazylyp, bu poema türkmenlerň arasynda köp asyrlardan bäri mälim bolup gelipdir. 1484-nji ýylda türkmen dilinde mesnewi görnüşinde “Raunak el-yslam” ýazylypdyr, däp bolup galyşyna görä, bu

mesnewi şyh Şerefe degişli edilýär, emma käbir maglumatlara görä şahyr Wepaýy onuň awtory diýlip hasap edilýär.

Atalyk mekdebini tamamlanlar, hökman synagdan geçirilýär eken. Entek ýaňy murty taban ýaş Sanjaryň atalyk mekdebini tamamalandaky ilkinji synagy hakynda şeýle rowaýat bar: olaryň üstüne garahanlylaryň hökümdary Kadyr han çozuş edipdir. Olaryň güýçleri kän, ýeňjekdigi görnüp duran eken. Atabeglik mekdebinde az goşun bilen köp goşuny ýeňmeklik hem öwredilipdir. Şonda Soltan Sanjar gowy çykalga tapýar, ýagny ol garahanlylaryň hökümdarynyň yzyna adam salýar. Hökümdar awa çykanda ony güpbasdy edýär. Hökümdarlarynyň ele salnandygyny eşiden garahanlylar dessine gaçmak bilen bolupdyrlar. Şeýlelik bilen ýaş Sanjar öz döwletini göni gelen howpdan halas edýär.

“Gorkut ata”, “Görogly” eseri edebi mirasymyz hökmünde öwrenilýär, çeper eser hökmünde kabul edilýär, aslynda bolsa, ol eserler öz döwürleriniň eýýamlarynyň atalyk okuw kitaplary bolupdyr.

Türkmen halky bilime, sowatlylyga Oguz han eýýamyndan bäri gaty uly üns berýär. Hut Oguz hanyň özi her bir oguzyň sowatly bolmagy, okamagy ugrunda irginsiz alada edilmegini wagyz-wesýet edipdir. Oguz hanyň: “Bilegi zor birini ýykar, bilimi zor müňini” diýen pähimini türkmen 5 müň ýyllap öz kalbynda apalap saklapdyr, bu pähime uýupdyr. Türkmeniň türkmen bolup galmagynda, asyrlaryň apatlaryndan aman esen aşmagynda we ýaşamagynda bu nakyl örän uly orun eýeleýär. Oguz hanyň ýola goýan atabeglik mekdeplerinde serkerdelik we söweş tilsimatlary bilen birlikde dünýäniň köp dilleri öwredilipdir. Geçmişde ýetmişden gowrak döwlet guran türkmen keseki bir halkyň pähim–parasadyna däl-de, eýsem öz içinden dörän akyldarlaryna sygynyp ýaşapdyr. Türkmen yslam dinine hem Magtymgulynyň şygyrlarynyň üsti bilen akyl ýetiripdir. Garahanly türkmenler Ýusup Balasagunlynyň “Bilimnama”, seljuk türkmenlerinden Nyzamylmülkiň

“Syýasatnama”, salyr türkmenlerinden Şyh Şeref Hojanyň “Müin-al mürit” (“Talyplara gollanma”), akgoýunly türkmenlerden Uzyn Hasanyň “Kanunnama” kitaplaryny ýaşaýyş kanunlary hökmünde gollanma edinipdirler.

Aýdym-saz halkymyzyň ruhy ganatydyr. Şol ganat bilen türkmen halky asyrlaryň çuňlugyndan häzirki günlere çenli gelip ýetdi. Şol ganat bilen türkmen halky ajaýyp günlere gujak açýar.

Türkmen halkynyň Aşyk Aýdyň Piriň adyny ezizläp saklamagy ýöne ýerden däldir. Biziň halkymyz hemişe ynsabyň, halallygyň, asyllygyň, kanagatlylygyň arzuwyny çekip, şoňa gulluk edip gelendir. Aşyk Aýdyň Pir hem bu ynsanperwer ýoly juda inçelik bilen çyn zehinleriň köňül taryna sepläp bilipdir.

Aşyk Aýdyň tutuş Gündogar halklarynyň ruhy sütünleriniň biri, adamkärçiligiň, ynsanperwerligiň, kanagatlylygyň gönezligini aýdym-sazyň gudraty bilen ýüreklere ýetirmegiň beýik Piri hasaplanýar.

Türkmen topragynda taryhyň irki zamanlaryndan başlap, öz ussatlygy bilen tutuş Gündogarda meşhurlyk gazanan bagşylaryň ençemesi ýaşap geçipdir.

Taryhda harby ýörişlerde ilkinji gezek harby saz orkestriniň ulanylmagy Türkmenistan bilen baglydyr. Harby orkestre ol döwürde “mehter” diýipdirler. Seljuklaryň harby güýçleri gaznalylar bilen boljak Nusaýdan mehteriň dabaraly sazlary bilen gadam urupdyrlar. Mehterde köp sanly “dowul” atlandyrylan uly deprekler, “kes” atly kiçi deprekler, demir gapak şekilli biri-birine urup çalynýan “ziller”, başga-da “bory”, “surnaý” ýaly tüýdükler hem-de beýleki saz gurallary bolupdyr. Türkmenleriň arasynda şadyýan, zok, gopuz, gargy tüýdük, dilli tüýdük, goşa dilli tüýdük, dutar (tamdyra), gyjak ýaly saz gurallary bolupdyr.

## XVII-XIX asyryň ortalarynda türkmen halkynyň medeniýetiniň taryhy

**XVII—XIX asyryň I ýarymynda halk arhitekturasy we senetçilik.** XVII-XIX asyrlardaky çylşyrymly durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaý döwrüň medeniýetine öz täsirini ýetiripdir. Bu döwürde Watanymyzyň çäklerinde galalaryň gurluşygyna uly üns berlipdir. Belli bir derejede daşky duşmandan goranmak üçin niýetlenen, diňli, çaklaňja galalar gurlupdyr. Şeýle galalar esasan-da Günorta Türkmenistanda, şol sanly Ahal sebitlerinde köp bolupdyr. Uly bolmadyk, az sanly dini desgalar hem salnypdyr.

Ýurdumyzyň ilaty gara öýlerde, kepbelerde, palçykdan (pagsa-pagsa edilip), çig kerpiçden ýa-da daşdan salnan tamlarda ýaşapdyr. Gara öý esasan çarwa ilatyň tiz sökülip-düzülýän, kämilleşen ýaşaýyş jaýydyr. Onuň düýbüni gözenek tärimler düzýär. Aşaky ujy tärime berkidilýän uguň ýokarky ujy tüýnügiň ýörite deşiklerine jebis sokulýar. Şol uklar tüýnügi göterip durýar. Olar ýörite agaçlardan (taldan, söwütden) ýasalýar.Tüýnügiň depesi onuň özüne laýyk edilen tegelek serpik bilen örtülýär. Ondan aşakda üzük bilen durluk gelýär, üzük uguň üstüne ýazylýar, durluk tärimiň daşyna aýlanýar. Durlugyň daşyna ýörite çatylan gamyş çekilýär. Öýleriniň gapysy iki tarapa açylýan agaç gabsalardan we olaryň daşyndaky çarçuwadan ybarat bolýar. Gapa ýörite taýýarlanan keçe, palas, gamyş tutulýan wagty-da bolýar, oňa “tarpýapar” diýilýär. Öý täze tutulan wagty, onuň ähli zady, hatda keçeleri-de täze (ak ýa-da agymtyl) bolany üçin, öýüň içinde-ojakda ýakylan oduň tüssesi zerarly, ýeliň-günüň täsiri bilen öýüň ähli bölegi garalýar. Türkmen öýleriniň “gara öý” diýip atlandyrylamgy-da hut şonuň üçindir. Türkmenlerde öý tutmak özboluşly sungat hasaplanýar.

Türkmen taýpalarynyň hersinde diýen ýaly halk arhitekturasynyň milli aýrtaynlyklary saklanypdyr. Ol

gurluşygy planlaşdyrmakda-da, ýerli materiallary ulanmakda-da, diwarlary bezemekde-de görnüpdir. Halk arhitekturasyny döredenler gelmişekler däl-de, ýerli ussalar bolupdyr. Dogry, türkmen taýpalarynda tejribeleriniň täsiri mese-mälim duýlupdyr.

Keramika önümçiliginde teýmiriler döwrüniň däpleri saklanypdyr. Keramikanyň täze görnüşlerini döretmäge synanyşyk hem bolupdyr. Ussalar agymtyl-goňur, ýaşyl-mawy zolakly ýa-da gara nagyşly syrçaly keramiki önümini öndüripdirler. Ol önümler tagaşyksyzrak hem-de az bolupdyr. Umuman, bu döwürde küýzegärlik pese gaçypdyr. Türkmenleriň adaty el sungaty täze däpler bilen baýapdyr. Onuň esasy görnüşleriniň biri zergärçilikdir. Kümüş hem altyn şaýlar öz içinden nepis tehnikasy, ýokary çeperçilik hili bilen tapawutlanypdyr. Türkmen zenanlarynyň dakynýan ýüzük, gulakhalka, çapraz-çaýa, gülýaka, gupba, heýkeldir düwme ýaly köp sanly şaýlary olara özboluşly görk beripdir. Bezeg şaýylary ony dakynýanyň müçesine görä ulanylypdyr. Umuman, her taýpa-tiräniň şaý-sepleri aýrtaynlyklara eýe bolupdyr. Şaýlara köpüsi känbir üýtgeşmezden, öz görnüşini XX asyra çenli saklapdyr.

Türkmenler janyndan eý görýän atlarynyň esbabyny-da, gylyçdyr pyçak ýaly ýaraglaryny-da bezäpdirler. Bezegler galyplaýyş hem-de haşamlaýyş tehinkasyny ulanmak bilen ýerine ýetirilipdir. Olara gymmat bahaly daşlardan gaş goýlup, birnäçesine altyn çaýylypdyr.

Çeperçilik senedine keçe etmek, eşikleri keşdelemek, jorap örmek, haly, palas, hal önümlerini dokamak degişli bolup, ol taýpalaryň arasynda belli-belli aýratynlyga eýedir. Mürçeli, nohurly, garadaşly tirelerinde tara dokamak has ösüpdir. Olaryň dokaýan ýüpek matalaryna halkara bazarlarda-da uly isleg bildirilipdir.

Hywanyň, Buharanyň, Owganystanyň, Eýranyň we beýleki goňşy ýurtlaryň arasynda çäkmenlik matalar has ýörgünli

bolup, ondan agarçäkmen dokalypdyr. Ol köplenç torum ýüňünden edilipdir. Şeýle ýüňi tapmadyklar oňa derek ogşugyň ýa uly düýeleriň ýüňüni, kähalatda gögümtil öwüsýän şiurazy reňkli ýazlyk goýun ýüňüni-de peýdalanypdyrlar. Agarmatany dokamaklyk ylaýta-da saryk türkmenlerinde rowaçlanypdyr. Olar agara niýetlenen erşi ýugrulan hamyrdan çykan, süýt reňkindäki suwuklyk-peti bilen berkidipdirler. Onuň üçin petini tä ýelim häsiýetine eýe bolýança gaýnadyp, sapagy gyzgyn petide 2 sagat çemesi saklapdyrlar. Munuň özi agarçäkmene niýetlenen sapaga berklik we öwüşgin beripdir.

Öňden däp bolup gelşi ýaly, türkmen zenanlary dünýä belli halylary dokamagy dowam etdiripdir. Her taýpanyň öz koloriti (reňk öwüşgini) bolupdyr. Onda dürli hili gerb şekilli , geometrik görnüşli hem-de haýwanlar ösümlik keşbini özüne siňdiren görnüşli göller saýlanyp alnypdyr. Şoňa görä-de köplenç teke göli, (“gabsagöl, dyrnakgöl”), saryk göli, salyr göli, ýomut göli (“gülligöl, demirjikgöl”), çowdur göli (“kertikgöl”) biri-birinden parhlanypdyr. Bir taýpanyň öz içinde-de haly gölleri dürlüçe atlandyrylypdyr. Meselem, ärsary halyçylygynda “Gyzylaýak göli, Beşir göli, arabaçy göli” diýen toparlar has ýörgünli bolupdyr. Halyçylyk sungatynyň ösmegine köpçülikleýin göçe-göçlük oňaýsyz täsir edipdir.

**XVII—XIX asyryň ortalarynda Türkmenistanyň ruhy medeniýet.** Halk döredijiligi halkyň özi tarapyndan döredilen görnüşi boýunça köp dürli, çuň manyly ruhy gymmatlykalardyr eposlar, rowaýtlar, dessanlar, ertekiler, atalar sözi we nakyllar, matallar, läleler, sallançagyň ýanynda aýdylýan zenan aýdymlary (hüwdiler) we ş.m. folkloryň esasy žanrlarydyr. Şeýle gymmatly ýadygärlikleriň biri bolan “Görogly” eposy, çak edilşine görä, XVI-XVII asyrlarda döredilipdir. Eseriň özünde agzalan ýer-ýurt, tire-taýpa atlary ondaky wakalaryň esasan-da Türkmenistanda we oňa golaý ýerlerde bolup geçýänliginden habar berýär. Eposyň baş gahrymany Görogly özüniň ygrarly 40 ýigidi bilen adalatyň tarapynda durup,

sütemkärlige, zorluga garşy çykyş edip, hemişe garyp-gasarlary hem-de eýesizleri goldapdyr. Göroglynyň keşbinde halkymyza mahsus bolan watansöýüjilik, namysjaňlyk, gaýduwsyzlyk, durnuklylyk, ýanýoldaşyna ikilik etmezlik ýaly häsiýetler jemlenipdir. Gyratyň keşbinde haýwanyň–atyň ynsana bolan wepadarlygy beýan edilýär.

“Göroglynyň” özeni rowaýatlara syrygýar. Görogluda sak eposlaryndaky Rüstem batyryň (Rüstem-Zalyň) köp sypaty gaýtalanýar. Ol Ferdöwsiniň “Şanamasynda-da” beýan edilýär. Görogly (Körogly, Kerogly, Röwşen) atly gahryman türki taýpalaryň köpüsinde gabat gelýär. Bu bolsa türki halklarynyň taryhy köküniň umumylygy barada gürrüň berýär. Beýleki halklar arasynda “Göroglynyň” onlarça şahasy sanalyp, birnäçesinde baş gahrymanyň türkmendigi hem aýdylýar.

Şu döwürde türkmenler “Oguznama”, “Dädem Gorkut kitaby” ýaly eserleri-de dilden-dile geçirip, üstüni ýetirip timarlapdyrlar.

Il arasynda dessanlar hem giň ýaýrapdyr. Dessan žanry Gündogar halklara mahsus bolup, kyssa bilen goşgynyň utgaşmagynda döredilen epik ýadygärlikdir. Dessanlar dilden-dile geçip saklanany üçin, mazmunynyň üsti ýetirlip durlupdyr. Onuň sebäbi hat-sowat giň ýaýraman, olaryň eser görnüşinde çap edlmänligidir. Watansöýüjilik, ata-enä we aşygyňa wepalylyk, dostluk, mertlik-namartlyk, millilik ideýasy olaryň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Halk arasynda “Asly-Kerem”, “Hüýrlukga-Hemra”, “Şasenem-Garyp”, “Helalaý-Garyp”, “Kasym oglan”, “Nejep oglan” ýaly awtorlary näbelli dessanlar-da, “leýli-Mejnun”, “Zöhre-Tahyr” ýaly awtorly dessanlar-da ürç edilip aýdylypdyr. Ýörite dessan aýdyjylar bolupdyr. Dessandaky şygyrlar bagşylaryň repertuarynda uly orun eýeläpdir. Mazmuny boýunça dessanlaryň käbirinde wakalaryň bolup geçen ýerlerini bilmek bolýar. Patyşa gyzy Şasenem hindi weziriniň ogly Garybyň söýgüsine bagyşlanan dessandaky wakalar Derýalyk boýlarynda bolup geçýär.

Şasenemgalanyň harabalygy Köneürgenjiň günortasynda, ýerleşýär. Diwarlarynyň uzynlygy bir kilometre ýetýär, ýykylman galan ýerleriniň beýikligi 2,5—9 metrde golaýdyr. Galanyň töwereginde jaýlaryň, mazarlaryň suwaryş desgalaryň, keramiki peçleriň galyndylay şu güne çenli saklanypdyr.

Türkmen ertekilerinde, atalar sözünde durmuş temalary agdyklyk edip, özeni halkyň durmuşyndan alnypdyr. Baýlaryň obrzaynda husytlyk, doýmaz-dolmazlyk, baýlyk üçin dürli hili taňkytlanan bolsa, zähmetkeş adam garybyň, çopanyň, ýetimiň we ş.m.-leriň ornunda sabyr-takatly, geljege ynamly edepli görkezilipdir. Öz döwrüniň talabyna görä, täze-täze folklor eserleri-de döredilipdir.

Türkmen edebiýaty şu döwürde hem şahyranalyk ugry bilen ösüpdir. Şahyrlaryň aglabasynyň döredijiligi yslam ideologiýasyna, yşky lirika ýugrulandyr. Döredijilik mowzugynyň baýlygy bilen tapawutlanan şahyrlar hem bolupdyr.

Sopy Allaýar musulman edebiýatynda öçmejek yz galdyran şahyrlaryň biridir (1606-1706/20). Ol häzirki Özbegistan Respublikasynyň ýerlerinde eneden doglupdyr, bilim alypdyr. Kakasy Allaýar barly türkmen eken. Sopy Allaýar türkmen, özbek, pars dillerinde birnäçe poema ýazypdyr. Ol sopuçylykda yslam dinini mistki-asketik (terkidünýälik) ugur boýunça wagyz etmekde gowy tanalypdyr. Onuň “Ejizleriň erjelligi” atly poemasy giňden ýaýrapdyr. Awtoryň öz adyny, ýagny “Sopy Allaýar” adyny alan bu eser birnäçe asyrlap musulman mekdeplerinde okuw kitaby hökmünde ýörgünli ulanylypdyr.

XVII-XVIII asyrlaryň sepgidinde ýaşan we eser döreden Seýitmuhammet Saýady hakykatdan-da öz döwrüniň görnükli şahyrlarynyň biri hasaplanylýar. Ol ene dilini çyn ýürekden söýüp, öz eserlerini hut şol dilde döredipdir. Bu bolsa häzir şahyryň döredijiligini türkmen diliniň baýlygynyň, onuň beýan

ediş aýratynlygynyň täze gymmatly şaýatnamasyna öwrülýär. Türkmen şahyry Seýitmuhammet Saýadynyň “Zöhre-Tahyr” kitaby Garaşsyzlyk döwrümizde çapdan çykdy.

“Zöhre-Tahyr” eseriniň esasynda ýatan wakalar bir wagtdan bäri oňat mälimdir we Gündogar halklarynyň arasynda giňden ýaýrandyr. Päk söýgi barada bu gyzykly waka asyrlaryň jümmüşinden biziň günlerimize çenli ýetip, häzir çäksiz wepalylygyň we päkligiň nyşanyna öwrülmek bilen, türkmen halkynyň arasynda uly meşhurlyga eýedir. Seýitmuhammet Saýadynyň halk rowaýatlarynda mälim bolan ýordumy çeper beýan eden ilkinji şahyr bolandygyny bellemek gerek. Soňra şu ýordumdan geçmişdäki görnükli türkmen edebiýatçylary, şol sanda Molla Myrat Horezmi we Mollanepes öz döredijiliklerinde görelde we täsir alypdyrlar. Alymlaryň şaýatlyk etmegine görä, Zöhre we Tahyr baradaky taryhyň gadymy Oguz-türkmen kökleriniň bardygy, onuň türkmen halkynyň özboluşly döredijiliginiň ajaýyp nusgalyklarynyň biri, onuň baý ruhy mirasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýandygy eseriň has-da gymmatyny artdyrýar.

Türkmen nusgawy edebiýatynda çuň yz galdyran şahyrlaryň biri-de Döwletmämmet Azadydyr (1700-1760). Ol ömrüni daýhançylyk we oglan okatmak bilen geçiripdir.

Onuň eserlerindäki iň görnüklisi “Wagzy-Azat” poemasy bize gelip ýetipdir. Alty müň setirden durýan bu eser ynsan terbiýesine bagyşlanypdyr. Ondaky esasy pikirleriň biri türkmen halkyny bitewi döwlete birleşdirmekdir. Şahyryň pikirine görä, döwletiň başynda düşünjeli, adalatly, öz halkyna berlen şa durumly adam durmalydyr.

Alym şahyryň beýle pikirlerini onuň meşhur ogly Magtymguly Pyragy (1733-1788) has çuňlaşdyrýar. “Erkin rahat” manyny aňladýan lakamly Pyragynyň aradan çykan senesi hökmünde 1791-93-nji, käbir ýerde bolsa 1813-nji ýyllar hem görkezilýär. Magtymguly deslapky bilimi obada öz kakasyndan, Nyýazsalyh ahundan alypdyr. Soňra ol sowadyny

“İdris-baba” (Halaç, etrabynyň Gyzylaýak-häzirki Esenmeňli obasynda), Buharanyň “Gögeldaş” hem-de Hywanyň “Şirgazy” medreselerinde ýokarlandyrypdyr. Dogduk mekanyna gaýdyp gelip, kakasy ýaly, çagalara bilim beripdir, zergärçilik we ýonaçylyk (eýer-esbap, gaýyş-çeki ussaçylygy) bilen meşgullanypdyr. Magtymguly goşgularyny halka ýakyn öz ene dilinde ýazypdyr. Goşgularynda ata-enä hormat goýmagy, ulyny sylamagy, watany söýmegi, halal zähmet çekip, halal iýmegi, söýgä wepaly bolmagy ündäpdir. Namartlyk, ygrarsyzlyk, haramlyk ýaly pis gylyk-häsiýetleri näletläpdir. Ynsanepwer şahyr türkmen taýpalarynyň birleşmeginiň, keseki basybalyjylara garşy göreşde ähmiýetlidigini nygtapdyr. “Asly Gerkez, ýurdy Etrek” bolan Magtymguly Pyragynyň köp taraplaýyn döredijiligi türki edebiýatynyň, hatda dünýä edebiýatynyň taryhyna altyn hazyna bolup girdi. 1990-njy ýyldan bäri her ýylyň 19-njy maýy ýurdumyzda “Magtymguly güni” hökmünde baýram edilýär. Galyberse-de bu baýramçylyk Magtymgulynyň arzuwlan, häzirki wagtda gazanylan Garaşsyz döwletiniň Baş Kanunynyň—Konstitusiýasynyň döredilen güni bilen utgaşdyrylýar.

Her şahyryň döredijiliginde aýrtayn orun alan temalary hem bolupdyr. Meselem, asly Sarahsdan bolan Mämmetweli Kemine (1770-1840) sosial deňsizlige garşy ýumor gatyşykly ýiti satira hem-de kinaýa arkaly garşylyk bildiren bolsa, maryly Mollanepes Kadyrberdi ogly (1810-61) “Yşk mülküniň şasy” hasaplanypdyr. Lebapdan Seýitnazar Seýdi (1775-1836), Etrek-Garrygala sebitlerinden Gurbandurdy Zelili (1780-1845) diňe goşgulary bilen däl, eýsem ellerine ýarag alyp, watan üçin duşmana garşy göreşipdirler.

Nurmuhammet Andalyp (Ýylanly, 1711-1800) “Gül-Bilbil”, “Hojamberdi han” ýaly dessanlaryň awtorydyr. Beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler zamanasynda Hormatly Prezidentimiziň Karary esasynda nusgawy şahyrymyz Nurmuhammet Andalyba bagyşlap ylmy maslahat geçirildi.

Şahyrlar taryhy wakalary beýan edýän eserleri hem döredipdirler. Şeýle eserleriň biri mesnewi görnüşinde ýazylan “Jeňnama” poemasydyr. Onuň awtory Abdysetdar Kazy (Gökdepe, XIX asyr) eserde beýan edilýän birinji bölümi birleşen türkmen taýpalarynyň Garrygala söweşinde (1857-58), ikinji bölümi Mary-gajar söweşinde üstün çykandygyny beýan edýär. Poemada söweşýän taraplar, anyk şahslar barada taryhy maglumatlar köpdür.

Bu döwürde magaryfyň ýagdaýy bar bolan dini mekdepler bilen çäklenipdir. Olar esasan başlangyç sowat-bilim beripdir.

Ýokary bilim medreselerde berlipdir. Ýarym çarwa, seýrek ilatly ýerlerde medreseler bolmandyr. Gürräk ilatly ýerlerde bar bolan medreseler hem ýokary derejede däl eken. Şonuň üçin gurply adamlarynyň bilim-sowadyny Hywadaky, Buharadaky, Hyratdaky medreselerde dowam etdiripdirler.

Müňgyşlak türkmenleriniň arasynda uly abraýdan peýdalanan kethudalar asly çowdurlardan bolan Bekdurdy işan we ogly Nurmuhammet işan şeýle şahslardan bolupdyr. Olaryň ikisi-de gadymy türkmen topragynyň gaýtadan janlanmagy üçin elde baryny edipdirler. Sarygamyş-Müňgyşlak ýerlerini Hywa hanlaryndan, gazakdyr galmyklardan goramak üçin Russiýadan haraý gözläpdir.

Türkmen halkynyň medeni durmuşynda bagşylar, sazandalar, gürrüňçi adamlar (rawylar) uly orun eýeläpdirler. Iş ýüzünde ussatlyk derejesine ýeten bagşylar diňe aýdym aýtmak , saz çalmak bilen çäklenmän, özleri aýdym-saz döredijі kompozitor ornuny-da tutupdyrlar. Tamdyranyň (dutaryň, gyjagyň, gargy tüýdügiň ýanynda halk aýdymlaryny, şahyrlaryň goşgularyny, eposdyr dessandan şygyrlary aýdym edip aýdýan bagşylara “tirmeçi bagşylar” diýipdirler. Dessanlary nesilme-nesil halka ýetirip gelenlere bolsa “dessança bagşylar” diýlipdir. Bagşylaryň ýetiriliş ýollary boýunça bagşylar biri-birinden tapawutlanypdyr. Türkmen aýdym-sazlarynda salyr-saryk ýoly, ýomut-gökleň ýoly,

çowdur ýoly, ärsary ýoly, damana ýoly ýaly şahalar ýaýrapdyr. Kör Gojaly, Weýran (Orazpolat Annagurt) bagşy, Amangeldi Gönübek ýaly bagşy-sazandalar türkmen mukamynyň taryhynda öçmejek ys galdyrypdyrlar Dogry, olaryň ömri we döredijiligi barada resmi-takyk maglumatlar örän az.

Gyz-gelinler öz isleg-arzuwlaryny läleleriň, monjukatdylaryň üsti bilen beýan edipdirler. Olaryň esasy saz guraly gopuz bolupdyr.

Sadranç (küşt), ýüzük, düzzüm ýaly oýunlar, sportuň göreş, at çapyşygy, at üstünde gylyçly maşk etmek ýaly görnüşleri türkmen durmuşynda pikirlenmäni, çeýelegi, sagdynlygy we çylşyrymly ýagdaýda ugur tapyjylygy ösdüripdir.

Türkmenistanyň XVI-XVIII asyrlardaky we XIX asyryň birinji ýarymyndaky medeniýetinde, umuman alanymyzda, öňden gelýän ruhy däpler dowam etdirilip, döwrüniň syýasy, durmuş-ykdysady wakalary medeniýete öz täsirini ýetiripdir hem-de ony täze mazmun bilen baýlaşdyrypdyr.

Aýdym-saz tutuş asyrlaryň dowamynda halkymyzyň mukaddes umydynyň hökmürowan syrdaşy bolup geldi.

Halkymyz aýdym-sazyň ýaragyň bitirip bilmejek işini-de bitirip bilýändigine taryh şaýat. XIX asyrda Şükür bagşynyň öz agasyny Eýran şalygynyň zyndanyndan puluň-baýlygyň, ok-ýaragyň, gylyjyň güýji bilen däl-de, göwün beren sungatynyň güýji bilen halas edendigini halkymyz sazyň gudraty hökmünde arkaba-arka guwanç bilen ýatlap gelýär. Ýa-da XIX asyryň başlarynda Hywa hany Allaguly hanyň Günorta Türkmenistandan ýesir alan gyrnak gyzyny köşk bagşysy Hajygolagyň çalan sazynyň ol gyzy ýesirlikden boşatmakda hana uly täsir edendigini taryhy maglumatlar habar berýär.

Asly awşar türkmenlerinden bolan Nedir şanyň türkmen sazyny, türkmen dutarynyn gowy görendigini, ýanynda mydama üç-dört bagşy saklandygyny, käte olardan dutar alyp, saz çalandygyny Agöýli serdar gürrüň berer eken.

## XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy

**Patyşa Russiýasynyň medeniýetiniň türkmen halkynyň maddy medeniýetine täsiri.** Patyşa hökümeti Türkmenistany Russiýa birikdirmek bilen, bu ýerde agyr kolonial düzgüni berkarar etdi. Türkmen halky rus çinownikleriniň we kapitalistleriniň süteminiň astyna düşdi.

Patyşa Russiýasy Türkmenistanyň syýasy we ykdysady meselelerini özi çözýärdi. Galyberse-de, indi bu ýere rus medeniýeti hem ornaşyp başlaýar.

Patyşa administrasiýasynyň türkmen halkynyň taryhy ösüşini bökdemäge çalyşmaklaryna garamazdan şäherler bilen bir hatarda obalarda hem ykdysady özgerişler bolup geçipdir. Bu bolsa öz gezeginde şäherleriň döremegine, söwdanyň we senagatyň ösmegine täsir edipdir.

Ilki-ilkiler harby-strategik merkezler we administratiw merkezler bolan şäherlerde kem-kemden söwda-senagat durmuşy döredilýärdi, şäher hojalygy ösýärdi, medeni aň-bilim edaralarynyň seti artýardy, Russiýanyň dürli künjeklerinden, Türküstan ülkesinden we serhetdeş ýurtlardan gelýänleriň hasabyna ulat köpelýärdi. Welaýatyň has uly ykdysady, syýasy we medeni merkezi Aşgabat şäheridi. Berilýän maglumatlara görä, 1911-nji ýylda Aşgabatda 45384 adam ýaşapdyr. Oblast uprawleniýesiniň ähli bölümleri, Orta Aziýa demir ýol uprawleniýesi, hökümet edaralary we jemgyýetçilik guramalary şu şäherde jemlenýärdi. Şäherde köp sanly dükanlar, söwda-senagat jaýlary, skladlar, myhmanhanalar we 10 müňe golaý hususy we kazýonnyý ýaşaýyş jaýlary bardy.

Aşgabatda 16 sany uçilişe bardy, şäher jemgyýetçilik kitaphanasy (şol wagtda Orta Aziýadaky kitaphanalaryň iň ulylaryndan biri) oblast mizeýi, arheologiýa we Gündogar taryhyna höwesjeňleriň kružogy, meteorologik stansiýa, şäher keselhanasy, göz bejeriş jaýy, harby lazaret we demir ýol

keselhanasy, telegraf, üç sany telefon stansiýasy (harby, demir ýol we şäher telefon stansiýalar), dört sany tipografiýa, şol sanda Orta Aziýadaky iň uly tipografiýalaryň biri bolan K.M.Fýodorowyň tipografiýasy işleýärdi. Şäherde 4 sany klub we sirk bardy, bular başga ýerden oblasta gelýän toparlaryň we gastrolçy artistleriň spektakllaryny görkezmek üçin gurnalypdyr.

Aşgabat özüniň boş ýatan ýerde döredilendigine garamazdan, abadanlaşdyrylan şäher ýaly bolup görünýärdi. İlat suw geçirijilerinden peýdalanýardy, uzalyp gidýän göni, giň köçeleriň köp bölegine daş düşelipdi we olaryň ikiýan gapdalynda seýilgähleri emele getirýän her dürli agaçlar ekilýärdi.

Köp agaçlaryň ösüp ýetişmegi jaýlary köçä çykýan fasadly edip salmaga mümkinçilik berdi. Ýörite hakyna tutulan işçiler köçeleri wagtly-wagtynda suwlap durýardylar, şäheriň merkezinde ýerleşýän birnäçe owadan skwerler hem-de uly şäher bagy bardy.

Merw, Krasnowodsk, Gyzylarbat, Baýramaly, Tejen we beýleki şäherler ösýärdi hem giňelýärdi.

1889-njy ýylda Zakaspi oblasty oba hojalyk we senagat harytlarynyň Tiflisde bolan birinji Kawkaz sergisine 1890-njy ýylda oba hojalyk we senagat önüminiň Daşkentde bolan Türküstan sergisine, 1891-nji ýylda Moskwada bolan Orta Aziýa sergisine, 1892-nji ýylda Moskwada bolan antropologiýa, arheologiýa we zoologiýa sergisine gatnaşdy.

1906-njy ýylda Daşkentde bolan ýubileý sergisinde Zakaspi oblastynyň pawilýony döredildi. Şol pawilýonda Aşgabat muzeýiniň toplan tebigy-taryhy zatlary görkezildi, şonuň ýaly-da türkmen halylary, olaryň öndürýän esasy merkezleriniň kartasy sergä çykaryldy. Şonda çeperçilik bilen ýasalan ýaraglar, altyn-kümüş önümleri we öýde ulanylýan zatlar hem görkezildi. Mundan başga-da, Zakaspi oblasty 1887-nji ýylda Kopengagende, 1893-nji ýylda Çikagoda, 1894-

nji ýylda Lionda we Antwerpende, 1900-njýi ýylda Parižde we ş.m. ýerlerde bolan halkara sergilerine hem gatnaşdy.

Bu zeýilli sergiler özleriniň pes tejribeli häsiýetde bolandygyna garamazdan, rus hem-de Ýewropa jemgyýetçiligini Türkmenistanyň baýlygy we gözel zatlary bilen tanyşdyrmaga belli bir derejede ýardam etdi.

1890-njy ýylda Wenada gündogar halylarynyň çeperçilik sergisine çykarylan türkmen halylary ýokary baha eýe boldy we sergä baryp gören köp adamlaryň akylyny haýrana galdyrdy. Bu sergi haly dokamaklygyň öwrenilmegi we şondan buýana-da ösdürilmegi üçin itergi boldy. Haly önümçiligi nesilden-nesle geçmek bilen, türkmen halk döredijiliginiň esasy baýlyklarynyň biri bolup durýar. Bu sungatda aýal-gyzlar çeperçilik bilen şöhlelendirmegiň we nagyş sazlaşygynyň adatdan daşary güýjüne eýe bolaýrdylar.

Fransuz syýahatçysy Mozer haýran galyp, şeýle ýazypdyr: “Teke aýal-gyzlary-tüýs hudožnik... mende örän täsir keşdelenen pürnejekler bar. Olaryň dokaýan halylary iň owadan hem pugta halylardyr”.

Yslamyň haýryna, dindar adamlar namaz okar ýaly ýörite kiçijik haly-namazlyk dokapdyrlar. Haly we keşde önümlerinde hakyky durmuşy-adamlary, haýwanlary, guşlary, ösümlikleri we şulara meňzeşleri şekillendirmek bilen bir hatarda, metjidiň, Käbäniň şekillerini-de hala geçiripdirler.

**XIX—XX asyrlaryň sepgidinde rus medeniýetiniň türkmen halkynyň ruhy medeniýetine täsiri.** Türkmen taýpalarynyň patyşa Russiýasyna mejbur birikdirilenden soňky döwür rus alymlarynyň täze barlaglary bilen alamatlandy. Olar ülkäniň içine köp sanly ylmy-barlag ekspedisiýalary gurap we marşrutly gözegçilikler geçirip, ylym üçin örän gymmatly geografik, topografik materiallar, etnografik we taryhy maglumatlar berdiler, ülkäniň haýwanat we ösümlik dünýäsiniň, onuň tebigy resurslaryny hem-de gazylyp alynýan baýlyklaryny we şulara meňzeşleri beýan etdiler.

Hut Zakaspi demir ýoluny gurmaklygyň özi-de uly harby topografiýa—geografik ekspedisiýalar bilen bilelikde alnyp baryldy. Senagat-maliýe, kapitalistik toparlar şol döwürde senagat we oba hojalyk çig resurslaryny artdyrmagyň gamyny edýärdiler. Şu sebäpli-de hem-ä ekspedisiýalar arkaly, hem-de aýry-aýry entuziast alymlar tarapyndan ülkede birentek geografik, geologik barlaglar, botaniki barlaglar we başga-da birnäçe ugurlar boýunça barlaglar geçirilýärdi.

İ.W.Muşketow we onuň şägirdi W.A.Obruçew özleriniň barlaglary bilen Türkmenistanyň öndüriji güýçlerini öwrenmegiň esasyny goýdular. Bu ülkäniň geologiýasy wa gazylyp alynýan peýdaly magdanlar hakyndaky ilkinji maglumatlar şolara degişlidir. Bu alymlaryň işleri Türkmenistanda soňraky ähli geologik barlaglaryň esasy bolmak bilen, häzirki wagta çenli özleriniň ähmiýetini gaçyranok.

Barlagçylar esasan hem nebit çykýan ýerlere uly üns berýärdiler. N.İ.Andrusow dürli wagtlarda 1887-nji, 1897-nji, 1901-nji we 1902-nji ýyllarda Krasnowodsk ýarym adasyny, Garabogaz kenaryny, Uly we Kiçi Balkanlary, Köpetdagyň günbatar bölegini hem-de Gubadagy geologik taýdan barlamak bilen meşgullanypdyr. Bu barlaglaryň netijeleri 1905-nji ýylda "Zakaspi oblastynyň geologiýasy baradaky materiallar" diýen işde kem-käsleýin çap edildi. Onda barlanylýan sebitler bolan Gubadag, Uly we Kiçi Balkanlar, Krasnowodsk düzlügi we Üst-Ýurt beýan edilipdi.

1901-1911-nji ýyllaryň aralygyndaky döwürde A.P.İwanow Çeleken adasyny jikme-jik öwrendi.

1907-1911-nji ýyllarda W.N.Webr we K.P.Kaliskiý Çeleken adasyny beýan etdiler, 1908-nji, 1912-nji, 1913-nji ýyllarda bolsa K.P.Kaliskiý Nebitdagy barlady we 1913-1914-nji ýylda Boýadagy ilkinji gezek geologik taýdan beýan etdi, 1914-nji ýylda K.P.Kaliskiý Nebitdagyň geologik kartasyny düzdi.

N.İ.Andrusowyň zehinli şägirdi A.D.Naskiý 1913-1916-njy ýyllarda Kiçi Balkanlaryň gerşinde we Köpetdagyň günbatar böleginde geologik barlaglar geçirdi.

Amyderýanyň aşak akymlarynda we Sarygamyş çöketligi sebtinde rus geology A.D.Arhangelskiý tarapyndan uly barlaglar geçirildi. Ol şu sebit üçin geografik karta hem düzüpdi, öz wagtynda bu kartanyň uly praktiki ähmiýeti bolupdy.

1911-nji ýylda Mary we Tejen oazisleriniň Amyderýanyň suw resurslary bilen suwarmak mümkinçiligi hakyndaky meseläni öwrenmek üçin B.H.Şlegeliň ekspedisiýasy guralypdyr. Agronom F.I.Lewçenko özüniň toprak barasynda geçiren barlaglary esasynda 1912-nji ýylda "Suwaryş meseleleri mynasybetli Garagum çölüniň topragy, ýeri we ýer asty suwlary" diýen işini çap etdiripdir.

Bu döwürde ilaty göçüriş uprawleniýesi we ýeri gowulandyryş bölümi tarapyndan ençeme işler geçirilipdir.

1910-1913-nji ýyllarda Garagumyň günorta-gündogar böleginde A.A. Dranisiniň topragy öwrenýän ekspedisiýasy işleýär. 1912-1915-nji ýylarda bolsa N.A. Dimo Amyderýa basseýniniň topragyny barlaýar. Edil şol wagtlar hem W.W. Nikitin bilen M.N. Woskresenskiý Amyderýanyň aşak akymlaryndaky hem-de Murgap we Tejen derýalarynyň jülgelerindäki topragy barlaýarlar.

Toprak barlaglary geçirilýän ýerleriň möçberi 1914-1918-nji ýyllaryň urşy wagtynda öňküsinden hem giňelip, Mary we Tejen oazislerini hem-de Sarygamyş çöketligini öz içine alýar. Topragy öwrenijiler K.D. Linkanyň, S.S. Neustroýewiň, B.B. Polynowyň we başgalaryň geçiren barlaglary topragy öwreniş işine uly goşant bolýar.

Türkmenisanyň ösümlik we haýwanat dünýäsi baradaky ilkinji habarlar XIX asyryň 20-nji ýyllarynda belli naturalist, professor E.I. Eýhwald tarapyndan berilýär. G.S.Karelin (1836-

njy ýyl), A.D.Maloma we başga hünärli beýleki alymlar hem ýüzleriniň ugruna maglumat toplapdyrlar.

1896-njy ýylda bu ýerde G.İ.Radde we A.A.Antonow, 1889-njy ýylda W.İ.Lipskiý, 1891-1894-nji ýyllarda W.L.Komarow, 1895-nji ýylda S.I.Koržinskiý, 1896-nji ýyldan 1901-nji ýyla çenli D.I.Litwinow dagylary bu ugurda işläpdirler. B.A. Fedçenko, W.A. Paleskiý, W.A.Dubýanskiý dagy dürli ýyllarda ylmy-barlag işlerini geçiripdirler. Zakaspiniň ösümlik dünýäsini öwrenmäge işjeň gatnaşan rus alymlarynyň atlarynyň asla doly bolmadyk sanawy ine şeýledir. Meşhur rus biology Wladimir Leontýewiç Komarow Türkmenistanyň ösümlik dünýäsini öwrenmek üçin aýratyn hem köp iş bitirdi. Entek Petrburg uniwersitetiniň talyby döwründe, W.L.Komarow Garagumuň içi bilen 400 wýerst ýol ýöräp,Aşgabat—Kükürtdepe marşruty boýunça gumy söküp geçipdir hem-de geçirilen barlaglaryň esasynda iki sany ylmy iş ýazypdyr. Bu işleri üçin ol Rus geografik jemgyýeti tarapyndan kümüş medal bilen sylaglanypdyr.

Akademik W.L.Komarowyň “Ösümlikleriň görnüşleri hakynda ylym”, “Ösümlikleriň tipleri”, “Ekinleriň gelip çykyşy” atly we beýleki eserleri Türkmenistanyň botanikleriniň we ýokary okuw mekdeplerinde bu ugurda okaýan talyplaryň esasy okuw gollanmasyna öwrülipdi.

Türkmenistanyň territoriýasynda ilkinji ylmy edaralar esaslanyp başlanýar. 1898-de Köşi obasynda Aşgabat oba-hojalyk tejribe meýdany geçirilýär. Onda hasyly köp we ýokary hilli hasyly almaklyk ugrunda barlaglar geçirilipdir. Şeýle maksatly agrotehniki çäreler Baýramalydaky patyşalyk mülkünde hem alnyp barylypdyr. Türkmenistanyň özünde materiallaryň toplanmagy we ylmy işleri guramak ugrunda hem ilkinji synanyşyklar edilipdir.

Türkmen halkynyň sungaty, edebiýaty, dili, folklory we ş.m. barasynda bu halkyň döredijiligini ylmy taýdan öwrenmek

hakynda aýdylanda bolsa, bu ugurda zordan ilkinji ädimler ätmek bilen çäklenildi.

Ülke Russiýa bilen birleşdirilen badyna, taryhy ýadygärlikler bolan Nusaý, Änew, Köne Marynyň harabalyklary we başgalar barlagçylaryň ünsüni özüne çekdi hem-de tiz wagtdan soň dünýä ýüzüne meşhur boldy. 1884-nji ýylda Zakaspi oblast naçalnigi general A.W.Komarow Änewiň demirgazygyndaky depede gazuw işini geçirdi. Ol ýerli arheologik we numizmatik kolleksiýany toplamaga başlan ilkinji kolleksionerleriň biridir.

1888-nji ýylda Peterburgda arheologik komissiýanyň mejlisinde Zakaspi ülkesiniň gadymylygy barada doklad edilýär. Şondan soňra Zakaspiniň arheologik taýdan öwrenilmegi has güýçlenýär. Şeýlelik-de 1890-njy ýylda alym Zukowskiý imperatoryň arheologik komitetiniň tabşyrygy boýunça gadymy Merw ýadygärlikerini öwrenmäge girişýär. Soňra şeýle barlaglar Sarahsda, Abiwertde, Änewde, Nusaýda geçirilýär. Onuň netijesinde Žukowskiý 1894-nji ýylda “Zakaspi ülkesiniň gadymylygy” diýen meşhur kitabyny çykarýar. Bu kitap arheologiýa, taryhy söýüjileriň ünsüni özüne çekýär. Kitapda Soltanbent, Talhatan baba barada maglumatlar yzygider beýan edilýär. XX asyryň başlarynda oblastyň ahli arhitektura ýadygärliklerini öwrenmeklige girişýärler.

Geçmişiň arhitektura ýadygärlikleri bilen rus jemgyýetçiliginiň, dogrusy, az-owlak toparynyň gyzyklanmagy 1903-nji ýylda Aşgabatda arheologiýa höwesjeňleri kružogynyň guralmagyna sebäp boldy. Şeýlelik bilen, gadymy ýadygärlikleri has-da jikme-jik öwrenmäge synanyşyk edilipdir.

1904-nji ýylda R.Pampeliniň baştutanlygynda Karneji adyndaky institutynyň amerikan ekspedisiýasy Änewiň demirgazygyndaky we günortasyndaky depelerde arheologik gazuw işlerini geçiripdir. Bu ekspedisiýanyň toplan

kolleksiýasynyň bir bölegi Aşgabadyň ülkäni öwreniş institutynyň eksponatlarynyň düzümine girizildi.

Şeýlelik bilen, ülkäniň taryhy geçmişini öwrenmek üçin zerur bolan ýadygärlik zatlary, materiallary toplamak ugrunda käbir ädimler edildi.

1906-njy ýyldan 1910-nji ýyla çenli Zakaspide A.A.Semýonow işläp, ol Änew, Maşadymesserian we beýleki ýadygärlikler barada birintek örän gymmatly makalalar ýazypdyr.

Arhitektura we arheologik ýadygärlikleri-harabalyklary, gowaklary, depeleri we şulara meňzeşleri hasaba almak, olary beýan etmek hem-de düzgüne salmak barada-da iş geçirilipdir.

Rus taryh ýazgysy türkmen halkynyň taryhyny öwrenmek işine uly goşant goşdy. Diňe bir W.W.Bartoldyň ady däl, eýsem bize orta asyr musulman Gündogaryny, hususan-da, Orta Aziýany we Türkmenistany öwrenmek işinde rus taryhçylarynyň, syýahatçylarynyň ep-esli iş edendiklerini belemek gerek. Olardan W.A.Žukowskiniň, K.A.Inostransewiň, W.W.Grigorýewiň, P.I.Lerhiň, P.M.Lessaryň we başgalaryň eserleriniň ähmiýeti-de örän uludyr.

1897-nji ýylda oblast naçalniginiň kanselýariýasynyň iş dolandyryjysy A.A.Lomakiniň gymmatly eseri çykdy. Ol özüniň Sarahs pristawlygynda bolan mahaly, türkmenleriň durmuşy, adatlary, dini ygtykady we şulara meňzeşleri barada gymmatly material toplap, ony “Türkmenlerde adat” diýen at bilen çap etdiripdir.

1900-nji ýylda F.A.Mihaýlowyň “Zakaspi oblastynyň ýerli ilaty we onuň durmuşy” diýen işi çykýar.

1903-nji ýylda Aşgabatda döredilen arheologiýa höwesjeňleri kružogynda bu kružogyň düzümine girýän we gymmatly etnografik material toplan etnografiýa höwesjeňleri tarapyndan ülkäniň etnografiýasy barada käbir habarlar berlipdir. Bu materiallar Zakaspi oblastynyň naçalnigi A.N.Kuropatkiniň teklibi boýunça 1882-1914-nji ýyllarda

çykarylan “Zakaspi oblastyna syn” diýen ýygyndyda (ýylda bir gezek çykypdyr), “Zakaspi oblastynyň halk sudlarynyň adatdan daşary gurultaýlarynyň kararlarynyň ýygyndysynda” (1894-1907-nji ýyllar) hem-de oblast we ülke döwürleýin metbugatynda käbir derejede beýan edilipdir.

Bu işiň yzy bilen A.A.Semýonowyň “Rus Türküstanynyň halylary” (“Etnografiçeskoýe obozreniýe”, N1,2, 1911-nji ýyl) diýen jikme-jik beýanly we mazmunly makalasy çykypdyr. Ondan başga-da A.Felkerzamyň “Orta Aziýanyň gadymy halylary” diýen işi çykypdyr. Bu işde gaty gowy suratlar berlipdir, emma munda-da halylary kesgitlemekde ýalňyşlyklar we terminologiýasynda nätakyklar goýberilipdir.

Rus barlagçylary ülke bilen tanyşdyklaryça, türkmen halkynyň folklory, edebiýaty, poeziýasy olaryň ünsüni özüne çekipdir. Türkmen matallary, ertekileri, hekaýatlary, rowaýatlary, sanawaçlary we nakyllary galapyn bilimleriň bu ugruna gös-göni dahyly bolmadyk adamlar tarapyndan terjime edilip, neşir edilýärdi. D.N.Logofetiň “Yza galan ýurtda”, “Buhara daglarynda we tekizliklerinde” diýen kitaplarynda hem-de “Orta Aziýa serhet durmuşy barada oçerkler”, “Orta Aziýa serhetlerinde“ diýen kitaplarda we başga türkmen ertekileriniň hem-de rowaýatlarynyň birentegi getirilip görkezilýär.

Türkmen dilini bilýän M.A.Belýaýew özüniň “Türkmen diliniň grammatikasy” diýen kitabynda “Türkmen monjugatdylaryny” hem-de birnäçe erteki we nakyllary çap etdiripdir. Ol “Rusça-türkmençe sözlükde” hem birentek nakyllary ýerleşdiripdir.

Rus alymlary türkmen edebiýaty bilen hem gyzyklanýardylar, aýry-aýry edebi eserler we olardan parçalary toplaýardylar. Olara tankydy nazardan akyl ýetirmäge we analiz etmäge ilkinji synanyşyklary edýärdiler.

W.W.Bartold, I.N.Berýozin, A.Ý.Krymskiý we başgalar ýaly hakyky rus alymlarynyň eserleri rewolýusiýadan öňki

döwrüň türkmen edebiýatyny öwreniş ylmyna ep-esli goşant goşdular.

Türkmen folklory we edebiýaty barasynda alymlaryň geçiren barlag işleri, porfessor A.P.Poseluýewskiniň bellemegine görä, XIX asyryň ortalaryna çenli ylym üçin “terra incognita” bolup gelen türkmen diliniň bilinişine we öwrenilişine baglydy.

Türkmen dili hakyndaky ilkinji maglumatlary toplamakda rus alymy, Kazan uniwersitetiniň professory I.N.Berýozin birnäçe hyzmatlary bitiripdir. Ol Halk magaryfy ministrliginiň 1845-nji ýylda çykaran žurnalynda “Gündogara syýahatçynyň ýyllyk hasabaty” diýen makalasyny çap etdiripdir.

N.I.Ilminskiniň, A.Wolodiniň we başgalaryň işlerinde türkmen dili hakynda käbir maglumatlar bar.

Türkmenler hem öz gezeginde rus dili bilen, rus edebiýaty we şulara meňzeşleri bilen tanyşýardylar.

Birek-biregiň dili bilen tanşymagy we onuň öwrenilmegi esasynda türkmen halky bilen rus halkynyň arasynda barha ysnyşykly aragatnaşyklar ösýärdi, rus medeniýeti türkmen jemgyýetine täsir edýärdi.

Türkmen halkynyň öwrenilýän döwürdäki baý çeperçilik döredijiligi täze zamanyň täsirini kabul etmek bilen, özüne mahsus bolan görnüşi ösýärdi.

Türkmen şahyrlarynyň köpüsi halkyň isleg-arzuwlaryny we hyýallaryny bildirýärdi. Türkmen nusgawy edebiýatynyň düýbüni tutujy Magtymgulynyň däplerini dowam etdiren şahyrlar öz eserlerinde watana söýgini, azatlyk söýüjiligi hem-de halk häsiýetiniň iň gowy sypatlary bolan myhmansöýerligi, dostluga wepalylygy, ak ýürekliligi we şulara meňzeşleri wasp edýärdiler.

Körmollanyň “Göle dawasy” diýen goşgusy onuň “öz” hanlarynyň hem-de patyşa çinownikleriniň dowam edýän administaritw we syýasy eden-etdiligine garşy protest bilen ýugrulandyr. Türkmen halk şahyry Durdy Gylyç (1886-1950-

nji ýyllar) özüniň döredijiligine rewolýusiýadan öňki zamanda başlady.

"Jykyr", "Çatma", "Baýlar", "Garyplar", "Tumarly" diýen goşgularynda we beýleki şygyrlarynda Durdy Gylyç daýhanlaryň surnukdyryjy agyr zähmetini, türkmen aýallarynyň gam-gussaly agyr durmuşyny suratlandyrýar.

Folklorda türkmen halkynyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynyň, onuň ideýalarynyň we ymtylyşlarynyň şöhlelendirilýändigine görä, folklor okyjylary halkyň hut durmuşy bilen-de tanyşdyrýardy. Aýdym-saz türkmen halkynyň durmuşynda uly orun eýeläpdir. "Sazyň giňden ýaýran, gowy görülýän we örän täsir edýän ýeri bolan Türkmenistan ýaly başga bir ýurdy gözüň öňüne getirmek-de kyn..." diýip W.Belýaýew ýazypdyr.

Aýdym-saz hukuksyzlygyň we kemsidilmegiň derdinden ejir çekýän garyplaryň agyr ýüküni ýeňledipdir, garyplar aýdym-sazdan teselli tapmaga ymtylypdyrlar, aýdym-saz olara medet beripdir we röwşen geljek üçin umyt besledipdir. Baýramçylyk toý-tomaşalarynda mydama halk bagşylary saz-söhbet edipdirler.

Bagşylaryň sungatyna halk ýokary baha beripdir, olaryň iň ökdeleri bolsa halk arasynda uly söýgä mynsayp bolupdyr, tüýs ýürekden hormatlanypdyr. Sary bagşy, Kel bagşy, Hally bagşy, Oraz Salyr, Çowdur bagşy, Durdy bagşy, Agajan bagşy, Annahal bagşy, Täçmämmet bagşy, Magtymguly bagşy, Nazar bagşy we beýlekiler ýaly zehinli bagşylar, sazandalar halk arasynda meşhur bolupdyrlar.

Halkyň arasynda dilden-dile geçýän poeziýasynyň ussatlaryndan Barýam şahyr, Körmolla, Durdy Gylyç, Mollamurt we başgalary özlerini tanadypdyr.

Türkmenleri ruslar bilen ýakynlaşdyrmakda, olary rus dili, adatlary, däp-dessurlary, tertipleri bilen tanyşdyrmakda, rus-ýerli mekdepler diýilýänleriň hem belli bir derejede ähmiýeti uly bolupdyr.

Rus-ýerli mekdepleriniň döredilmeginiň belli bir derejede progressiw ähmiýeti bolupdyr. Rus diliniň bilinmegi öňdebaryjy rus medeniýetiniň, demokratik ideýalaryň türkmenleriň içine aralaşmagyna ýardam edipdir.

Türkmenistanda ýerli—rus mekdepleriniň açylmagy dünýewi bilimiň ýaýramagyna getirýär. Şeýle mekdepleriň ilkinjileri ilki 1882-nji ýylda Gyzylarbatda, Bäherdende, Sarahsda açylýar. 1900-nji ýylda şeýle mekdepleriň sany 10-a ýetipdir.

Muhammetguly Atabaýew bilen Tatýana Tekinskaýa rewolýusiýadan ozalky Türkmenistanda ilkinji magaryfçylardyr.

Muhammetguly Atabaýew 1885-nji ýylyň maý aýynyň başlarynda Aşgabat uýezdiniň Durun pristawlygynyň Nohur obasynda dogulýar. Muhammetguly Atabaýew öz okuwyny dowam etdirmek maksady bilen iki ýyllap rus dili boýunça öz bilimini kämilleşdirip, Türküstan mugallymçylyk seminariýasyna girmäge taýýarlyk görýär we 1904-nji ýylda girip, 1908-nji ýylyň iýun aýynyň 5-ne şu seminariýany tamamlaýar.

Soňra Muhammetguly Atabaýew Peterburga mugallymçylyk institutynyň ýanyndaky gol zähmeti boýunça bir aýlyk kursa ýollanyp, 1908-nji ýylyň sentýabr aýynyň 1-den başlap, ol iki synply rus ýerli utamyş mekdebinde okadýar. Şol ýerde 3 ýyl işländen soň bolsa, 1911-nji ýylyň awgust aýynyň 12-ne Baýramalydaky rus-ýerli uçilişäniň müdirligine bellenýär.

Zakaspi oblastynyň halk uçilişeleriniň inspektory I.A.Belýaýew Muhammetguly Atabaýewi rus dilini bileni, türkmen halkynyň durmuşyny we medeniýetini bilýän, sowatly, düşünjeli adam hökmünde tanaýar eken. I.A.Belýaýew onuň baryp Türkestan mugallymçylyk seminariýasyndaky rus dilinde ýazan „Zakaspi oblastynyň türkmenleriniň mekdepleri“ diýen makalasyny okapdyr. Makala tüýs barlag häsiýetinde bolup,

H.Ostroumowyň „Türkestan ülkesindäki musulman mekdepleri we rus-ýerli mekdepler“ diýen makalasyna goşmaça hökmünde ýerleşdirilipdir. I.A.Belýaýew ýaş mugallymyň ukybyna baha berip, oňa türkmen durmuşyndan materiallar toplamagy teklip edipdir.

1913-nji ýylda M.Atabaýew halk uçilişeleriniň inspektory bilen bilelikde rusça-türkmençe sözlük düzmekde hyzmatdaşlyk etmek uçin Bäherdene gidýär.

Emma ýaş mugallym mydama patyşa polisiýasynyň gözegçiligi astynda bolupdyr.

Birinji rus rewolýusiýasy döwründe zähmetkeşleriň rewolýusion çykyşlary Muhammetguly Atabaýewiň dünýägaraýşynyň kämilleşmegine aýgytly täsir edýär. Ol syýasy jähtden ygtybarsyz adamlaryň sanyna girizilýär. 1913-nji ýylyň iýul aýynyň 7-sinde ony tussag edýärler. Öýüni döken wagtlarynda depderçede gadagan edilen „Warşawýanka“, „Marselýera“, „Dubinuşka“ diýen rewolýusion aýdymlar göçirilip ýazylypdyr. Bulardan başga-da Türkestan mugallymçylyk seminariýasynyň mugallymy Murkulowiçiň we T.M.Tekinskaýanyň hatlary tapylypdyr. Tatýana Mihaýlownanyň hatlarynyň birinde „Men biziň ýaşlarymyzyň ösüp, biziň ähli halkymyza ahlak galkynyş we azatlyk berjekdigine diýseň bil baglaýaryn“ diýlip ýazylypdyr.

Munuň özi Muhammetguly Atabaýewiň tussag edilip, türmä salynmagy üçin ýeterlik bolupdyr.Türmeden çykan soň, ol esli wagt işsiz galypdyr. Diňe 1932-nji ýylyň 1-nji dekabryndan oňa Aşgabat uýezd uprawleniýasynyň ýazuw terjimeçisi wezipesini ýerine ýetirmäge rugsat beripdirler. Bu wezipe oňa kemsidilen halk bilen köp duşuşmaga, onuň hak-hukuksyz ýagdaýyny, hajatlaryny we isleg arzuwlaryny has ýiti duýmaga mümkinçilik berýärdi. Dykgatly we synçy M.Atabaýewiň hiç zat gözünden sypanokdy, ol hemme zada goşulyp, mydama halkyň bähbidini araýardy.

1914-nji ýylyň noýabr-dekabr aýlarynda M.Atabaýew „Zakaspiýskaýa Tuzemnaýa gazetanyň“ redaksiýasynyň işgäri adilip alynýar. Şol ýylyň 14-nji dekabrynda onuň „Türkmen halkyna“ diýen birinji makalasy peýda bolýar. Baş makala hökmünde ýerleşdirilen bu işinde ol gazetiň türkmen halkynyň taryhyndaky jemgyýetçilik-özgerdijilik orny hakynda ýazýar. Muhammetguly Atabaýew üçin gazet tribuna bolup hyzmat edýärdi, şu tribunadan ol öz progressiw ideýalaryny, jemgyýetçilik ösüşine öz garaýşlaryny wagyz etmäge çalyşýardy. Halka aň bilim bermegiň örän zerurlygyny düşünüp, Muhammetguly Atabaýew „Millet üçin hemme zatdan zerur zat ...bilimdir“ diýip ýazýar.

Muhammetguly Atabaýewiň ençeme makalalary („Türkmen aýalynyň döredijilik ukyby”, „Köp aýallar bagtly bolup bilermi?“ we ş. m.) aýallar meselesine bagyşlanypdyr. Ol aýallara eserdeň we dykgatly garamaga çagyryş bilen çykyş etýärdi.

Mugallymçylyk etmek pikri Atabaýewden el çekenokdy. Özüne mygallymçylyk işiniň berilmegini haýyş edip, Türküstan ülkesiniň halk uçilişeleriniň baş inspeksiýasyna telim gezek ýüzlenýär. Ahyrsoňy 1915-nji ýylyň ýanwarynda ony Müňgyşlak uýezdiniň Çeleken adasyna -syýasy jähitden ygtybarsyz adamlaryň sürgün edilýän ýerine işe iberilýär. Täze işe iberilen ýerine baryp mugallymçylyk etmek bilen birlikde “Zakaspiskaýa tuzemnaýa gazeta” makala ýazmagyny dowam edýär Muhammetguly Atabaýew özüniň I.A.Beläýewa ýollan hatlarynyň birinde şeýle ýazýar: “Men Krasnowodskä 2-nji ýanwarda geldim. 7-nji ýanwarda bolsa Çeleken adasynda öz gulluk wezipämi ýerine ýetirmäge girişdim. Men eýýäm agşamky kursy açdym, oňa häzirlikçe 20 adam ýazyldy. Mekdepde häzirlikçe 42 okuwçy kabul etdim, emma entek isleg bildirýänler örän az. Siziň tuzem gazetiňiz üçin ýomutlaryň gelip çykyşy, olaryň näme üçin Çeleken adasyna gelendikleri

hakynda makala ýazjak. Umuman, türkmen durmuşy hakynda köp makala ýazjak”.

1915-nji ýylyň awgustynda Muhammetguly Atabaýewe öz Nohur obasyna gelmäge rugsat berilýär. Şol ýere gelen badyna hem ol täze mekdep gurmaga girişýär. l915-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda, ähtimal, I.A.Beläýewiň kömegi bilen Nohuryň rus ýerli mekdebiniň müdürligi wezipesini alýar.

1916-njy ýylyň 16-njy martynda Muhammetguly Atabaýewiň hyzmatdaşlyk eden “Zakaspiskaýä tuzemnaýa gazetasynyň” sahypasynda onuň ölümi hakynda habar berilip, ol öz halkynyň bilimli we medeniýetli bolmagyny görmek isleýärdi” diýlip bellenilýär. Şol ýylyň 29-njy martynda Atamyradowyň goly bilen berlen nekrolagda şeýle aýdylýar: “Uly gynanç hemmeleri gurşap aldy: Muhammetguly Atabaýew biziň aramyzdan gitdi...

Ölüm biziň hatarymyzdan biziň guwanjymyz bolan adamyny alyp gitdi”. Öňdebaryjy türkmen intelligensiýasynyň wekili Muhammetguly Atabaýewiň hyzmaty onuň öz zähmetkeş halkynyň bähbidi bilen yaşan ilkinjileriň biri bolup, türkmen çagalary üçin mekdep döretmegiň we ösdürmegiň tarapdary bolanlygyndan, köpçülik barada adalatsyzlygyň we ony ezmegiň garşysyna, türkmen halkynyň bagtly gelejegi ugrunda göreşenliginden ybaratdyr.

Türkmen halkynyň şöhratly gyzy Tatýana Mihaýlowna (Artykgül) Tekinskaýanyň ady XX asyryň başlarynda Zakaspiý oblastyndaky ilkinji magaryfçylaryň atlary bilen üznüksiz baglanyşyklydyr.

1881-nji ýylda rus goşuny Gökdepä gireninde üç-dört ýaşyndaky gyzjagazy rus soldatlary ýygnapdyrlar we general M.D.Skobelewiň görkezmesi boýunça ony gospitalyň naçalniginiň hossarlyk etmeginde beripdir. Ony soldat Radiona tabşyrypdyrlar, ol bolsa ähli enekelik borçlaryny ýerine ýetiripdir, geýindiripdir, suwa düşüripdir, iýdirip-içiripdir, ýatyryp -turuzypdyr, oňa aýdym aýdyp beripdir, rus dilini

öwredipdir, keselhana göçürileninde gyzçagaz Moskwa eltilip , Nikolaýyň çagalar öýne ýeleşdirilipdir. Onuň adyna Tatýana (Tatýana gününde ýygnanan eken), atasynyň adyna general Skobelewiň ady boýunça (onuň ady Mihail eken) Mihaýlowna, familýasyna bolsa gyzyň taýpasynyň ady boýunça Tekinskaýa goýupdyrlar.

Tatýana Moskwanyň Elizaweta institutynda bilim alypdyr, ony 1894-nji ýylyň 26-njy maýynda tamamlapdyr. Şol ýerde pedagogik praktika geçmek üçin galdyrylypdyr. 1898-nji ýylda Tatýana injener Skwaorsowa (ol Kuznesowaň farfor fabriginde injener bolup işleýar eken), durmuşa çykypdyr. Soňra adamsy Harkowa işe ýollananda onuň bilen gidipdir. Şol ýerde ol aýallar gimnaziýasynda daşary ýurt dilini okadypdyr. Gynansakda, Tatýananyň Harkowda bolan döwri (1898-nji ýylyň maýyndan 1906-njy ýyla çenli), hakda maglumat tapylanok. Biziň pikrimizçe, Tekinskaýa öziniň işjeň häsiýeti we öz ynamy boýunça 1905-nji ýylyň wakalaryna biperwaý garamadyk bolsa gerek. Onuň şol döwrüň haýsy-da bolsa bir syýasy wakalaryna gatnaşan bolmagy mümkindir, çünki ol Zakaspiý oblastynda reaksiýa ýyllarynda, has takygy 1906-njy ýylyň ikinji ýarymynda peýda bolupdyr.

1906-njy ýylyň 28-nji oktýabrynda Daşkent şäherindäki Türküstan ülkesiniň okuw jaýlarynyň uprawleniýasy Tatýana Mihaýlowna Tekinskaýa öýdeçi halypa adyna hukuk berýän № 5175 şahadatnama beripdir. 1906-njy ýylyň ahyrlarynda ol Aşhabadyň aýallar gimnaziýasynda daşary ýurt dilini okadypdyr. Täze ýaşan ýerinde Tekinskaýa bolýan wakalara biperwaý gözegçi bolup garamandyr. Rewalýusion pikirli ýaşlar bilen aragatnaşyk edipdir.

Bularyň hemmesi üç çaganyň enesi T.M.Tekinskaýa Zakaspi oblastynyň çäginden daşary sürgün etmek üçin bahana bolupdyr. Öz dogdyk mekanyny taşlap Tekinskaýa ýene Ukraina gidýär. Şol ýerde bolsa oňa köp wagtlap aňtap, ahyr soňy, Harkow uýezdiniň Dergaçow Wolostynyň Ýurçenko

huterinde mugallymçylyk wezipesine almak başardýar. Diňe 1924-nji ýylda näsag Tekinskaýa öz ülkesine gaýdyp gelýär. Ol Aşgabatda operasiýa edilenden soň wepat bolýar. Şol wagt şäherde mugallymlaryň Bütintürkmenistan birinji gurultaýy geçýärdi. Gurultaýyň delegatlary ilkinji magaryfçy aýalyň jaýlanmagyna gatnaşýarlar. Şeýlelik bilen Zakaspi oblastynyň ilkinji magaryfçylary Muhammetguly Atabaýew we T.M.Tekinskaýa sarizmiň agyr şertlerinde türkmen jemgyýetindäki milli deňsizligi, patyşa administrasiýasynyň eden-etdiligini, bikanun hereketlerini batyrgaýlyk bilen paş edipdirler, türkmen halkynyň asyrlar boýy yza galaklygyny ýeňip geçmeklik ugrynda, halk magaryfy we milli azatlyk ugrynda gaýdywsyz göreşipdirler.

Musulman ruhanylary, rus-ýerli mekdepleriniň açylmagyna güýçli suratda garşy çykyp, ýerli ilata mekdeplere ynam etmezligi, olardan gaça durmagy ündeýärdiler. Şeýle-de bolsa, bu mekdepler ýerli ilat arasynda belli bir derejede abraý gazanypdyr.

1903-nji ýylda Zakaspide jemi 10 sany rus-ýerli mekdebi bolup, olarda 328 adam okaýardy.

Sap rus uçilişeleriniň mekdep seti hem ujypsyz bolupdyr. 1909-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda Zakaspide 2 sany gimnaziýa (aýallar gimnaziýasy bilen erkekler gimnaziýasy) bolup, olarda 1137 adam, şol sanda ýerli ilatdan 43 sany adam okaýardy; şäher uçilişeleri iki sanydy, olaryň 459 okuwçysy bardy, şol sanda 29 okuwçy ýerli ilatdandy; dürli görnüşli başlangyç mekdepleriniň jemi 52 sanysy bolup, olaryň okuwçylarynyň umumy sany 2281 adamdan ybaratdy, şol sanda 277 adam ýerli ilatdandy; hususy mekdepleriniň sany 8-di, olarda 656 adam okaýardy.

1910-njy ýylda Zakaspi oblsatynda 557 sany dini mekdep bolup, olarda 9560 adam, şol sanda 90 gyz okaýardy; 56 sany medresede 911 okuwçy okaýardy. Medreselere synaglardan soň kabul edipdirler we olarda okuw 15-20 ýyl dowam edipdir,

türkmenler medresede okamak üçin Buhara, Hywa gidipdirler. Molla Töre ahun, Amangeldi ahun, Gara ahun, Akmuhammet işan ýaly görnükli din wekilleri bolupdyr. Mekdeplerde hat sowat öwredilip birnäçe diller arap, pars, türki diller öwredilipdir. Mekdep meýilnamasynda Gurhanyň aýry-aýry süreleri bir hatarlarda Wepaýynyň Rownakyl Yslam, Sopy Allaýar şeýle hem Hoja Ahmet Ýasawynyň, Nowaýynyň we başgalaryň kitaplary esasy orun tutupdyrlar. Medreseleriň meýilnamasynda 100-den gowrak kitap özleşdirilýär.

Oblastyň şäherlerinde her dürli medeni aň-bilim edaralary döredi, bulary guramaklyga Peterburg bilen Moskwanyň ylmy jemgyýetçiligi hem gatnaşypdy. 1891-nji ýylda Aşgabatda „Ashabadskiý westnik obýawleniý“ diýen ilkinji metbugat organy döredildi. 1870-nji ýyldan başlap Daşkentde “Türkestanskaýa Tuzemnaýa gazeta“ we „Turkestanskiýe wedomosti” atly gazetler neşir edilýärdi. Bu resmi neşirlerde ülkäniň ilatyny, şol sanda Zakaspiniň hem ilatynyň ösüşiniň taryhy we geografiýasy bilen tanyşdyrýan käbir materiallar, makalalar we habarlar hem çap edilýärdi. 1895-nji ýylda Aşgabat şäherinde “Zakaspiýskoýe obozreniýe” gazeti, 1898-nji ýyldan başlap bolsa, „Ashabad“ gazeti neşir edilip başlandy. Emma Zakaspide metbugat işiniň ösüş derejesi her niçik-de bolsa pesdi. 1913-nji ýylda bary-ýogy 4 kitap neşir edilip, olaryň her biriniň tiražy müň ekzemplýardan aýry geçmändi. 1914-nji ýyldan ozal türkmen dilinde gazetler we kitaplar asla neşir edilenokdy. Ilatyň ujypsyz sowatly bölegi bolan türkmenler Türküstanyň, Eýranyň we türki halklaryň şol wagtda litografirlenip ýaýradýan dünýewi hem dini häsiýetde bolan edebiýatyndan peýdalanyp bilýärdiler. Diňe 1914-nji ýylda imperialistik urşuň frontlarynda harby hereketleriň barşy, ýerli ilaty tanyşdyrmk maksady bilen “Zakaspi ýerli gazeti” diýen at bilen hepdede iki gezek türkmen dilinde býulleten neşir edilmäge başlanypdy.

1896-njy ýylda Zakaspi oblastynyň jemgyýetçilik durmuşynda uly waka boldy, ýagny 15 müň kitapdan ybarat fondy bolan kitaphanana açyldy. Aslyýetinde Daşkent jemagat kitaphanasynyň filialy bolan bu kitaphanany guramaklyga patyşa Russiýasynyň Ylymlar akademiýasy, Rus geografiýa jemgyýeti, Tebigat bilimine höwesjeňleriň jemgyýeti, Moskwa uniwersiteti we Baş ştabyň Aziýa bölümi hem gatnaşypdyrlar.

1899-njy ýylda Türkmenistanda ilkinji ylmy edara— Aşgabat şäherinde Zakaspi oblast muzeýi açylypdyr. Munuň özi oblastdaky ülkäni öwreniş ylmy pikiriniň esasy merkezi bolupdyr. Bu muzeýi döretmek pikiri 1896-njy ýyldan başlap Nižniý Nowgorodda bolan Bütinrussiýa senagat we çeperçilik sergisi üçin toplanylan hem-de 1897-nji ýylda oblasta gaýtarylyp getirilen kolleksiýanyň barlygy sebäpli ýüze çykan bolara çemeli.

1902-nji ýylda muzeý we kitaphana üçin ýörite jaý salyndy. 1904-nji ýylda muzeýde zoologiýa, botanika, geologiýa-mineralogiýa, etnografiýa, arheologiýa kolleksiýalary (bularyň düzüminde R.Pampelliniň Änewden tapan käbir zatlary hem bardy) gutarnykly ýerleşdirildi. Muzeý Ylymlar akmademiýasy we ýurduň alymlar jemgyýetleri bilen birsyhly aragatnaşyk saklaýardy hem-de özüniň işlerinde meşhur rus alymlary N.I.Andrusowyň, I.W. Muşketowyň, N.A.Zarudynyň, G.I.Raddäniň, W.I.Lipskiniň we başga-da birentekleriniň kömeginden peýdalanýardy. Öz gezeginde, rus alymlary-da tebigy-ylmy ýygyndylaryny taýýarlanlarynda aýrtayn hem güýçli bolan muzeýiň materiallaryny özleriniň ylmy işleri we barlaglary üçin ulanýardylar. Muzeýe barýanlaryň sany ýyl-ýyldan köpelýärdi, kitaphana ýazylýanlaryň we okyjylaryň sany hem artýardy.

Aşgabada, Mara, Krasnowodskä Russýadan drama, opera, operetta, sirk we estrada kollektiwleri gelýärdi. Bu ýerde rus sahnasynyň M.Dalskiý, L. Ýaworskaýa, B.A.Gorin-Goryainow,

W.L.Durow ýaly ajaýyp ussatlary, galyberse-de, rus sahnasynyň guwanjy hem şöhraty F.I. Şalýapin çykyş edipdiler.

Teatr kollektiwleri we toparlary rus nusgawy edebiýatçylary N.W.Gogolyň, A.N.Ostrowskiniň, L.N.Tolstowyň, Şekspiriň, Bomarşäniň we şulara meňzeşleriň eserlerini sahnada goýýardylar.

## 1917-1941-nji ýyllarda Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy

**1917-1924-nji ýylarda Türkmenistanyň ruhy we maddy medeniýeti.** 1917-nji ýylyň oktýabr aýynyň rewolýusiýasyndan soň mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralaryny ösdürmeklige ägirt uly üns berilýär. Respublikanyň partiýa we sowet guramalary, halk magaryf organlary mekdebe çenli terbiýäniň bitewi düzgünini döretmäge çalyşdylar.

Sowet hökümeti rewolýusiýanyň ilkinji ýyllaryndan başlap, ýurtda sowatsyzlygy ýok etmek boýunça enççeme möhüm çäreleri amala aşyryp ugrady. Bu döwürde Türkmenistanda halk magaryfynyň ösmegi üçin oňaýly şertler ýokdy. Ene dilinde durnukly okuw kitaplarynyň bolmazlygy, şonuň ýaly-da pul serişdeleriniň ýetmezçilik etmegi we şulara meňzeşleriň magaryf işini ýola goýmaga gaty päsgel berýärdi.

Baryp 1919-njy ýylyň dekabr aýynyň 26-ynda raýatlyk urşunyň dowam edýänligine garamazdan, ilatyň sowatsyzlygyny ýok etmek hakynda sowet hökümteniň ýörite dekreti çykýar. Ähli guramalaryň, edaralaryň sowatsyzlygy ýok etmek boýunça alyp barýan işlerine ýolbaşçylyk etmek we merkezleşdirmek üçin 1920-nji ýylyň iýulynda Bütinrussiýa Adatdan daşary komissiýasy döredilýär. Şeýle komissiýalar ýerlerde hem guralýar. Ozal medeni taýdan yza galan halklaryň, meselem, gazaklaryň, türkmenleriň we başgalaryň arasynda sowatsyzlygy ýok etmek işine aýratyn üns berilýär. Emma ýagdaý agyrdy,

mugallymlar-da, okuw kitaplary-da ýokdy. Türkmen mekdepleri üçin ilkinji mugallymlar gysga möhletli (2-3 aýlyk) kurslarda taýýarlanylýar. Bu kurslaryň mugallymlarynyň köpüsi Russiýadan, Tatarystandan, Azerbaýjandan Türkmenistana doganlyk kömegini bermek üçin iberilen adamlardy. Kursy tamamlap gelenleriň aglabasynyň bilim derejesi pesdi, olar diňe okamagy, ýazmagy we bitin sanlar möçberinde dört amaly bilýärdiler. Türkmenlerden şeýle "bilimlileriň" sany örän ujypsyzdy.

Türkmen mekdebi hakyndaky ilkinji barlaglar XX asyryň 20-nji ýyllarynyň başlarynda Zakspi ülkesinde rus magaryfçy pedagoglarynyň teklibi bilen geçirildi. I.A.Belýaýewiň "Zakspi oblastynyň mekdepleri" (1915 ý.), "Türkmen diliniň grammatikasy" (1915 ý.), "Türkmençe—rusça sözlük" (1916 ý.) ýaly kitaplary uly ähmiýete eýe boldy.

Türkmen pedagogika ylmynyň ösmeginde Alyşbeg Alyýew uly orun eýeläpdir. Onuň "Türkmen dili" (1913 ý.), "Has täze elipbiý we başlangyç okuw" (1920 ý.), "Türkmen diliniň 2-nji ýyl okadylyşy" (1922 ý.), "Harplykdan soňky okuw kitaby" (1927 ý.) diýen kitaplary türkmen sowet mekdepleriniň ösmeginde we olarda okuw-terbiýeçilik işleriniň gowulanmagynda möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Türküstan hökümetiniň karary bilen ýerli ilatdan mugallymlary taýýarlamak üçin 1920-nji ýylyň noýabrynda Daşkentde Türkmen mekdep işgärlerini taýýarlaýan ýörite gysga möhletli kurs açylýar. Oňa Türküstanyň ýerli ilatynyň wekilleri çekilýär. 1920-nji ýylda şol kursy 76 türkmen, 1921-nji ýylda bolsa-260 türkmen gutarýar. Mekdep işgärlerini taýýarlaýan şonuň ýaly kurslar türkmen oblastynyň uýezd şäherlerinde hem bardy. 1919-njy ýylda Aşgabatda, soňra Maryda (1920-nji ýylyň dowamynda – 120 adam taýýarlaýar), Krasnowodskide (1920-nji ýylda 60 adam şol kursy tamamlaýar), Çärjewde gysga möhletli mugallymçylyk kurslary açylýar we olara sowatly türkmenler çekilýär.

1922-nji ýylda Aşgabada orta hünärli mugalymlary taýýarlamak boýunça ilkinji okuw jaýy-pedtehnikum döredilýär. Tehnikumy gutaranlaryň birnäçesi soňra görnükli jemgyýetçilik we syýasy işgärler, alym, ýazyjy, respublikanyň sungat işgärleri bolup ýetişdiler. 1922-1923-nji okuw ýylyndan mekdep seti meýilnamalaýyn ýagdaýda ösüp başlaýar, milli sowet mekdepleriniň düýbi tutulýar.

Türküstan Awtonomon Sowet Sosialistik Respublikasy (TASSR) Magarf halk komissarlygynyň ýanynda hemişelik dowam edýän mekdep–instruktorlyk kursy döredilýär. Şol kursda 1921-nji ýylda 10 sany türkmen okaýardy.

1920-nji ýylyň maýynda Poltorask uýezdiniň obalarynda 35, Mary uýezdiniň obalarynda bolsa, 29 mekdep işleýär. Zakaspi oblastynda jemi 30 mekdep bolup, olarda 3500 okuwçy okaýar, 65 mugallym işleýär. Halk magaryfynyň organlary mugallym hünärmenleri taýýarlamak we olaryň bilimini kämilleşdirmek boýunça käbir çäreleri amala aşyrýarlar.

1921-nji ýylyň 4-nji martynda Zakaspi oblispolkomy mekdepler üçin iň oňat jaýlary bermek we olary odun hem-de keçe bilen üpjün etmek hakyndaky karary çykarýar. Şol ýylda hem sowatsyzlygy ýok etmek üçin mekdepler peýda bolup başlaýar. Şol mekdeplerde okaýanlaryň (zähmetkeşler) hemmesi üçin iş güni 2 sagat gysgaldylýardy, olara mugt galam, kagyz, kitap berilýärdi.

1921-nji ýyldan başlap oba–posýolog mekdepleriniň mugallymlary üçin ýer uçastoklary berlip başlanýar. Şol uçastoklar jemgyýetçiligiň güýji bilen bejerilýärdi.

1924-nji ýylyň tomsunda Türkmenistanda “Ýok bolsun sowatsyzlyk” diýen jemgyýet guralyp, onuň ýaçeýkalaryna sowatly we sowatsyz raýatlar çekilip başlanýar. Netijede, 1924-nji ýylyň ahyrynda Türkmenistanda sowatsyzlar we çalasowatlylar üçin 170 mekdep bolup, olarda 2500 töweregi adam okadylýar.

1924-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda TSSR döredilenden soň, ilatyň sowatsyzlygyny ýok etmek işi has güýçlenip ugraýar. Respublikada sowatsyzlygy ýok etmek hakynda 1924-nji ýylyň 22-nji dekabrynda ilkinji dekret kabul edýär. Şondan soň likbez we çalasowatlylar mekdepleriniň görnüşleri, okuw möhletleri kesgitlenýär, olar üçin iş maksatnamalary düzülýär, täze okuw kitaplary we gollanmalary neşir edilýär. Mugallym taýýarlaýan kurslaryň seti giňelýär, olaryň okuw möhletleri uzaldylyp başlaýar.

Türkmen aýallarynyň arasynda 1921-nji ýyldan iş geçirilip başlandy. Şol ýyl Poltoraskide uýezd konferensiýasy çagyrylyp, oňa 40 sany türkmen aýaly gatnaşdy. Uýezd konferensiýasynda käbir delegatlar ülke konferensiýasyna, soňra bolsa Gündogar aýallarynyň Bütinrussiýa gurultaýyna hem saýlandylar.

Türkmen aýallaryny azatlyga çykarmak ugrundaky göreş baýdagyny ýokary göteren ilkinji türkmen aýallarynyň arasynda Gündogar aýallarynyň Bütinrussiýa gurultaýyna gatnaşan Amandursyn, Ene Kulyýewa, Şasoltan Garajaýewa, Aksoltan Satylowa, Annajemal Hydyrowa tapawutlanýardylar.

1923-nji ýylyň noýabrynda Sowetlere saýlaw kampaniýasy döwründe türkmen aýallarynyň 53-si Sowetleriň agzalary edilip saýlandy, şol sanda 43 aýal oba Sowetleriniň agzalygyna, 6 aýal, wolost ispolkomlarynyň agzalygyna, 3 aýal, uýezd ispolkomlarynyň agzalygyna we 1 aýal oblispolkomyň agzalygyna saýlandy. Bir türkmen aýaly Türküstan MIK-niň agzasydy.

1924-nji ýylda galyň almagy gadagan etmek hakynda Sowet häkimiýet organlarynyň kararlarynyň durmyşa aşyrylmagyny üpjün edýän çäreler görüldi. 1924-nji ýylda halkara güni bolan 8-nji martyň baýram edilmegi jemgyýetçilik-syýasy durmuşda türkmen aýallarynyň işeňňirliginiň ösmegine uly täsir etdi. Şunuň ýaly işler Türkmenistanyň obalarynda ilkinji gezek geçirilipdi.

1925-nji ýylyň 8-nji martynda Türkmenistan K(b)P MK-nyň teklibi boýunça daýhan aýallaryň Bütintürkmenistan I gurultaýy bolup, ol Türkmenistanda aýallaryň ýagdaýy we olary azatlyga çykarmagyň ýollary hakyndaky meselä hem-de başga ençeme jana-jan möhüm meselelere garady. Gurultaýa 167 delegat gatnaşdy. Gurultaýa Ene Kulyýewa ýolbaşçylyk etdi.

Gurultaý halkara aýallar hereketiniň örän uly işgäri bolan Klara Setkinden hat aldy. Şol hatynda Klara Setkin türkmen aýallaryna “ähli ýurtlaryň uýalaryndan” salam aýdýardy we olary özleriniň azatlygy ugrunda işeňňir göreşmäge çagyrýardy. Gurultaýda çykyp geplän türkmen aýallary öz obalarynda aýallaryň durmuşy hakynda gürrüň berýärdiler, iň wajyp meseleler hakynda gürrüň edýärdiler.

Türkmen gyzlarynyň bilim almagyny ýola goýmak işi gowulandy. 1924-nji ýylyň noýabrynda Türkmen oblastynyň ýerlerinde aýallar mekdepleriniň 5-si bolup, olarda türkmen aýal-gyzlarynyň 78-si, türkmen internat mekdepleriniň 2-si bolup, bulara türkmen aýal-gyzlarynyň 70-e çenlisi okaýardy. Türkmen gyzlary Türkmenistanyň çaklerinden daşardaky okuw jaýlarynda hem okaýardylar. 1924-nji ýylda Daşkendiň Türkmen mekdep işgärlerini taýýarlaýan ýörite gysga möhletli kursuna 18 sany türkmen zenany iberilipdir.

Türkmenistan SSR-niň döredilmegi bilen respublikada ilkinji ylmy-barlag merkezleri we okuw jaýlary peýda bolup başlaýar.

TSSR Halk magaryf komissarlygynyň Döwlet alymlar soweti (1924ý.) döredilýär.

Partiýa taryhy ylmy Türkmenistanda XX asyryň 20-nji ýyllarynda ýüze çykýar. 1922-nji ýylyň maýynda RK(b)P-niň türkmen obkomynyň ýanynda döredilen Partiýa taryhynyň oblast býurosy respublikamyzda döredilen partiýa taryhy edarasynyň ilkinjisi bolupdy.

Türkmen diliniň meseleleri bilen ylmy taýdan meşgullanmak Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasy döredilenden soň ýola goýlup ugralýar. Kem-kemden türkmen dili we ony öwrenýän bilim ösüp başlaýar. Soňra bolsa, ol sowet dil biliminiň aýrylmaz bir bölegi bolup, okuw jaýlarynda geçilýän edaralarynyň obýekti bolýar.

1918-20-nji ýyllardan başlap ýurdumyzda himiýa ylmy-barlag institutlarynyň we himiýa tejribehana onlarçasy açylyp işe girişdiler. Garabogazyň mineral baýlyklaryny sistematiki öwrenmeklige girişmek üçin 1918-nji ýylda inisiatiwasy boýunça halk hojalygynyň ýokary Sowetiniň ylmy-tehniki bölüminiň garamagynda Garabogaz komiteti döredilýär.

1919-njy ýylda N.S.Kurnakowyň ýolbaşçylygynda Garabogaz komiteti döredilip, Garabogazköl aýlagynyň duz baýlyklaryny öwrenmek hem-de olary peýdalanmak metodlaryny anyklamak üçin birinji ekspedisiýa iberilýär.

Türkmenistanda metbugat Zakaspi oblasty Russiýa birikdirilenden soň, XIX asyryň 90-njy ýyllarynda döräp ugrapdy. 1920-nji ýylyň iýul aýynyň 29-ynda Aşgabatda “Türkmenistan” gazetiniň birinji sany çykdy. Munuň özi türkmen halkynyň asyrlar boýy dowam edip gelýän taryhynda onuň hakyky milli metbugatynyň kadaly ýola düşüp ugranlygyny alamatlandyrýardy.

1920-nji ýyldan soňky agyr ykdysady ýyllarda “Türkmenistan” gazeti “Zakaspiýskiýe izwestiýa” (“Turkmenskiýe izwestiýa”), “Sowetskaýa Turkmeniýa” gazetleri bilen bilelikde köp kynçylyklara sezewar bolupdy, kagyz we pul ýetmezçiligi zerarly olaryň hepdeläp, on günläp çykmaýan, çykaýsa-da örän ujypsyz tiraž bilen çykýan wagtlary-da bolupdy. 1921-nji ýylda Maryda rus dilinde neşir edilen “Kommunar”, “Merwskiý westnik”, “Ýunyý boýes wostoka”gazetleriniň-de ýagdaýy şeýledi. Şol döwürde (1921-1924-nji ýyllarda) türkmen dilinde Daşkentde “Türkmen ili” (1922-1924 ýý.), “Kommunist ýoldaşy” (1924ý.), “Ýaş žarpçy”

(1924ý.) ýaly käbir žurnallar neşir edilipdi. Ykdysady kynçylyklar zerarly bularyň hem çykarylyşy üzlem-saplam we az tiražlydy. 1924-nji ýylyň 7-nji noýabrynda “Turkmenskaýa iskranyň” 1-nji sany çykýar.

Türkmenistanda sungaty öwrenişiň başyny başlanlar W.Beläýew bilen W. Uspenskidir.

Dramaturgiýa žanryny döretmek işi hem XX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlanýar. Aşgabatdaky sowet-partiýa mekdebiniň diňleýjisi Ata Gowşudow 1922-nji ýylda şol mekdebiň drama kružogyna aktiw gatnaşýan diňleýjileriň haýyşy bilen özüniň “Zakaspi fronty” (“Gyzyl pullaryň gullary”) atly ilkinji drama eserini döredipdi.

“Gündogar sungatynyň zarpçy mekdebiniň” ýetişdiren terbiýeli okuwçylarynyň arasynda hudožnukler B.Nuraly (Türkmenistan SSR-niň halk hudožnigi, 1900-1964 ýý.), S.A.Beglýarow (Türkmenistan SSR-iň sungatda at gazanan işgäri, 1898-1949 ýý.) türkmen sowet sungatynyň taryhynda görnükli yz galdyrdylar. Olaryň döredijilikli ähmiýeti temalaýyn we sýužetli eserleri, portretleri döretmeklige ilkinji bolup ýüzlenmekleridir.

Türkmen halk senetçilik-bezeg sungatynyň iň ýokary kämillik derejä ösüp ýeten pudagy halyçylykdyr. Haly, palas, ojakbaşy ýaly önümler bilen içerini düşemeklik bezeg bolan bolsa, çuwal, torba, horjun ýaly önümler içeriň bezeginiň üstüni ýetirmekden başga-da, gap-gaçlary goýmak üçin hyzmat edipdir. Öý ýapy (ak ýüp) öýüň daşyna guşak hökmünde ulanylan bolsa, germeç, keçe, gapygünlük (gapylyk) ýaly önümler tüýs bezeg maksatlary üçin öndürilipidir. Eňsi bolsa öýüň işigine hem bezeg, hem tuty bolup hyzmat edipdir. Hakykatdan-da haly we haly-palas önümleri bolmasa, türkmen öýüni göz öňüne getirmek mümkin däldir.

**1925-1941-nji ýylarda Türkmenistanyň ruhy we maddy medeniýeti.** Sowatsyzlygy ýok etmek boýunça 1925-nji ýylfewralynda geçrilen Türkmenistan Sowetleriniň I

gurultaýynda beýleki meseleler bilen bir hatarda halk magaryfynyň ýagdaýyna hem seredilýär, 1927-nji ýylda bolsa “Ýok bolsun sowatsyzlyk” diýen jemgyýetiň respublikan gurultaýy geçirilýär.

1924-1925-nji okuw ýylynda Türkmenistanda eýýäm 170 mekdep işläp, olarda 16921 okuwçy okaýar, şol sanda, obalarda 118 sany mekdep işläp, olarda bolsa 4533 çaga okaýar. Eýýäm 1927-1928-nji okuw ýylynda umumy mekdepleriň sany 508-e ýetip, olarda 31882 çaga okapdyr. Şol wagtda türkmen oglan-gyzlaryndan 200-e golaýy Orta Aziýanyň we ýurdumyzyň merkezi şäherleriniň dürli okuw jaýlarynda okapdyrlar.

Respublikada medeni gurluşyga edilýän harajatlar çalt ösýär. Ol harajatlar 1927-1928-nji okuw ýylynda 5374500 manat, 1928-1929-njy okuw ýylynda 7463500 manat, 1929-1930-njy okuw ýylynda 14157000 manat boldy ýa-da jan başyna 1927-1928-nji okuw ýylynda 5 manat 04 köpük bolanyndan, 1929-1930-njy okuw ýylynda 12 manat 50 köpüge ýetýär.

Aýratyn görnüşli başlangyç mekdepler – mekdep-internatlar has pugtalanýardy, olaryň döredilmegi respublikada mahsus bolan aýratynlyklar bilen baglanyşyklydy. 1925-1926-njy okuw ýylynda şeýle mekdepleriň 32-si bardy. Olar okrug we raýon merkezlerinde ýerleşýärdi. 1930-njy ýyla çenli şeýle görnüşli mekdepleriň sany 46-a ýetýär. Mekdep-internatlaryny gutaranlar pedagogik tehnikumlara we professional-tehniki okuw jaýlaryna girip bilýärdiler.

Respublikanyň obalarynda başlangyç mekdepler hem ösýärdi. 1926-1927-nji okuw ýylynda olar ikiýyllyk, 1928-1929-njy okuw ýylynda üçýyllyk, 1930-1931-nji ýylda dörtýyllyk bolýar. XX asyryň 30-njy ýyllarynyň başlarynda ählumumy hökmany okuwy girizmek işi giňden ýaýbaňlandyrylypdyr.

1930-njy ýylyň iýunynda geçirilen BK(b)P MK-nyň XVI gurultaýynda kabul edilen maksatnamalary ýerine ýetirmek

maksady bilen şol ýylyň 25-nji iýunynda “Ählumumy hökmany başlangyç okuw hakynda” karar kabul edilýär. Bu karar esasynda Sowet Soýuzynyň ähli halklarynyň dillerinde hemme ýerde 8 ýaşdan başlap hökmany başlangyç okuw girizilýär. Türkmenistanda-da 1930-njy ýylyň 11-nji awgustynda ählumumy hökmany başlangyç okuw hakynda karar kabul edilýär we respublikanyň özboluşly aýratynlyklary esasynda bu karary 1933-1934-nji okuw ýylynda tamamlamaklyk göz öňüne tutulýar. 1934-nji ýylda munuň üçin 72 mln. manatdan gowrak pul goýberilýär, munuň özi gysga möhletlerde (1930-1934-nji ýyllarda) 174 täze mekdep (şonuň 169-sy oba ýerlerinde) açmaga mümkinçilik berýär. 1933-1940-njy ýyllar aralygynda 71730 orunly 286 sany mekdep salynýar. Netijede 1929—1930-njy okuw ýylynda respublikada 643 mekdep bolan bolsa, 1933—1934-nji okuw ýylynda 1537-ä ýetip, olarda 116476 çaga okaýardy.

1934—1935-nji okuw ýylynda respublikanyň şäherlerinde we posýoloklarynda hökmany ýediýyllyk okuw girizilýär.

Mekdepleri okuw kitaplar we esbaplar bilen üpjün etmeklik kem-kemden gowulanýardy. 1925-nji ýylda M.Geldiýewiň “Elipbiý” (Harplyk), S.Gapurowyň “Okuw kitaby”, M.Geldiýew bilen G.Alparowyň 1929-njy ýylda “Türkmen diliniň grammatikasy” atly kitaplary çap edilýär. Dürli dersler boýunça beýleki respublikalaryň dillerinde neşir edilen okuw kitaplary türkmen dilinde terjime edilýär.

1926-njy ýylda respublikada jemi okuwçysy 5680 adam bolan 355 dini mekdep we 36 medrese bolupdyr. Sowet mekdepleri 1928-1929-njy okuw ýylynda dini mekdepleri we medreseleri doly gysyp çykarýar hem-de halk magaryf gurluşynda esasy orny eýeleýärler.

XX asyryň 30-njy ýyllarynda halk magaryf edaralarynyň öňünde çagalara rus dilini öwretmegiň ýagdaýy hakyndaky möhüm mesele goýulýar. BK(b)P MK we SSSR HKS ýurdumyzyň ähli doganlyk respublikalarynda 1938-nji ýylyň

martynda “Milli respublikalaryň we oblastlaryň mekdeplerinde rus dilini hökmany öwrenmek hakyndaky” karary kabul edýär.

1930-njy ýylda FZU mekdepleriniň 13-si bolup, olarda 2099 okuwçy okaýar. 1926-1927-nji okuw ýylynda respublikada 3 pedtehnikum bolan bolsa, 1929-1930-njy okuw ýylynda 9 pedtehnikum bolup, olarda 1528 okuwçy okaýar.

1925-nji ýyldan başlap respublikada ýörite orta okuw mekdepleri: Maryda medtehnikum, Çärjewde derýa-parohotçylyk tehnikumy we başgalar açylýar. 1934-1935-nji okuw ýylynda respublikanyň mekdeplerinde 4665 mugallym işleýärdi, emma olaryň köpüsiniň bilimi pesdi.

1931-nji ýylda Aşgabatda pedagogik institut açylýar. Pedinstitut ilkinji ýyllarda 80-100 talyp, soňra bolsa 180-299-a çenli talyp kabul edýär. Respublikada pedinstitutdan başga-da mugallym hünärmenlerini taýýarlaýan ençeme ýokary okuw mekdepleri açylyp başlanýar.

1934-nji ýylyň iýulynda Aşgabatdaky Orta Aziýa zooweterinariýa (SAZWI) bilen Türkmenistan agronomçylyk-pagtaçylyk instituty (TAHI) goşulyp, Türkmenistan oba hojalyk institutyny döredýärler.

Türkmenistanda medisina instituty 1932-nji ýylda döredildi. Medinstitutyň açylan ilkinji ýyllarynda ýerli milletden talyplar örän azdy. Institutyň ilkinji goýberilişinde (1936-1937 ýý.) jemi 53 adam bolup, şolardan diňe biri türkmendi.

Türkmenistan SSR-niň Merkezi Ispolnitel Komitetitiniň kararay bilen 1927-nji ýylda TSSR Halk Komissarlar Sowetiniň ýanynda Türkmen medeniýet instituty (TMI) döredilýär. 1929-njy ýylda türkmen medeniýet institutynyň ýanynda arheologiýa bölümi döredilýär. Onuň işine aşgabatly arheologlar çagyrylýar. Şeýle alymlaryň hataryna A.A.Semýonowy, A.Ý.Ýakubowskini we başgalary goşmak bolar. Bölümiň işine A.A.Maruşenko we S.A.Ýerşow ýaly aşgabatly arheologlar gatnaşýarlar. Olar Türkmenistanyň dürli ýerlerinde bolup,

ylymda mälim bolmadyk ençeme ýadygärlikleri barada kitap neşir edýärler. Onda respublikadaky gyzykly arhitektura ýadygärlikleriň ençemesi barada gyzykly maglumatlar berilýär.

Türkmenistanda etnografiýa ylym hökmünde sowet häkimiýeti ýyllarynda döreýär we ösýär. Orta asyrlara, XVIII-XIX asyrlara degişli ýazgy çeşmelerinde, taryhy eserlerde gadymy türkmenleriň däplerine, maşgala durmuşlaryna, dinlerine we şulara meňzeşlere degişli gyzykly maglumatlara duş gelinýär. Köp halatlarda bu işlerde halkyň etnografiýasy gödek ýoýulýardy we nädogry beýan edilýärdi. XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ikinji ýarymyndan başlap, respublikanyň gazet-žurnallarynda türkmen şejereler (nesil taryhy), däp-dessur, adat, toý, galyň ýaly meseller barada porf. Brýulow-Şaskolskaýanyň, N.N.Ýomudskiý Garaşhan oglunyň, Dessegül Ýomudskaýa-Burunowanyň, G.İ.Karpowyň we başgalaryň makalalary peýda bolup başlaýar. Biraz soňrak olaryň şu meselelere bagyşlap ýazan kitaplary çapdan çykýar. Türkmen halkynyň etnografiýasyny öwrenmekde we ýaýratmakda 1927-1931-nji ýyllarda neşir edilen “Türkmenowedeniýe” žurnalynyň ähmiýeti uly bolupdyr.

1929-njy ýylda bolsa “Türkmen edebiýatynyň taryhy boýunça oçerk” diýen işi şol ýylda Leningradda neşir edilen “Zapiski russkogo geografiçeskogo obşestwa” (SRGO), “Zapiski Wostoçnogo otdeleniýa imperatorskogo russkogo arheologiçeskogo obşestwa” (ZWO IRAO) diýen ylmy ýazgylaryň, “Žiwaýa starina” diýen žurnalyň ähmiýetiniň uly bolandygyny belläp geçmek ýerliklidir.

Türkmenistanda radiogepleşik işleriniň gözbaşy radiosöýüjileriň jemgyýetinden başlanýar. Bu özbaşdak gurama 1926-njy ýylyň ýanwar aýynda döredilýär.

Bu teatral studiýa soňra 1929-njy ýylda Mollanepes adyndaky türkmen döwlet akademiki drama teatryna öwrülýär.

1934-nji ýylda Türkmenistan ýazyjylarynyň I gurultaýy geçirilýär. Şeýlelikde eýýäm XX asyryň 30-njy ýyllarynyň I

ýarymynda türkmen ýazyjylary bir döredijilik soýuzyna— Türkmenistan Ýazyjylar soýuzyna birleşýär.

Türkmen halky gadymdan gelýän örän çeper aýdym-saz mirasynyň eýesidir. 1929-njy ýylda drama, sazçylyk, şekillendiriş sungaty bölümlerinden ybarat Türkmenistan çeperçilik tehnikumynyň açylmagy şol ugurlardan milli hünärmenleriň ösüp ýetişmegine uly goltgy berdi. 1938-nji ýylda türkmen döwlet filarmoniýasy açylýar.

1926-njý ýylda drama kružogyň esasynda türkmen teatral studiýasy açylýar, onuň ilkinji ýolbaşçysy Garaja Burunowdy. Milli teatryň ösüşiniň ilkinji döwri (1929-1932 ýý.) rus drama teatry bilen guramaçylyk we hojalyk taýdan birleşmegi bilen baglanyşykly bolupdy. Rus teatry bilen bilelikde işlenmegi türkmen teatrynyň ýaş agzalary üçin örän uly ähmiýetlidi. Teatr öz ösüşiniň ikinji döwrüne girýän dört teatral möwsüminde (1932-1936 ýý.) rus we ukrain dramaturglarynyň 7 pýesasyny sahnalaşdyrýar.

1935-nji "Türkmenfilm" studiýasy "Men gaýdyp gelerin" kartinasyny, soňra "Ýedi ýürek" filmini ekrana goýberýär.

1927-28-nji ýyllarda B.Nuraly "Köne türkmen durmuşy", "Täze türkmen durmuşy" diýen kartinalaryny döredýär. 1929-njy ýylyň başynda Aşgabatda türkmen hudožnikleriniň Assosiýasiýasy döredilýär, şol ýylyň ahyrynda bolsa ol Türkmenistanyň hudožnikler jemgyýetine öwrülýär.

1934-nji ýylyň ahyrynda Türkmenistan sowet hudožnikler soýuzyny döretmek baradaky mesele goýulýar. 1935-nji ýylda Aşgabatda Proletar hudožnikler jemgyýetiniň guramaçylyk býurosy döredilýär, soňra ol Türkmenistan sowet hudožnikleri soýuzynyň (TSHS-niň) guramaçylyk býurosy diýlip atlandyrylyp, ol türkmen hudožnikleriniň döredijilik işine ýolbaşçylyk edýär.

Türkmenistan ylmy-barlag instituty (1925 ý.), Türkmen medeniýeti instituty (Türkmenkult) (1927 ý.), Türkmen medeniýeti instituty (Türkmenkult) (1927 ý.), Türkmenistan

botanika bagy (1929 ý.), Türkmenistan botanika instituty (1930 ý.), Baýramaly pagtaçylyk instituty (1929 ý.), Türkmen pedinstituty (1931 ý.), Türkmenistanyň täze medeniýetler instituty (1932 ý.), Türkmenistan medisina instituty (1932 ý.), Gyzdyrma we medisina parazitoolgiýasy instituty (1932 ý.). Trahomatoz instituty (1932 ý.), Türkmenistan oba hojalyk instituty (1934 ý.). Türkmen dil we edebiýat ylmy-barlag instituty (1935 ý.) we başgalar.

1929-njy ýylda SSR Ylymlar akademiýasynyň ýanynda Türkmenistan komissiýasy döredilýär.

1937-nji ýylda Türkmenistan MIK-niň ýanynda Ylym baradaky komitet döredilýänçä , ylmy-barlag edaralar biri-birinden üzňe iş alyp barýardylar.

Türkmenistanda alnyp barylýan ylmy barlaglaryň ählisini utgaşdyrmaga (koordinirlemäge) girişen ilkinji merkez boldy. Bu komitetiň alyp baran işleri SSSR Ylymlar akademiýasynyň Türkmenistan filialynyň döredilmegi üçin baza bolupdy. Bu filial hökümetiň 1940-njy ýylyň 6-njy dekabryndaky karary esasynda 1941-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Aşgabatda SSSR YA-nyň Türkmenistan filialynyň açylmagy respublikada ylmyň, şol sanda ykdysady ylmyň ösmeginde uly waka boldy.

1937-nji ýylda Parižde we 1939-njy ýylda Nýu-Ýorkda guralan Bütindünýä sergilerinde türkmen halylary tomaşaçylara haýran galdyryjy täsir etdi we iň ýokary baha mynasyp boldy.

Respublikanyň ýerlerinde birnäçe arhitektura ýadygärlikleri bar.

Respublikada şäherleriň sany hem köpelip başlaýar. Egerde 1938 ýylda 9 şäher bolan bolsa, 1941 ýylda olaryň sany 12-ä ýetýär.

## 1941-45-nji Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy

**1941-1945-nji ýyllarda Türkmenistanyň ruhy medeniýeti.** Beýik Watançylyk urşy bütin hojalyk, döwlet we jemgyýetçilik gurluşynyň, halklaryň dostlugynyň pugtalygynyň synagy boldy. Adamlar ol synagdan üstünlik bilen geçdiler. Bu işde mekdebiň hyzmaty örän uludyr. Ol Watanyň halkyny goragçylaryny batyr, mert, öz borjuna wepaly, diňe bir öz azatlygy ugrunda däl, eýsem faşizm zulumy astynda jebir çekýän başga halklaryň azatlygy üçin-de söweşmäge taýýar adamlary teribýelemegi başardy. 1941-45-nji ýyllarda Türkmenistanyň magaryf organlary ählumumuy okuwy amala aşyrmakda, pedagogik hünärmenleri taýýarlamakda, orta we ýokary bilimi ösdürmekde ägirt uly kynçylyklary ýeňip geçmeli boldy. Mekdep jaýlarynyň belli bir böleginiň harby hajatlara, esasan-da harby gospitallara berilmegi netijesinde okuw salkynlaýyn okadyldy.

Uruş ýyllarynda bütin sowet jemgyýetçiligi çagalaryň hossarsyzlygyna we idegsizligine garşy ägirt uly göreş alyp bardy. TSSR HKS-niň 1942-nji ýylyň 23-nji ýanwaryndaky karary esasynda respublikada çagalar öýleriniň giň seti döredilýär, çagalary işe, FZO mekdeplerine we hünärmentçilik uçilişelerine ýerleşdirmeklik guralýar. Zähmetkeşler deputatlarynyň şäher we raýon Sowetleriniň ispolnitel komitetlerinde çagalara hossarlyk edilmezligine garşy göreşmek boýunça ýörite komissiýalar döredilýär. Ýetimleri hossarlyga almak boýunça uly kampaniýa ýaýbaňlanýar. Käbir türkmen maşgalalary uruş ýagdaýynyň ýetmezçiligine, kynçylygyna garamazdan, terbiýelemek üçin birnäçe çaga alýar. 1945-nji ýylda respublikada 39 çagalar öýi bolup, olarda 1409 çaga terbiýelenýär.

Beýik watançylyk urşy ýyllarynda pedagogik hünärmenleri taýýarlamak işine ägirt uly üns berilýär.

Mälim bolşy ýaly, mugallymlaryň ýüzlerçesi partiýanyň çagyryşy boýunça fronta gidýärler. Käbir mekdeplerde sapak geçmäge mugallym tapylmazlyk howpy döreýär. Beýik Watançylyk urşy ýyllaryndaky taýýarlanylyşy ýaly, aýal-gyzlardan mugallym hünärmenleriň şeýle köpçülikleýin taýýarlanylyşy Türkmenistanyň halk magaryfynyň taryhynda entek görlüp-eşidilen zat däldi. Mekdeplerde işlemiäge 1942-nji ýylda 3872 gyz, 1943 –njy ýylda bolsa ýene 2877 gyz hukuk gazanýar. Urşuň üç ýyllygynyň dowamynda ýerli milletlerden bolan gyzlardan gysga möhletli kurslarda 1-4 (başlangyç klaslar) we 5-7 klaslar üçin (predmetler okadýan) 7,5 müňden köpräk mugallym taýýarlanylýar. Olaryň köpüsi çagalary okatmakda we terbiýelemekde oňat üstünlikler gazanýarlar.

Beýik Watançylyk urşunyň başlarynda Moskwanyň we Odessanyň döwlet uniwersitetleri wagtlaýynça Türkmenistana geçirilýär. Moskwa uniwersiteti Aşgabatda, Odessa uniwersiteti Baýramalyda ýerleşdirilýär. SSSR-iň iň uly ýokary okuw mekdepleriniň ikisiniň Türkmenistana gelmegi respublikada diňe bir ylmyň ösmeginde däl, eýsem ýokary pedagogik bilimiň ýola goýulmagynda-da möhüm ähmiýete eýe bolýar.

1941-nji ýylda SSSR Ylymlar akademiýasynyň Türkmenistan filialynyň açylmagy bilen türkmen edebiýatyny we halk döredijiligini öwrenmek meselesi has-da ymykly ýola goýuldy. Bu döwürde ýetişen ýaş alymlar A.Ahunow-Gürgenli, N.Hojaýew, M.Kösäýew, B.Garryýew, N.Aşyrow, H.Hanow tarapyndan ylmyň bu pudagyna degişli ençeme işler edildi. Bu alymlaryň tagallasy bilen türkmen halkynyň taryhynda ilkinji gezek edebiýatdan okuw kitaplary, hrestomatiýalar düzülmäge başlandy. Dessanlaryň, ertekileriň, nakyllaryň, matallaryň, hüwdüleriň gowy nusgalary degişli sözbaşylar we düşündirişler bilen aýratyn kitapçalar görnüşinde neşir edildi. Ata Gowşudowyň tagallasy bilen meşhur “Görogly” eposy okyjylara hödürlendi. Nusgawy şahyrlar Magtymgulynyň, Zeliliniň, Seýdiniň, Keminäniň, Mollenepesiň saýlanan eserleri

hem aýratyn kitapçalar görnüşinde uly tiražlar bilen çykaryldy. Bu işler halk döredijiliginiň we edebiýatyň aýry-aýry meselelerini çynlakaý öwrenmäge esas döretdi. Gysga döwrüň içinde bu ugurlara degişli ençeme ylmy-barlag işleri ýazyldy, ýaş alymlaryň sany artdy. Magtymgulynyň döredijiligi barada B.Garryýew, G.O.Çaryýew, Mollenepesiň döredijiligi barada bolsa A.Kekilow doktorlyk dissertasiýasyny goradylar. Türkmen edebiýatynyň aýry-aýry meselelerine degişli ýazan çuňňur ylmy-barlag işleri üçin ýaş alymlar Ö.Abdyllaýew, J.Allakow, R.Rahmanow dagy hem filologiýa ylymlarynyň doktory diýen ada mynasyp boldular. Nusgawy edebiýatyň we häziriki zaman türkmen edebiýatynyň görnükli wekilleriniň döredijiligi barada birnäçe dissertasiýalar goraldy, ylmy-barlag işler ýazyldy.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda respublikanyň döwürleýin metbugat organlarynyň gurluşy belli bir derejede azalyp, 1943-nji ýylda gazetleriň sany 59-a ýetip, olaryň bir gezekki nomeriniň umumy tiražy 176 müň ekzemplýar bolýar. 1944-nji ýylda žurnallaryň sany 4-e ýetip, olaryň umumy ýyllyk tiražy 87 müň ekzemplýar bolýar. Uruş başlanandan soň käbir gazetler (meselem, “Sowatlylyk ugurnda göreş” gazeti) bütinleý ýatyrylypdy, käbir gazetleriň (meselem, “Ýaş kommunist”, “Komsomoles Turkmenistana”, “Mydam taýýar”) we žurnallaryň (meselem, “Tokmok”, “Mugallyma kömek”) bolsa neşir edilmegi wagtlaýynça togtadylypdy. 1943—1944-nji ýyllarda Günbatar frontda çykan “Gyzyl esger hakykaty” gazeiti, beýlekisi bolsa Türküstan harby okrugyny Daşkentde 1943-nji ýylda çykaryp başlan we 1956-njy ýyla çenli dowam eden “Frunzeçi” gazetidi. Uruş ýyllarynda respublikamyzda çykarylan kitaplaryň-da sany we tiražy has azalyp, 1944-nji ýylda umumy tiražy 723 müň ekzemplýardan ybarat 126 kitap we broşýura neşir edilipdi. Türkmen okuw-pedagogik neşirýaty türkmen döwlet neşirýaty bilen birikdirilipdi.

Senagat komissiýasynyň esasynda 1944-nji ýylda fizika-tehniki instituty döredilýär.

Beýik Watançylyk urşy halkymyzyň, şol sanda edebiýat hem döredijilik işgärleriniň durmuşynda uly özgerişlik döretdi. Urşuň ilkinji günlerinde türkmen ýazyjylary ganym duşmana garşy göreşmekligi özleriniň mukaddes borçlary diýip hasapladylar. Ýazyjylaryň A.Nyýazow, D.Haldurdy, P.Nurberdyýew, R.Alyýew, Ş.Kekilow, N.Saryhanow, K.İşanow, Ç.Aşyrow, H. Ysmaýylow ýaly onlarça wekilleri Watany goramak ugrundaky adalatly söweşe eli ýargagly gatnaşdylar. Edil şol wagtyň özünde olar edebi döredijilik işlerini hem ýatdan çykarmadylar. Muňa watançy şahyr Şaly Kekilowyň "Kareliýa jeňňelinde" diýen ajaýyp poemasy, K.İşanowyň goşgular toplumy, P.Nurberdyýewiň, D.Haldurdynyň ençeme eserleri, N.Saryhanowyň "Ene" oçerki we şulara meňzeş eserleri türkmen halkyna duşmany ýigrenmegi, eziz Watany janyň-teniň bilen söýmegi öwretdiler.

Fronta giden toparlaryň içinde B.Kerbabaýew, B. Soltannyýazow, R.Seýidow, G.Seýitliýew bardy. Şol ýazyjydyr şahyrlar öz döredijiliklerini front durmuşy bilen baglanyşykly alyp bardylar. B.Kerbabaýew Sowet Soýuzynyň Gahrymany Gurban Durdy hakynda "Watan ogly" diýen gyzykly powest ýazdy, "Aýlar" diýen poemasyny döretdi. "Aýgytly ädim" romanynyň söweş wakalary bilen baglanyşykly bolan ikinji we üçünjü kitaplary hem şondan soň ýüze çykdy. S.Soltannyýazow birbada iki Lenin ordeni bilen sylaglanan Kerim Dosow hakynda powest ýazdy. R. Seýidow "Azat Orýol", "Gaplaň" ýaly täsirli goşgularyny döretdi.

P.Nurberdyýewiň "Watançy garry", B.Seýtäkowyň "Joralar", H.Şükürowyň "Jigit", Ç.Aşyrowyň "Nebitdag şäherinde", B.Kerbabaýewiň "Aýlar", Ý. Nasyrlynyň "Leýtenantyň ogly" ýaly poemalaryny, A.Gowşudowyň "Mähri-Wepa" romanyny, N.Saryhanowyň "Ýagtylyga çykanlar" powestini görkezmek ýerlikli bolar. Mysal üçin,

A.Gowşudowyň “Mähri-Wepasynda” uruş wakalary belli bir derejede görkezilýär.

**Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda ýyllarda Türkmenistanyň maddy medeniýeti.** 1941-nji ýylyň 6-njy noýabrynda bu teatryň sahnasynda “Zöhre we Tahyr” operasy goýulýar. Operanyň librettosyny dramaturg Bazar Amanow, sazyny bolsa kompozitor A.Şapoçnikow ýazýar. 1952-nji ýylda “Zöhre we Tahyr” operasy A.Garlyýew tarapyndan täzeden işlenilýär, sazyny A.Şapoşnikow bilen W.Muhadow ýazýar. Şondan soň bu opera teatryň repertuar spektakllarynyň hataryna berk ornaşýar.

Türkmen opera we balet teatry uruş ýyllary içinde K.Korçmarýowyň “Bagtly ýaşlyk” (1942 ý.), B.Şehter bilen A.Kulyýewiň “Ýusup we Bilbil” (1943 ý.), Ý. Meýtus bilen A.Kulyýewiň “Abadan” (1943 ý.), A.Şapoşnikow bilen D.Öwezowyň “Şasenem we Garyp” (1944 ý.) operalaryny sahnada goýýar. Ýöne bu operalaryň soňky ikisinden özgesi dürli ýetmezçilikler sebäpli teatryň repertuaryndan aýrylýar.

1943-nji ýylda Ý.Meýtus bilen A.Kulyýewiň bilelikde döreden “Abadan” operasynyň teatryň sahnasynda goýulmagy respublikamyzyň saz sungatynda uly waka bolýar. Bu opera uruş temasyna bagyşlanyp döredilen ilkinji teatr eseridir. Operanyň librettosyny özüniň “Aýlar” atly poemasy esasynda Berdi Kerbaabýew ýazýar. Operanyň baş gahrymany Abadan Watan üçin janyny gurban edýär. Bu ýönekeý we sada türkmen gyzynyň obrazy librettoda has hem güýçli berilýär. Operada sowet esgerleriniň frontdaky gahrymançylyklary, zähmetkeşleriň tyldaky watançylyk joşguny, syýasy agzybirligi, duşmana bolan gahar-gazaby hakyky simfoniki sazyň üsti bilen täsirli beýan edilýär.

1944-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda “Şasenem we Garyp” operasy tomaşyçylara görkezilýär. Operanyň sazyny A.Şapoşnikow bilen D.Öwezow ýazýar (librettosy G. Burunowyňky, dirižýor H.Allanurow). Operada awtorlar,

esasan, dessanyň baş gahrymanlary Şasenem bilen Garybyň päk söýgüsini açyp görkezmäge çalyşýar. Awtorlar şol gahrymanlaryň başdan geçirenlerini çeperçilik bilen köpçülik sahnasynda görkezýärler. Şonuň bilen bir wagtda bolsa dessanyň wajyp durmuş temasy (halkyň agyr güni, şa düzgünine garşy göreşi) açylyp görkezilýär. Umuman aýdylanda, uruş döwrüniň 4 ýyly içinde 8 sany opera we balet taýýarlandy. Olar ýaş teatryň döredijilik ukybyny görkezýärdi.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda türkmen opera we balet teatry opera spektakllaryny taýýarlamak bilen bir hatarda balet sungatyny ösdürmek barada hem ep-esli iş edrýär. 1942-nji ýylyň ýanwarynda üç bölümden ybarat "Balet agşamyny" goýmaga mümkinçilik döreýär. Dürli halklaryň tanslaryny we käbir nusgawy tans hereketlerini öz içine alýan bu balet konserti pedagog D.I.Benenson we baletmeýster N.S.Holfin tarapyndan goýulýar. Mundan soň 1942-nji ýylyň oktýabrynda K.Korçmarýowyň "Aldar köse" (librettosy N.S.Holfin bilen G.Burunowyňky), 1943-nji ýylyň dekabrynda bolsa "Deňiz gyzlary" (librettosy N.S.Holfiniňki) diýen baletler goýulýar. Türkmen milli balet artistleriniň ösüp ýetişmeginde, halk saz teatral sungatynyň täze žanry bolan balet spektakllary bilen tanyşdyrmakmda bu oýunlaryň ähmiýeti uly boldy.

Türkmen döwlet drama teatrynyň sahnasynda harby temada goýlan ilkinji pýesa B.Kerbabaýewiň "Watana söýgüsidir". Şeýle hem uruş ýyllarynda şu teatrda goýlan pýesalardan B.Kerbabaýew bilen A.Kekilowyň "Gurban Durdy", B.Kerbabaýewiň "Doganlar" diýen pýesalary watançylyk temasyna bagyşlanýardy.

Uruş ýyllarynda türkmen dramaturglary we teatryň kollektiwi taryhy-folklor mazmunly pýesalary goýmaga-da girişýärdiler. Meselem, G.Burunow bilen B.Amanaowyň baryp uruşdan ozal goýlan "Keýmir köri" ýene-de goýlup başlanýar, 1941-nji ýylyň dekabrynda bolsa B.Kerbabaýewiň "Magtymguly" spektaklynyň premýerasy bolýar. Olaryň

yzyndan A. Gowşudowyň “Göroglusy”, H. Şükürowyň “Horezmi”, B. Amanowyň “Soltan Sanjary” we başgalar goýulýar.

Teatryň repertuarynda görnükli orny, ozalkysy ýaly, köpmilletli sowet dramaturgiýasynyň pýesalary tutýardy. Watançylyk urşy hakynda gürrüň berýän pýesalardan K.Simýonowyň “Şeýle hem bolar”, S.Stalskiniň “Edermenlik” spektakllaryny we başgalary görkezmek bolar. Olaryň arasynda A.Korneýçugyň “Front” pýesasynyň goýulmagy aýratyn ähmiýete eýe boldy.

Teatryň repertuarynda görnükli orny dünýä nusgawy dramaturgiýasynyň eserleri tutýardy. A.Ostrowskniň “Tupan”, “Giçki söýgi”, N.Gogolyň “Öýleniş”, F.Şilleriň “Mekirlik we söýgi” diýen pýesalary sahnalaşdyrylýar.

Beýik Watançylyk urşunyň howply günlerinde, harby döwrüň agyr şertlerine garamazdan, 1941-nji ýylyň noýabr aýynyň 6-ynda milli opera we balet teatry A.Şapoşnikowyň “Zöhre we Tahyr” operasynyň premýarasy bilen açylýar. Bu teatr türkmen halkyny sazly sahna sungatynyň bu çylşyrymly we täze görnüşi bilen tanyşdyrmalydy.

Beýik Watançylyk urşy Türkmenistanyň sungatynyň öňünde täze wezipeleri öňe sürdi. Urşuň ilkinji günlerinden başlap türkmen hudožnikleri duşmana garşy ählihalk göreşine goşuldylar. Bu döwürde sungatyň agitasion-köpçülik görnüşleri uly ähmiýete eýe boldy. Uruş ýyllarynda “Türkmen TAG-yň aýnasy” diýlip atlandyrylan agitplakatlaryň 400-den gowragy çap edildi. Gazaply ýyllarda döredilen žiwopis eserlerinde hudožnikler sowet adamlarynyň watançylygyny, olaryň frontdaky gfahrymançylyygyny, tyldaky edermençilikli zähmetini suratlandyrdylar. ( 9142), Ý.M. Adamowa (1913, TSSR-iň halk hudožnigi) “Donorlar” (1912-48; TSSR-iň sungatda at gazanan işgäri) “Gyzyl Goşuna ugradyş” (1942-45). Bu eserlerde Sowet Goşunynyň kuwwaty, onuň halk bilen agzybirligi, şonuň ýaly-da kolhoz medanlary, türkmen

halkynyň özboluşly durmuşy açylyp görkezilýär. Uruş wagtynyň kynçylyklaryna garamazdan, Türkmenistanyň şekillendiriş sungaty ösmegini dowam etdirýär.

## 1946-1991-nji ýyllarda Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy

**1946-55-nji ýyllarda Türkmenistanyň ruhy we maddy medeniýeti.** Beýik Watançylyk urşy ýeňişli tamamlanandan soňra partiýa we hökümet uruş zerarly weýran bolan halk hojalygyny dikeltmäge girişýär hem-de halkyň öňünde ýakyn geljekdäki döwür üçin esasy durmuş-ykdysady wezipäni goýýar. Ol wezipäni çözmek üçin senagaty, oba hojalygy güýçli ösdürmek bilen birlikde magaryfy we halkyň medeniýetini ýokarlandyrmak zerurdy.

Uruşdan soňky döwürde hem mekdebe çenli ýaşly çagalary terbiýelemekligi ösdürmäge we kämilleşdirmäge uly üns berilýär. Mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň seti üznüksiz giňelýär. Eger-de 1940-njy ýylda mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň 936-sy bolan bolsa 1945-nji ýylda olaryň sany 998-e ýetýär; 1950-nji ýylda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň 1017-si bolup, olarda 27454 çaga terbiýelenýär.

Uruşdan soňky ilkinji ýyllarda ähmumumy okuw ugrundaky göeşde uly kynçylyklar ýüze çykýar. Meselem, 1945-1946-njy okuw ýylynda ählumumy okuw baradky döwlet plany 88,8 %, ýylyň ahyrynda 82,4 % ýerine ýetirilýär. Bu ýagdaý, birinjiden, mekdep ýaşyndaky çagalaryň ençemesiniň uruş gutarandan soňra ata-enesi bilen Türkmenistandan çykyp gitmegi, ikinjiden, 5-7-nji klaslarda okaýan ýetginjekleriň ep-esli böleginiň kolhozlarda, dürli edaralara, senagat kärhanalaryna işe girmegi, üçünjiden, okuwçylaryň belli bir toparynyň FZO mekdeplerine we hünämentçilik uçilişelerine iberilmegi we beýleki sebäpler bilen düşündirilýär.

Ýokary klaslara okuwçy çekmek işi doly amala aşmaýar. Meselem, 1946-1947-njy okuw ýylynyň ahyrynda okuwçylaryň okuwa çekilişi 5-7-nji klaslarda 79,9 %, 8-10-njy klaslarda 62,6 % bolýar. Emma bu wagtlaýyn kynçylykdy we ol soňky ýyllarda üstünlikli ýeňlip geçildi.

Uruşdan soňky 11 ýylyň dowamynda (1946-1956 ýý.) döwlet gurluşygy boýunça 75 mekdep ulanylmaga berilýär. Ondan başga-da kolhozlaryň teklibi bilen we şolaryň serişdesiniň hasabyna 1946-1950-nji ýyllarda 42 mekdep, 1951-1955-nji ýyllarda 93 mekdep, 1956-njy ýylda 19 mekdep salynýar. Şeýlelikde, 11 ýylyň dowamynda respublikada 229 mekdep artýar.

Uruşdan soňky ýyllarda ýediýyllyk we orta mekdepleriň setini giňeltmäge, 7-10-njy klaslara okuwçylary köp çekmäge uly üns berilýär. 1948-nji ýylda Kaka raýonynyň "Kommunist" kolhozynyň zwenowody Sosialistik Zähmetiň Gahrymany Aýnabat Begenjowa obadaky 3-nji doly däl orta mekdebiň okuwçylaryna okuw-tejribe uçastogynda gowaçadan ýokary hasyl almagyň tärlerini öwretmek maksady bilen olary ýolbaşçylygyna almak barada möhüm teklip bilen çykyş edýär. Bu mekdebiň okuwçylary Aýnabat Begenjowanyň ýolbaşçylygynda, gowaçadan ýokary hasyl almagy başardylar, olarda oba hojalagyna uly höwes döreýär. Bu teklibi TK(b)P MK goldaýar. Respublikanyň beýleki hasyl ussatlary-da öz iş tejribelerini okuwçylara öwredip başlaýarlar.

ÝOM-i, ýörite okuw mekdepleri, talyplaryň kontingenti bilen üpjün etmek baradaky wezipe goýulýar. Halk magaryfynyň organlary şol wezipäni amala aşyrmak üçin diňe bir täze ýediýyllyk we orta mekdepleri açmak däl, eýsem öňki bar bolan mekdepleri pugtalandyrmak boýunça hem uly işler geçirilýärler.

XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ortalaryna çenli Türkmenistanyň taryhy boýunça çap edilen işleriň arasynda alymlar topary tarapyndan taýýarlanan "Türkmenistanyň we

türkmen halkynyň taryhyndan öçerkler” (1954 ý.) diýen monografiýany we başga-da birnäçe monografiýalary görkezmek bolar.

1946-njy ýylda professor M.Ý.Massonyň ýolbaşçylygynda Günorta Türkmenistan arheologik kompleksleýin ekspedisiýasynyň (GTAKE) döredilmegi Türkmenistanyň arheologiýa ylmyny ösdürmekde uly uly ähmiýete eýe bolýar. Ekspedisiýanyň işine Moskwanyň, Leningradyň, Daşkendiň we başga birnäçe şäherleriň arheolog—alymlary gatnaşýarlar.

1951-nji ýylda TSSR Ylymlar akademiýasynyň taryh institutynda döredilen arheologiýa bölümi hem respublikanyň arheologik ýadygärliklerini öwrenmekde ençeme işler etdi. Son—soňlaram respublikanyň ýadygärlikleri ylmy edaralaryň üçüsi: Demirgazykda-Horzem ekspedisiýaszy, galan ýerlerde bolsa Günorta Türkmenistan arheologik kompleksleýin ekspedisiýasy hem-de TSSR Ylymlar akademiýasynyň Ş.Batyrow adyndaky taryh instituty tarapyndan öwrenilýär.

Geçirilen arheologik barlag işleri Türkmenistanyň taryhynyň iň möhüm meselelerini (ekerançylygyň döremegi hem-de ösmegi, hünärmentçiligiň, sungatyň taryhy, arhitektura, söwda, medeni gatnaşyklar, pul dolanyşygy we başgalar) ylmy taýdan umumylaşdyrmaga mümkinçilik berdi. Respublikadaky arheologik açyşlaryň netijeleri Türkmenistan SSR-niň taryhynyň I tomunyň 1-nji kitabynda, Günorta Türkmenistan arheologik kompleksleýin ekspedisiýasynyň 15 tomdan ybarat kitaplarynda, taryh institutynyň “Karakumskiýe drewnosti” diýen at bilhen çykaran 7 kitabynda beýan edilýär, şeýle hem merhum Ö. Berdiýewiň “Günorta Türkmenistanyň gadymy ekerançylary”, G.A.Pugaçenkowanyň “Türkmenistanyň sungaty” diýen işlerinde, “Türkmenistanyň ýadygärlikleri” žurnalynda we başga-da ençeme işlerde türkmen halkynyň gadymy döwürlere we orta asyrlara degişli taryhynyň dürli meseleleri barada söhbet açylýar.

Uruşdan soňky ýyllarda Türkmenistanyň pedagogik ylymlary ýene-de ösýär. 1954-nji ýylda TSSR Halk magaryf ministrliginiň mekdepler ylmy-barlag institutytynyň döredilmegi okuw meýilnamalaryny we okuw kitaplaryny döetmek baradaky işleri ýaýbaňlandyrmaga mümkinçilik berýär.

1951-nji ýylda TSSR YA-nyň Prezidiumynyň ýanynda ykdysadyýet bölümi açylýar.

TSSR YA-nyň açylmagy (1951 ý.) bilen fizika-tehniki institutynyň esasynda Fizika we geofizika instituty (Fizika-tehniki institut), Seýsmikä çydamly gurluşyk instituty, hem-de TSSR YA-nyň Prezidiumynyň ýanynda Himiýa bölümi döredildi.

Türkmenistanda fiziki geografiýa ylmynyň ösmegi aýratyn hem Beýik Watançylyk urşundan soň rowaçlanyp başlady.

Beýik Watançylyk urşundan öňki we soňky döwürlerde Türkmenistanyň topragyny öwrenmeklige I.P.Gerasimow, G.I.Dolenko, R.A.Kowda, Ý.W. Lobowa, M.Parhomenko, I.S. Rasoçýew, O.Jumaýew, M.K.Çaryýew, A.P.Lawrow Ösümligini öwrenmeklige B.A.Keller, B.A. Fedçenko, Ý.P.Korowin, W.N.Minerwin, M.P.Petrow, N.T.Neçaýewa, W.W. Nikitin, L.Ý.Rodin, A.Aşyrowa, B.B.Kerbabaýew haýwanat dünýäsini öwrenmeklige Ý.N.Pawlowskiý, S.I.Ognew, M.K.Laptew, G.P.Dementýew, Ý.L.Şestoperow, W.G.Geptner, A.K.Rustamow, O.Nurgeldiýew, J.S.Alyýew, A.Ö.Täşliýew we başgalar işeňňir gatnaşdylar.

TSSR YA-synyň düzüminde botanika, zoologiýa, çöller insitutlary açylýar. Türkmenistanda fiziki-geografiýa ylmynyň ösmeginde M.P.Petrowyň, W.N.Kuniniň, B.A.Fedorowiçiň, S.Ý.Gelleriň, A.G.Babaýewiň bitiren işleri uludyr. 1950-nji ýylda Aşgabatda açylan TDU-nyň garamagynda biologiýa-geografiýa fakulteti döredildi.

1947-nji ýylda türkmen okuw-pedagogik neşirýaty ýaňadan açylýar. 1950-nji ýylda bir gezekki sanynyň umumy

tiražy 205 müň nusga bolan 62 gazet, umumy ýyllyk tiražy 386 müň ekzemplýar bolan 11 žurnal neşir edilýär. Şol ýylda neşir edilen kitaplaryň sany 310-a, olaryň umumy tiražy bolsa 2 mln. 344 müň ekzemplýardy. Diýmek, 1950-nji ýylda respublikanyň metbugaty esasy mukdar görkezijileri boýunça uruşdan ozalky derejesine ýetipdi.

Aşgabatda A.D.Şabaşkewiçiň ýolbaşçylygynda telesöýüji inžener-aragatnaşykçylar tarapyndan guralan studiýanyň esasynda türkmen telewideniýesi döredilýär.

Türkmen edebiýatynyň ösüş döwürleriniň biri hem onuň beýik Watançylyk urşundan soňky döwrüdir. Bu döwrüň özüne mahsus bolan aýratynlyklarynyň biri uly göwrümli, uly meýilnamaly eserleriň köpelip başlanmagydyr. Muňa mysal edip, Ata Gowşudowyň "Köpetdagyň eteginde" ("Bahar-Hoşgeldi") romanyny, Berdi Kerbabaýewiň "Aýgytly ädim" romanynyň soňky iki kitabyny görkezmek bolar. Bu döwürde ýazyjylar "Aýsoltan", "Syrly depe", "Dordepel", "İň soňky arçyn" ýaly ençeme eserleri hem döretdiler.

Şol döwrüň ýene bir aýratynlygy edebi-döredijilik işine hyjuwly ýaşlaryň goşulmagy boldy. Şolaryň arasynda B.Gurbanow, B.Pürliýew, G.Gurbansähedow we beýlekiler bardy.

Uruşdan soňky döwürde goşgular, poemalar bilen çykyş eden B.Seýtäkow hem şol döwürde "Oba hekaýalary", "Mugallym", "Döwürdeşler", "Komsomollar", "Moskwanyň ýalkymy" ýaly eserlerini okyjylara hödürledi.

Öň, esasan, edebi terjime bilen meşgul bolan H.Ysmaýylow proza geçdi. Onuň "Mugallymyň gyzy", "Gopuzlyja gyz", "İki atanyň bir ogly" ýaly eserleri jemgyýetçilik tarapyndan gowy baha aldy, ol eserler ýazyjynyň döredijiýilik mümkinçilikleriniň bardygyny görkezdi.

Şol ýyllarda Ç.Aşyrowyň "Ganly saka", "Ýaş kilwanyň ýalňyşy", A.Kekilowyň "Söýgi" romanynyň birinji kitaby R.Seýidowyň "Bagtlylar", J.Ilmyradowyň "Aýgül",

R.Alyýewiň “Annagül”, G.Seýitliýewiň “Kemal”, T.Esenowanyň “Güller”, B.Seýtäkowyň “Senemiň söýgüsi”, P.Nurberdiýewiň “Taýlak hyzzy”, “Sebäbini soň bildim”, B.Pürliýewiň “Ilkinji gün”, M.Seýidowyň “Çoluk”, “Agronom”, K.Gurbannepesowyň “Raýmonda Dýen” ýaly eserleri ýüze çykdy. Bu döwürde ýüze çykan eserleri şu gysgajyk sanaw bilen çäklendirmek bolmaz.

Türkmen edebiýatynyň “Aýgytly ädim”, “Aýsoltan” ýaly eserleri uly sylaga—SSSR-iň Döwlet baýragyna mynasyp boldy. B.Kerbabaýew, A.Gowşudow, A.Kekilow, B.Seýtäkow ýaly ençeme ýazyjylaryň eserleri rus we beýleki dillere geçirildi. Bu ýagdaý bolsa türkmen edebiýatynyň dünýä arenasyna çykmagyna uly mümkinçilik döretdi. Türkmen ýazyjylarynyň eserleri iňlis, nemes, fransuz, italýan , çeh, polýak, hytaý, türk we beýleki dillerde hem okalýar.

Folklor temasynda ýazylan “Aldar köse” baleti soň respublikamyzyň çäklerinden daşarda hem birnäçe ýerde, şol sanda 1949-njy ýylda Moskwanyň K.S.Stanislawskiý we W.I.Nemirowiç-Dançenko adyndaky teatrda, 1951-nji ýylda Leningradyň Kiçi opera teatrynda, 1952-nji ýylda Saratowyň opera we balet teatrynda, 1954-nji ýylda Bolgariýa halk Respublikasynyň paýtagty Sofiýa şäherinde goýulýar. Bu balet soňlar hem teatryň repertuaryndan köp wagtlap düşmeýär.

Uruşdan soňky ýyllarda professional saz sungatynyň hor we orkestr žanrlarynda türkmen temalarynda ýazylan eserler peýda bolup ugraýar. Olardan A.Kulyýewiň, G.Seýitliýewiň sözlerine döreden “Türkmenistan” atly kantatasynyň (1947 ý.), Magtymgula bagyşlap döreden “Şahyryň ýadygärligine” diýen sumfoniki poemasynyň, 1948-1950-nji ýyllaryň başlarynda peýda bolan “Güneşli ülke” atly simfoniki poemasynyň, skirpka üçin ýazylan ilkinji türkmen konsertiniň, W.Muhadowyň simfoniki orkestr üçin döreden “Türkmen sýuitasynyň” (1951 ý.), “Meniň Watanym” atly simfoniki poemasynyň (1952 ý.), D.Öwezowyň Ç.Aşyrowyň sözlerine

döreden “Watanym” (1947 ý.), G.Muhtarowyň sözlerine döreden “Dutaryň owazy” (1950 ý.), G.Burunowyň sözlerine döreden “Zähmet dabaralanýar” atly kantatalarynyň, A.Şapoşnikow, Ý.Meýtus, A.Znosko-Borowskiý tarapyndan döredilen onlarça aýdym, hor, orkestr eserleriniň türkmen kämil saz sungatynyň mundan beýläk-de ösmeginde oýnan orny örän uludyr.

Beýik Watançylyk urşundan soň türkmen opera we balet teatry rus hem Ýewropa opera klassykasyny özleşdirmäge girişýär. Teatryň sahnasynda Çaýkowskiniň “Ýewgeniý Onegin”, “Garahal gyz”, Dargomyžskiniň “Suw perisi”, Rimskiý-Korsakowyň “Şa gelinligi”, Werdiniň “Trawiata”, “Rigoleta”, “Aida”, Gunonyň “Faust”, Bizeniň “Karmen”, Rossininiň “Sewil sertaraşy”, Leonkowallonyň “Masgarabazlar”, Puççuniniň “Çio-Çio-San” we başga-da birnäçe operalary hem-de balet spektakllary goýulýar. Teatryň dünýä opera kalssykasyna ýüzlenmeginiň milli ösmegi we baý tejribe toplamagy üçin uly ähmiýeti bolýar.

1946-njy ýylyň oktýabr aýynda kompozitorlar Ý.Meýtus bilen D.Öwezowyň “Leýli we Mejnun” operasy ýene-de peýda bolýar. Operanyň librettosyny türkmen nusgawy şahyry Nurmuhammet Andalybyň “Leýli-Mejnun” dessany esasynda dramaturg Garaja Burunow ýazýar.

Beýik Watançylyk urşundan soň respublikanyň beýleki uly şäherleriniň hem baş meýilnamalary düzülýär. Köp gatly ýaşaýyş we senagat kärhanalary gurlup başlanýar. Ýaşaýyş jaýlary ilki döwürde sadalaşdyrylan taslama boýunça alnyp barlan bolsa, soňra olar aýratyn taslamalar esasynda gurlup başlanýar. 1948-nji ýylyň güýçli ýertitremesi zerarly Aşgabadyň we onuň töweregindäki etraplaryň senagat kärhanalary, ýaşaýyş jaýlary weýran boldy. Olary dikeltmäge köpmilletli sowet döwleti, Orta Aziýanyň we Zakawkazýäniň doganlyk respublikalary uly kömek berdiler. “Leninprogorproýekt” senagat kärhanalarynyň birnäçesiniň

taslamasyny gysga möhletde işläp düzýärler, Daşkendiň “Uzgorproýekt” instituty bolsa 1 we 2 gatly ýaşaýyş jaýlaryň dürli taslamasyny ýerine ýetirdi. Soňky ýyllarda “Aşgabatproýekt” 2 we 3 gatly ýaşaýyş jaýlarynyň taslamasyny düzýär. Respublikada irrigasion gurluşyga-da uly üns berilýär. 1952-nji ýylda Garagum kanalynyň taslamasy düzülip, 1954-nji ýylda onuň gurluşygynda başlandy.

Türkmenistanyň şekillenidriş sungatynyň ähli köpmilletli sowet sungaty bilen arabaglanyşygy mundan beýläk-de jebisleşdi. Bu arabaglanyşyk Moskwanyň, Leningradyň, Daşkendiň, Lwowyň ýokary çeperçilik okuw jaýlarynda respublikamyz üçin hünärmenleri taýýarlamakda, türkmen hudožnikleriniň bütinsoýuz we respublikanara sergilere gatnaşmaklarynda, ýaş hudožnikleriň ýurdumyzyň dürli ýerlerindäki döredijilik öýlerine hünärini ýokarlandyrmaga iberilmeklerinde we şulara meňzeşlerde aýdyň ýüze çykdy, respublika möçberinde guralýan çeperçilik sergiler hem giň gerim aldy.

Bu döwrüň içinde türkmen şekillendiriş sungaty köpmilletli sowet gungatynyň görnükli milli mekdebi hökmünde öň hatarlara çykdy. Uruşdan soňky döwürde hem birnäçe hudožnikler, ýagny P.A.Korolýow (1910-1955 ýý.), “İň soýky granat” (1948 ý.), B.Nuraly “Ýeňiş toýy” (1945 ý.), “Frontçynyň gaýdyp gelmegi” (1948 ý.), I.I.Çerinko “Jigitler” (1946 ý.) ýaly eserlerinde uruş wakalaryny suratlandyrmagy dowam etdiripdirler.

**1956-91-nji ýyllarda Türkmenistanyň ruhy we maddy medeniýeti.** Respublikada ýediýyllyk mekdepleriň we olarda okaýan okuwçylaryň köpelmegi umumy bilim berýän orta okuw jaýlarynyň artmagyna mümkinçilik berýär. Orta mekdepleriň seti 1957-nji ýylda uruşdan öňki 1940—1941-nji okuw ýyly bilen deňeşdirilende 3 esseden gowrak köpelýär. Eger-de uruşdan öň orta mekdepler, esasan, şäherlerde döredilen bolsa, soňra olar oba ýerlerinde hem ep-esli artýar.

Orta mekdebiň 10 klasyny gutaran türkmen gyzlarynyň sany ýyl-ýyldan köpelýär. Eger-de 1953—1954-nji okuw ýylynda attestatyny alan türkmen gyzlarynyň sany 542 bolan bolsa, 1956—1957-nji okuw ýylynda olaryň sany 1464-e çenli köpelýär.

SSKP-niň XXIII gurultaýynyň direktiwalaryna laýyklykda respublikada ähḷumumuy orta bilime geçmek işi uly gerim alýar, mekdepleriň durky kämilleşýär, orta mekdepleriň sany artýar, olaryň okuw-material bazasy berkeýär. 1966—1967-nji okuw ýylynda respublikada 1409 mekdep, şol sanda 513 orta, 536 sekizýyllyk, 355 başlangyç we 5 sany başga görnüşli mekdep işleýär, 1976—1977-nji okuw ýylynda bolsa 1543 mekdep (988 orta, 309 sekizýyllyk, 236 başlangyç, 10 başga görnüşli mekdep) işleýär. Diňe sekizinji bäşýyllykda (1965-1970 ýý.) 135 müň orunlyk mekdep jaýy ulanylmaga berildi.

Okuwçylaryň sany hem ýyl-ýyldan köpelýär. Eger-de 1958—1959-njy okuw ýylynda respublikanyň mekdeplerinde 240141 okuwçy okan bolsa, 1966—1967-nji okuw ýylynda 434486, 1976—1977-nji okuw ýylynda bolsa 650000 okuwçy okaýardy. Mekdeplerde türkmen gyzlarynyň sany ýylsaýyn köpelýär. Meselem, 1958—1959-njy okuw ýylynda respublakanyň mekdeplerinde türkmen gyzlarynyň 70353-si, 1966—1967-nji okuw ýylynda 146832-si, 1976—1977-nji okuw ýylynda bolsa 249582-si okaýardy. Ýokary (9-10) klaslarda hem türkmen gyzlarynyň sany artýar. 1959—1960-njy okuw ýylynda ýokary kalslarda 6818 türkmen gyzy, 1966—1967-nji okuw ýylynda 11659, 1976—1977-nji okuw ýylynda 40565 gyz okaýardy.

Mekdeplerde pedagogik işiň köp sanly ussatlary ösüp ýetişdi. 1969—1970-nji okuw ýylyny 132 mekdep we 7949 mugallym, şol sanda ders okadýan 3943 mugallym işleýär. Eger-de 1965—1966-njy okuw ýylynda mekdeplerde okuw boýunça ýetişik 94,6 % bolan bolsa, onda 1975—1976-njy okuw ýylynda 99,2 % bolýar.

Tehnikumlarda we uçilişelerde respublikanyň halk hojalygy üçin orta bilimli hünärmenler taýýarlanylýar. 1961/62 okuw ýylynda diňe bir TSSR Halk magaryf ministrliginiň tehnikumlarynda we uçilişelerinde 8267 adam okaýardy. Halk magaryfyny täzeden guramak hakyndaky kanun kabul edilenden soňra halk hojalygynyň talaplaryny göz öňünde tutup, tehnikumlarda we uçilişelerde täze hünärler, meselem, sowadyjy kompressor maşynlary we ustanowkalary (mehaniki-tehnologik tehnikumda), buhgalterçilik hasabaty (söwda tehnikumy), poçta aragatnaşygy we radiogepleşik (politehnikum) we başgalar girizildi.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti (TDU) respublikanyň halk hojalygy, magaryfy we medeniýeti üçin ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlaýjy möhüm ýokary okuw mekdebi bolup hyzmat edýärdi. Her ýylda bu ýokary okuw mekdebi dürli hünärli (fizika we matematika, rus dili wi edebiýaty, türkmen dili we edebiýaty, daşary ýurt dilleri, taryh, biologiýa, geografiýa. Bedentirebiýe, ykdysadoyýet, hukuk boýunça mugallymlar we ş.m.) hünärmenlerler gutarýar. TDU öz işläp gelýän ýyllarynyň (1950—1976 ýý.) içinde 23083 hünärmen goýberdi. 1971—1972-nji okuw ýylynda uniwersitetde 10124 talyp, 1976/77 okuw ýylynda bolsa, 11657 talyp okapdy.

Mugallym hünärmenlerini taýýarmakda türkmen döwet pedagogik instituty (TDPİ) uly orun eýeleýärdi. 1959-njy ýyldan 1977-nji ýyla çenli pedinsituty 9487 uçurym gutardy. Insitutyň 9 fakultetinde (himiýa-biologiýüa, fizika-matematika, taryh-filologiýa, rus dili we edebiýaty, daşary ýurt dilleri, pedagogika we başlangyç bilimleriň metodikasy fakuyltetleri) mugallym hünärmenleri taýýarlanylýar. 1976—1977-nji okuw ýylynda pedinstitutda 6076 talyp okaýardy.

Respublikanyň sagaldaş edaralaryny hünärli hünärmenleri bilen üpjün etmekde Türkmen döwlet medisina institutynyň (TDMI) ähmiýeti uludyr. TDMI 1932—1976-njy ýyllar

aralygynda 8252 lukman goýberdi. 1972—1973-nji okuw ýylynda onda 2589 talyp, 1976—1977-nji okuw ýylynda bolsa 2809 talyp okaýardy. Institutyň okuw-material bazasynda medisina ylymlarynyň we tehnikasynyň iň täze enjamlaryndan peýdalanylýar.

Respublikada taryh ylmyny ösdürmekde hem birnäçe işler alnyp barylýär. Türkmenistanyň ýerlerinde gazuw-agtaryş işlerini geçirmekde SSSR Ylymlar akademiýasynyň correspondent-agzasy S.P. Tolstowyň, TSSR Ylymlar Akademiýasynyň akademigi M.Ý.Massonyň, sungaty öwreniş ylymlarynyň doktory G.A.Pugaçenkowanyň, taryh ylmylarynyň doktory W.M.Massonyň bitiren hyzmatlary örän uludyr. XX asyryň 50-nji ýyllarynda ýerli milletden hem ençeme alym-etnograflar ösüp ýetişdi. Ol alymlar tarapyndan türkmenleriň etnografiýasyna degişli birnäçe monografiýalar, ylmy-populýar kitapçalar we köp sanly ylmy makalalar çap edildi.

Türkmen halk döredijiliginiň aýry-aýry žanrlary hakynda-da ençeme kandidatlyk dissertasiýalar goraldy.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde professor R.G.Annaýewiň ýolbaşçylygynda magnit hadysalarynyň fizikasy boýunça birnäçe eksperimental—barlag işleri geçirildi. Bu ylmy işleriň esasynda uniwersitetde gaty jisimiň fizikasy boýunça problema laboratoriýasy döredildi.

Metbugatyň medeni derejesi barha ýokarlanýar, tehniki we poligrafiýa hili-de oňatlaşýar.

1958-nji ýylyň iýun aýynda “Sowet Türkmenistany” gazetini, 1959-njy ýylyň aprel aýynda bolsa “Türkmenskaýa iskra” gazetiniň 10000-nji nomerleriniň çykmagy mynasybetli hem olaryň zähmetkeşleri watançylyk ruhunda terbiýelemekde bitiren uly hyzmatlary nazara alnyp, “Zähmet Gyzyl Baýdak” ordeni bilen sylaglanmaklary respublikanyň metbugatynyň gülläp ösmegini alamatlandyrýan ajaýyp waka boldy. 1970-nji ýylyň iýul aýynyň 29-ynda “Sowet Türkmenistany” gazetiniň 50 ýyllyk ýubileýiniň geçirilmegi bolsa türkmen milli

metbugatynyň kerwenbaşysynyň ýaşyna ýetendigini alamatlandyrýardy.

1972-nji ýylda 455 kitap neşir edilip, olaryň umumy tiražy 5 mln. ekzemplýar boldy, ýagny 1950-nji ýyldakysyndan 2,5 esse artdy. Bu döwürde türkmen mekdepleriniň klaslary (I-X) hemme okuw dersleri boýunça okuw kitaplary bilen doly üpjün edilip, olar üçin her ýylda neşir edilýän kitaplaryň sany ýüzden artýardy. Ene dili we edebiýat, rus dili we rus edebiýaty, respublikanyň taryhy we geografiýasy, daşary ýurt dilleri boýunça esasy okuw kutaplary neşir edildi.

Oba hojalyk önümçiligini ýokary götermek wezipesi bilen baglanyşyklykda oba hojalyga degişli edebiýatlaryň neşir edilmegi barha artdy. Diňe bir 1965—1969-njy ýyllarda Türkmenistanda oba hojalyk boýunça 367 kitap we broşýura çykarylyp, olaryň umumy tiražy 917 müň ekzemplýar boldy. Oba hojalygynyň ykdysadyýetine, pagtaçylyga, irrigasiýa, mehanizasiýa, maldarçylyga bagyşlanan kitap we broşýuralaryň hem-de dürli salgy beriji kitapçalaryň onlarçasy her ýyl neşir edilip durulýardy.

Respublikada çap edilip çykarylýan kitap önüminde çeper edebiýat ep-esli orun tutýar. Gürrüňi edilýän döwürde türkmen ýazyjylarynyň köp sanly hekaýadyr oçerkleriniň, poemadyr powestleriniň daşyndan birnäçe romanlar, ýagny B.Kerbabaýewiň “Aýgytly ädim”, A.Gowşudowyň “Köpetdagyň eteginde”, B.Seýtäkowyň “Doganlar”, H.Derýaýewiň “Ykbal” romanlary we beýlekiler neşir edildi. Türkmen nusgawy edebiýatynyň ençeme eserleri uly tiražlar bilen neşir edildi. Türkmen okyjysy öz ene dilinde L.N.Tolstoýyň 14 tomluk, A.M.Gorkiniň 16 tomluk, N.Gogolyň 5 tomluk, A.Çehowyň üç tomluk we M.Lermontowyň iki tomluk eserlerini okamaga mümkinçilik aldy. Türkmen dilinde Ş.Rustaweliniň, T.Şewçenkonyň, I.Frankonyň, L.Ukrainanyň-da käbir eserleri neşir edildi.

1975-nji ýylda TSSR-de neşir edilen gazetleriň bir gezekki nomerleriniň umumy tiražy 777,5 müň ekzemplýar boldy. Şol ýyl neşir edilen žurnal we beýleki döwürleýin neşirleriň umumy ýyllyk tiražy 11374,3 müň ekzmeplýara ýetdi. Şol ýyl 517 sany kitap çykarylyp, olaryň tiražy 4629, 2 müň ekzemplýar boldy.

"Türkmentelefilmiň" öndürýän kinokartinalary beýleki respublikalaryň ähli studiýalarynda görkezilýär. Redaksiýanyň işgärleriniň güýji bilen uly syýasy ähmiýetli gepleşikleriň tapgyrlary, teležurnallar, spektakllar we dürli gyzykly programmalar döredilýär. Bu döwürde reňkli kompleksi proýektirlemek işi amala aşyrylýar. 1976-njy ýyldan respublikamyzda reňkli PTS işläp başlaýar. Telewideniýäniň köpçülikleýin wagyz-nesihat işlerini geçirmekde we zähmetkeşlere estetiki terbiýe bermekde hem uly uly işler alnyp barylýar.

Aman Kekilowyň goşgy bilen ýazylan ilkinji "Söýgi" romanynyň döremegi türkmen edebiýatynyň uly ösüşini alamatlandyrýan subutnamalaryň biri boldy. A.Kekilow bu eserinde ilkinjileriň biri bolup türkmen intelligensiýasynyň keşbini çeper döredijilige girizýär. Eserdäki wakalar uly döwri-urşuň öňüsyrasyndan tä 1948-nji ýylda Aşgabatda bolan ýer titremesine çenli döwri öz içine alýar.

A.Gowşudowyň "Köpetdagyň eteginde" atly romany urşuň soň ýanyndaky kolhoz obasynyň durmuşyny beýan edýän iri eserdir. Bu eser iň şowly eserleriň biri hasaplanýardy. Eserdäki Pökgeniň, Hoşgeldiniň, Baharyň, Wüşi keliň özboluşly obrazlary örän täsirlidi. Olaryň zähmet meýdanyndan merdana hereketleri, obany ösdürmek ugrundaky göreşleri, ýalňyşlyklary we üstünlikleri ugrundaky göreşleri çeper berlipdir.

"Nebitdag" hem-de "Çeleken şemaly" romanlary bolsa Türkmenistanyň "Gara altyn" baýlygyny öndürijilere bagyşlanan ilkinji eserlerdir.

K.Taňrygulyýew, G.Seýitmädow, Ý.Pirgulyýew, A.Agabaýew, A.Gurbanow, G.Şamyýew, S.Öräýew, I.Nuryýew özlerini ilkinji gezek proza žanrynda synap gören tankytçylar Ö.Abdyllaýewdir A.Myradow dagy hut şol döwürde eser döretmäge girişdiler.

XX asyryň 60-njy ýyllarda türkmen ussat saz sungatynyň ösmeginde iň ähmiýetli döwür bolýar. Bu döwürde türkmen kompozitorlarynyň, saz öwrenijileriniň hataryna A.Agajykow, D.Nuryýew, N.Halmämmedow, Ç.Nurymow, Ç.Artykow, R.Allaýarow, M.A.Mikuliç, N.N. Baranowskiý, H.T.Nurymowa, W.N.Gurewiç ýaly ýokary saz bilimli çeper ýaş kompozitorlar goşulýar. Ozal türkmen halkyna ýat bolan saz-teatral sungatynyň operetta (aram-aram gepleşik bilen bölünip gidýän sazly gülküli oýun), kamera instrumental žanrlary ösdürilip başlanýar.

XX asyryň 60-njy ýyllarynda türkmen ýene bir hak tarapyn zehiniň diri şaýady boldy. Mary topragynda üýtgeşik oglanjyk dünýä inýär, ol meşhur sazanda Han Akynyň ogly Gulbaba.

Bary-ýogy 10 ýaşap dünýeden öten bu perişde sypat oglanjyk şol döwürler türkmen milli saz sungatyna gelen üýtgeşik zehin boldy. Ol üç ýaşynda dutar çalyp, “Galmanam senden” ýaly ýeňil bolmadyk aýdymy sesjagazyny çekip-çekip, kähalatlarda bogulyp-bogulyp aýtamagy haýran galdyrýar. Gulbabajygyň şol aýdymy magnit ýazgysynda, Türkmenistanyň milli döwlet arhiwinde saklanýar. Ýaşajyk Gulbaba ýuwaş-ýuwaşdan türkmen saz älemine aralaşyp, tiz wagtdan onuň şöhraty türkmeniň ähli künjegine ýaýraýar. Gulbabajyk 200-e golaý türkmen milli aýdym-sazlaryny ýerine ýetirmegi başarýar. Ululary aýdymlaryny çaga kalby bilen timarlap ýerine ýetriýär.

Bary-ýogy 10 ýaşap dünýeden öten Gulbabajyk türkmen milli saz sungatynyň läheňleri bolan Mylly Täçmyradowyň, Magtymguly Garlynyň, Täçmämmet Suhangulyýewiň, Sahy Jepbarowyň, Çary Täçmämmedowyň, Ödenyýaz Nobatowyň

sazdyr aýdymlaryny ussatlyk bilen ýerine ýetirmegi başarýar. Gulbabajyk özüniň meşhur aýdym-sazlary bilen türkmen milli sazyna hormat goýýan her bir adamyň ýüreginde orun tapdy. Biziň häzirki günlerimizde, Garaşsyzlyk döwründe, ýaş bagşy-sazandalaryň arasynda geçirilýän bäsleşiklerde Gulbaba bagşynyň ýörite baýragynyň goýulmagy onuň hatyrasynyň belent tutulýandygynyň alamatydyr.

Türkmen aýdym-sazynyň gözbaşynda Babagambar, Aşyk Aýdyň Pir, Amangeldi Gönübek, Mylly Täçmyrat, Pürli Sary, Sahy Jepbar, Magtymguly Garly ýene-ýene gudratlar bar. Şol gözbaşdan gaýdan çeşme bolsa öz ýoluny dowam etdirip, akymyny giňeldip täze nesilleriň teşneligini gandyrýar. Şol ajaýyp gözbaşdan ruh alan gudratlaryň biri-de Nury Halmämmetdir.

Nury Halmämmediň sazy türkmeniň kalby, howasy, tebigaty, dagy-düzi, çöli, halkyň ýüreginden çykýan duýgusydyr. Kompozitoryň sazlary gudrata öwrülip, her bir ynsanyň ruhubelent ýaşamagyna, onuň kalbynyň joşmagyna ýardam edýär. Çünki sazyň gudraty – ruhuň gudraty.

Bu gün biz şeýle mukaddes milli medeniýetimiziň islendik pudagyna, dünýä medeniýetiniň hazynasyna siňip, baky ýaşamaga hukuk gazanan mirasymyzy aýap saklamalydyrys.

Şekillendiriş sungat ussatlary taryhy we beýleki temalara degişli ençeme eserleri döretdiler. Taryhy temalara bagyşlanan eserlerde hudožnikler türkmen halkynyň geçmişdäki agyr durmuşyny, çet ýurtly basybalyjylaryň gan döküşikli çozuşlaryny suratlandyrdylar. A.Amangeldiýewiň “Geçmişden” (1959 ý.), A.Hajyýewiň “Boýun egmedik” (1960 ý.), M.Mämmedowyň “Suw hakynda dileg” (1967 ý.) ýaly taryhy temadan döredilen şekilleri bellemek bolar. Beýik türkmen şahyry Magtymgula bagyşlanyp döredilen eserleriň arasynda A.Amangeyldiýewiň “Ýaş Magtymguly goşgularyny kakasy Azada okap berýär” (1959 ý.), A.Hajyýewiň “Magtymguly-zergär”, Ý.Annanurowyň “Magtymguly halkyň arasynda”

(1960 ý.), A.Kulyýewiň şekilleri has görnüklidir. M.Mämmedowyň "Suw hakynda dileg" şekili taryhy žanryň ösmegine goşant boldy.

A.Hajyýewiň "Kollektiwizasiýalaşdyrmak" şekili kolhoz gurluşygy döwrüne degişli bolup, onda obalarda ilkinji kolhozlary gurmaga berlen doganlyk kömegi şöhlelendirilýär. Şekilde daýhanlaryň kolhoza girişi şekillendirilýär.

Ý.M.Adamowa "Her niçik-de bolsa okaryn" (1957 ý.), Ý.Annanurow "30-njy ýyllar" (1962 ý.), A.Kulyýew "Ene Kulyýewiň portreti" (1964 ý.), A.Hajyýewiň "Birinji kommunist gelin" (1966 ý.), N.T.Çerwýakowyň "Likbez" (1967 ý.), G.Bekmyradowyň "Sessiz-üýnüzleriň oýanmagy" (1968 ý.), Ç.Amangelydiýewiň "Ýagtylyga" (1969 ý.) we beýlekileri mysal getirmek bolar.

B.Nuraly "Joralar" (1957 ý.), Y.Gylyjow "Goýun gyrkymy" (1964 ý.), "Ertir baýramçylyk" (1972 ý.), A.Hajyýew "Asyrlar boýy edilen arzuw hasyl boldy" (1962 ý.), Ý.M.Adamowa "Täze aýdym" (1950 ý.), A.Amangeldiýew "Halyçylar" (1961 ý.), Ý.Annanurow "Geologlar" (1972 ý.), A.Kulyýew "Tokmaga düşdi" (1964 ý.), "Nebitçiler" (1971 ý.), M.Mämmedow "Merkezi Garagumda" (1968 ý.), D.Baýramow "Gyzlar" (1964 ý.), S.G.Babikow "Ertir ýen-de gün dogar" (1968 ý.), "Çelekeniň nebitçileri" (1964 ý.), I.I.Ilýin "Skwažinanyň remont edilişi" (1957 ý.), G.Bekmyradow "Nebitçiler" (1970 ý.), K.Oraznepesow "Mähriban oba" (1969 ý.), Ž.Bekdurdyýew "Guýyň ýanynda" (1969 ý.), N.T. Çerwýakow "Mehanizatorlar" (1971 ý.) we şulara meňseş eserler döredildi.

Durmuş žanry bilen bir hatarda portret žanry hem türkmen şekillendiriş sungatynda öň hatara çykdy. Zähmet adamlarynyň medeniýet işgärleriniň obrazlaryny jemleşdirýän portret eserlerinden B.Nuralynyň "Oglunyň portretini" (1960 ý.), Y.Gylyjowyň "Sosialistik Zähmetiň iki gezek Gahrymany Orazgeldi Ärsaryýewiň portretini" (1967 ý.), "Sosialistik

Zähmetiň Gahrymany ýazyjy Berdi Kerbabaýewiň portertini" (1970 ý.), A.Hajyýewiň "Magtymgulynyň portretini" (1974 ý.), "SSSR-iň halk artsitkasy Annagül Annagulyýewanyň portretini" (1961 ý.), Ý.M.Adamowanyň "Gahryman ene Haltäç Sapargulyýewanyň portretini" (1955 ý.), "Dokmaçy Ene Öwezowanyň portretini" (1961 ý.), A.Kulyýewiň "Teplowoz ussahanasynyň takyky mehaniki ussasy Öwezowyň portretini" (1955 ý.), "SSSR-iň sport ussady Hudaýberdi Paltaýewiň portretini" (1971 ý.), Ý.Annanurowyň "TSSR-iň sungatda at gazanan işgäri kompozitor daňatar Öwezowyň portretini" (1961 ý.), "Şahyr Çary Aşyryň portretini" (1963 ý.), "Keminäniň portretini" (1971 ý.), "Şahyr Aman Kekilowyň portretini" (1972 ý.), N.Dowadowyň "TSSR-iň halk artisti Pürli Saryýewiň portretini" (1961 ý.), "TSSR-iň halk artisti Çary Täçmämmedowyň portretini" (1968 ý.), A.M.Amangeldiýewiň "Medisina ylymlarynyň kandidaty Saçly Dursunowanyň portretini" (1961 ý.), "SSSR-iň halk artisti Bazar Amanowyň portretini" (1970 ý.) we başgalary görkezmek bolar.

Ý.M.Adamowa "Türkmen eneleri–Watana" (1967 ý.); A.Hajyýew "Agyr ýyllar" (1967 ý.), M.Mämmedow "Watan goragyna" (1970 ý.), Ý.Annanurow "Hiç kim unudylanok" (1970 ý.) we başgalar.

Türkmen hudožnikleriniň döredijiliginde watan žanrynyň ösmegi serhetçileriniň gahrymançylykly durmuşyny we edermenligini wasp etmek bilen utgaşýar. D.Baýramow "Parahatçylykly ülke" (1969 ý.), "Narýada" (1970 ý.), Ç.Amangeldiýew "Gumda" (1970 ý.) we başga-da birnäçe eserler döretdiler.

1960-njy ýylyň başynda "Lenprogorproýekt"-Krasnowodskiniň (häzirki Türkmenbaşy), Çärjewiň (häzirki Türkmenabatyň), Marynyň, "Uzginprotýažprom" we beýleki edaralar-Daşowuzyň, Gyzylarabadyň (häzirki Serdar), Baýramalynyň täze taslamalaryny işläp düzdüler. Aşgabatda we beýleki uly şäherlerde birnäçe kiçi etraplar salyndy. Olarda

ilata durmuş taýdan hyzmat edýän edaralar, mekdepler, senagat kärhanalary, medisina edaralary we başgalar guruldy. Bu döwürde respublikanyň paýtagty Aşgabatda birnäçe jaýlar bina edilýär. Olardan “Aşgabat” myhmanhasyny (A.Ahmedow, B.Şpak we başgalar), aeroportyň, kinoteatrlaryň, mekdepleriň we beýleki edaralaryň jaýlaryny belläp geçmek bolar. 1964—1967-nji ýyllarda A.Ahmedowyň we F.Alyýewiň baştutanlygynda arhitektorlaryň, inženerleriň we skulptorlaryň uly toparynyň gatnaşmagynda paýtagtymyzda “Garagumgurluşyk” uprawleniýesiniň binasy gurulýar. Arhitektorlar agzalarynyň—A.Ahmedowyň, I.Buçun, L.Çistýakowyň, A.Belowyň we beýlekileriň gatnaşmagynda respublikan döwlet kitaphanasynyň (öňki K.Marks adyndaky) täze binasynyň gurluşygy tamamlandy.

Diňe 1985—1991-nji ýyllarda medeniýetde üýtgedip gurmak işleri amala aşyrylyp başlanýar. 1990-njy ýylyň maýynda türkmen dili döwlet dili diýlip yglan edildi. Şol ýylyň martynda hem ata-baba däbine eýerilip Ýaşulylar Maslahaty dikeldilýär. 1990-njy ýylyň dekabrynda Gökdepe söweşinde wepat bolanlaryň hatyrasyna 1991-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda (geljekde her ýylyň şol gününde) Hatyra gününi bellemeklik barasynda karar kabul edildi.

Ateistik döwletde ýaşanymyzda türkmen halky dininden, metjit-medresesinden aýra düşse-de, Hudaýyndan aýrylmady. Garaşsyzlygyny ýitirip, baknalyga sezewar bolan türkmen halky topragyna, ata Watanyna bolan söýgüsinden jyda duşmedi, erkinligini ýitirse-de, erkini ýitirmän geldi. S.A.Nyýazowyň döwlet başyna geçmegi bilen üýtgedip gurmak döwründe (1985-1991)TSSR-iň maddy medeniýetini ösdürmeklige hem uly üns berildi. Diňe bir 1990-njy ýylyň dowamynda 1937-1938-nji ýylda stalinçilik jezalandyryşynyň pidasy bolan halkyň söýgüli bagşylary Nobat bagşy bilen Hydyr bagşynyň günleri bellendi. Zamanasynyň beýik

kompazitory Nury Halmämmedowyň doglan gününiň 50 ýyllygy bellenip geçildi.

Türkmen halk aýdym-sazynyň – Gurt Ýakup, Pürli Saryýew ýaly meşhur ussatlarynyň ýatlama agşamlary geçirilip başlandy.

Din baradaky syýasat üýtgedi. 1989-njy ýylda Türkmenistanda täze metjitleriň açylmagyna rugsat berildi. Aşgabatda sähel wagtyň içinde birnäçe metjit guruldy. Metjit gurluşygy beýleki şäherleri, obalary hem gurşap aldy.

1990-njy ýylyň 22-nji awgustynda Türkmenistan SSR Ýokary Soweti Saparmyrat Ataýewiç Nyýazowyň ýolbaşçylygy bilen Türkmenistanyň döwlet garaşsyzlygy hakynda Jarnamany kabul etdi. Jarnama respublikanyň jemgiýetçiligi tarapyndan giňden makullandy. Sebäbi ol SSSR heniz doly dargamanka, onuň düzüminde duran Türkmenistan SSR-niň döwlet özygtylylygyny küýseýändigininiň açyk äşgär edilmegidi.

Halkyň medeni-ruhy durmuşynda täzeden döreýiş başlandy. 1989-njy ýylyň awgustynda TKP MK-nyň býurosy "Gorkut ata" eposy baradaky özüniň ozalky (1951-nji ýylda kabul eden) kararyny ýatyrdy.

Türkmen dilini, edebiýatyny, taryhyny düýpli öwrenmek boýunça uly işler başlandy. Halkyň ruhy mirasyny öwrenmeklige üns güýçlendi. TSSR Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky edebiýat institutynda Magtymguly bölümi döredildi. Bölümde Abdyrahman Mülkamanow, Ahmet Bekmyradow ýaly türkmeniň meşhur alymlary beýik akyldaryň edebi mirasyny düýpli öwrenmek boýuça uly işiň başyny başladylar. Şaja Batyrow adyndaky taryh institutynda türkmen halkynyň taryhyny çuňňur öwrenmek boýunça düýpli işler amala aşyryldy. Türkmenistanyň, türkmen halkynyň taryhyny çuňňur öwrenmek, ony halka ýetirmek üçin kommisiýa Prezident Saparmyrat Nyýazowyň hut özüniň başlyklyk etmeginde döredildi.

1989-njy ýylda Türkmenistanyň “Magtymguly jemgiýeti” hem-de “Medeniýet hazynasy” döredildi. Olar ylmy jemgiýetçilik bilen hyzmatdaşlykda halkyň medeni we edebi marysyny toplamakda hem-de ile ýaýmakda iş alyp bardylar. “Ýedigen” teležurnalynyň, “Meniň Watanym” radiostansiýasynyň ýaýlymy çykyp başlamagy bu ugurda örän täsirli serişde bolup hyzmat etdi.

Döwletmämmet Azadynyň XX asyryň 70-nji ýyllarynda çap edilen, emma bada-bat ýygnalyp ýakylan “Wagzy—azat” poemasyny, Abdysetdar Kazynyň “Jeňnamasyny”, Ärsarybabanyň kyrk düýe berip, Şyh Yslam Şeref Hoja Horezmä ýazdyran “Müin-al-mürid” atly kitaby, onlarça dessanlary, nusgawy şahyrlaryň eserleriniň doly ýygyndylaryny neşir etmek işi başlandy.

## Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň medeniýeti

**Ata-baba milli däp-dessurlarymyzyň dikeldilmegi.** 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda ata Watanymyz Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygyna eýe boldy. Ata—babalarymyzyň arzuw edip gelen Garaşsyz ýurdumyzyň ilkinji günlerinden başlap, ykdysady-syýasy meseleler bilen bir hatarda pederlerimiziň “Könesi bolmadygyň täzesi bolmaz” diýen pähiminden ugur alyp, milli taryhymyzy, medeniýetimizi, sungatymyzy düýpli we çynlakaý öwrenmäge doly mümkinçilik berildi. Häzirki wagtda türkmen halkynyñ geçmişde döreden döwletlerine, şol döwletleriñ taryhynda öçmejek yz galdyran beýik akyldarlaryna, şahyrlaryna döredijilik adamlaryna, döreden milli gymmatlyklaryna bagyşlanyp halkara ylmy maslahatlarynyň geçirilmegi taryhymyzy, milli medeniýetimizi çuňňur öwrenmäge uly itergi berýär. Ynsan ykbalynyň her pursatynda ýatlara-goýara, many alara zat ýok däl. Emma gaty zerur bolmadyk zatlaryň aňymyza

agram salmazlygy üçin, öten aý-günler, ýyllar olary ýadymyzdan çykarypdyr.

Ýatlamalaryň asyrlardan-asyrlara aşmagy üçin, asylly adamlar olaryň köpüsini ýazga geçiripdirler. Öňki durmuşdan, bolup geçen wakalardan many almak, netije çykarmak üçin, şöhratly aslyňa buýsanyp, ertire ynamly gadam urmak üçin taryhy ýazypdyrlar. Taryhy, geçmiş mirasymyzy öwrenmegiň, bilmegiň aňyrsynda şahsyýetiň terbiýesi ýatyr.

Türkmen halkynyň hiç bir halkyňka meňzemeýän tebigy başarnygy, aýratyn ukyby bilen döredilip, uzak ýyllaryň dowamynda kämilleşen milli däp-dessurlarynyň taryhy barada gyzyklanylyp başlanyldy. Sebäbi her bir halkyň milli medenýetini, sungatyny doly bilmezden, onuň taryhyny öwrenmek mümkin däl.

Adamzadyň gazanan gymmatlyklarynyň içinde ruhy we maddy gymmatlyklar bar. Milletimiziň döreden gymmatlyklary kämilligi, ähmiýetliligi we şulara meňzeşleri boýunça örän ýokary derejededigi bilen aýratyn tapawutlanýar.

Türkmen halkynyň toý we ýas bilen baglanyşykly milli däp-dessurlary hakyndaky milli aýratynlyklarymyz barada gürrüň edilende türkmeniň baý edim-gylymyny açyp görkezmek ýerliklidir.

Her ýylyň 21-nji martynda Nowruz baýramy, ýylda üç gün Gurban baýramy musulman dessurlary boýunça bellenilip geçilýär. Oraza tutmaklyga, ýagny agyz beklemeklige doly mümkinçilik berildi. Milli baýramlarymyz ýagny, Bedew baýramy, Haly baýramy, Gawun baýramy, Suw baýramy, Magtymgulynyň günleri, Garaşsyzlyk baýramy, Konstitutsiýamyzyň kabul edilen güni bellenilmek bilen halkymyzyň ruhy galkynyşyna, milli buýsanjyna ýokary derejede galkynyş berýär. Bu seneler bilen birlikde ähli öten-geçenleriň hatyrasyna, şehit bolanlaryň, gahrymançylyk görkezenleriň hatyrasyna 12-nji ýanwar (her ýylda) "Hatyra güni", 1948-nji ýylda Aşgabatdaky bolup

geçen ýer titremesi zerarly wepat bolanlaryň hatyrasyna her ýylyň 6-njy oktýabrynda “Milli matam güni” bellenilip geçilýär we merhumlaryň haky üçin ýas tutulyp, aýat-töwür okalýar. Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň aradan çykmagy bilen her ýylyň 21-nji dekabry–Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazowy ýatlama güni bellenilýär.

Ata-baba däp-dessurlaryň iň esaslarynyň biri-de ýaşululara hormat goýmak, olar bilen maslahatlaşmak, geneşmek däbidir. Şoňa görä-de ata-baba däplerine eýerilip, ýurdumyzda Ýaşulular maslahatyny geçirmeklik ýola goýuldy. Geçirilýän masalahatlarda özleriniň akyl-paýhaslary bilen tanalýan ýaşulular üçin “Hormatly il ýaşulusy” diýen adyň döredilmegi şeýle maslahatlaryň döwleti dolandyrmakda uly ähmiýete eýedigini aňladýar.

Türkmenistanyň Ýaşulularynyň II Maslahatynda ýurdumyzyň daşary we içeri syýasatynyň wajyp meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti tarapyndan öňe sürülen “Eýeçilik hakyndaky” Kanun, “Türkmenistanda wyjdan azatlygy we dini guramalar hakyndaky” Kanun, milli baýramlary we Hatyra gününi bellemek hakyndaky Permanlar ýaşulularymyz tarapyndan gyzgyn goldanyldy.

Ýurdumyzyň garaşsyzlyk döwründe geçirilen Ýaşulularyň III Maslahatynda garaşsyz Watanymyzyň täze Konstitutsiýasy ara alnyp maslahtalaşyldy.

1992-nji ýylyň 26-njy iýunynda Türkmenistanyň halk maslahaty bolup geçdi. Maslahatda Garaşsyz Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda 21-nji iýunda geçirilen Prezident saýlawlarynyň netijelerine seredildi. Garaşsyz Türkmenistanyň ilkinji Prezidentligine Saparmyrat Nyýazowyň saýlanandygy biragyzdan makullandy.

1992-nji ýylyň 16-njy dekabrynda Türkmenistanyň taryhynda ýene-de bir uly waka boldy. Türkmenistan

kommunistik partiýasy ýatyryldy. Türkmenistanda täze partiýa – Türkmenistan demokratik partiýasy döredildi. Onuň başlyklygyna Saparmyrat Ataýewiç Nyýazow biragyzdan saýlanyldy.

1992-nji ýylda Türkmenistanda ilkinji gezek Gurban baýramy dynç güni diýlip yglan edilip, resmi suratda baýram edilip bellenildi.

Türkmenistanyň Aşgabatdaky baş sergisiniň pawilonyny bezeýän ululygy 193,5 kwadrat metre, agramy 865 kilograma barabar bolan äpet hala "Türkmeniň ykbaly" diýen simwoliki at dakyldy.

Eýranyň Horasan welaýatyna beýik şahyr Magtymgulynyň hem-de onuň pederi Döwlätmämmediň Azadynyň guburlaryna zyýarata gitmek däbe öwrüldi. 1992-nji ýylda ilkinji gezek türkmen ýaşulylarynyň uly topary Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Nyýazowyň baş bolmagynda Mekge-Medinä zyýarata baryp geldi.

1992-nji ýylyň Magtymguly adyndaky Halkara baýragy döredildi. Ol türkmen edebiýatynyň we sungatynyň has talantly, ýokary çeperçilik eserleri, döwlet hem jemgiýetçilik işgärleriniň Magtymgulynyň ynsanperwer ideýalaryny durmuşa geçirmekde bitiren hyzmatlary üçin berilýär. Bu uly baýraga mynasyp bolanlaryň ilkinjisi Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Ataýewiç Nyýazow boldy. 1992-nji ýylda berlen atly baýrakdan ikisi Türkmenistanyň taryhyny we milli medeniýetini öwrenmäge goşant goşýan daşary ýurtly alymlar Ýusup Azmuna (Angliýa) hem-de Mehmet Saraýa (Turkiýe) berildi.

Ile belli kinofilim "Şükür bagşyny" döredenler Režissýor Bulat Mansurow, aktýorlar Aman Handurdyýew, Hojam Öwezgelenow, Artyk Jallyýew, kompozitor Nury Halmämmedow, ýazyjy Nurmyrat Saryhonow hem beýik akyldaryň adyny göterýän bu halkara baýragynyň laureaty boldylar.

1991-nji ýylyň maýynda Aşgabatda Dünýä türkmenleriň ynsanperwer birleşigi döredildi. Birleşigiň prezidentligine Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyt Ataýewiç Nyýazow saýlandy. Birleşigiň Müdiriýeti, "Türkmen sesi" atly metbugat organy döredildi. Onuň ýerleşýän ýeri "Mekan" köşgünde dünýä türkmenleriniň dili we edebiýaty, taryhy, etnografiýasy hem-de durmuşynyň beýleki ugurlary boýunça döredilen komitetler işläp başlady.

1993-nji ýylyň ýanwaryndan başlap Türkmenistanyň ilaty elektrik energiýasyny, suwy, tebigy we suwuk gazy mugt peýdalanyp başlady.

1994-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda Milli galkynyş hereketiniň I gurlutaýy boldy. Gurlutaýda Saparmyrat Türkmenbaşy "10 ýyl abadançylyk" syýasatynyň maksady we mazmuny, Milli galkynyş hereketiniň wezipeleri barada çykyş etdi.

Umuman aýdylanda, ýurdumyzda geçirilen beýleki Halk maslahatlarynda halkyň durmuş-ykdysady, medeni durmuşy, ýurduň daşary syýasaty hakynda birnäçe meseleler ara alnyp masalahtlaşyldy. Ýurdumyzyň Bitaraplyk derejesine eýe bolmagy Watanymyzyň medeni taýdan gülläp ösmegine-de uly täsir etdi.

Galyberse-de, Milli galkynyş hereketiniň I gurultaýynda kethudalyk geňeşini döretmeklik barasyndaky teklibi il arasynda gyzgyn goldanyldy. Çüňki şeýle geňeşlikler halkyň agzybirligini, asudalygyny goramakda, ýurduň pugtalanmagynda we medeni taýdan ösmeginde uly hyzmatlar bitirýär we bitirer.

**"Milli galkynyş syýasaty" esasynda milli medeniýetimizi ösdürmegiň esasy ugurlary.** Türkmenistanyň medeni galkynyşyň maksatnamasyny işlenilip taýýarlanylanda medeni mirasymyza aýratyn orun degişlidir. Medeni miras bolsa köp zatlary özünde jemleýär. Ahlak-kadalaryny we özüňi alyp barmagyň edim-gylymlaryndan ybarat bolsa häsýetler hem

çeper halk döredijiligi we dil ulgamlary hem aýdym-saza we beýleki medeni gymmatlyklara ymtylyş hem şolara degişli bolmalydyr. Halkyň maddy hakydasy medenýetiň egsilmez baýlygy bolup durýar. Halklar köp babatda hut medeni miras arkaly häzirki zaman meýilleriniň durmuşa ornaşýan medenýet giň möçberde bir ülňä salynýan şertlerde özboluşlylygyny saklap galýar. Medeni miras munuň özi halkyň taryhynyň möhüm bölgeidir, onuň buýsanjydyr, aň-düşüňjesidir we öž-özüni ykrar etmesidir.

Ykdysadyýetde gazanylan özara üstünlikler bilen bir hatarda şahsyýetiň we jemgyýetiň, raýatyň hem-de döwletiň sazlaşykly ösmegini üpjün etmelidir. Şonda türkmen halkynyň baý geçmişini çuňňur paýhas eleginden geçirmek, türkmeniň özüne mahsus häsýetleri kemala getirmek, öz milli däp-dessurlaryny, urp-adatlaryny aýap saklamak, ösdürmek örän zerurdyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmeniň milli medeniýetini, edebiýatyny, sungatyny ösdürmek hem-de olary -dünýäde giňden wagyz etmek barada uly işler edildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň “10 ýyl abadançylyk” we “1000 gün” Maksatnamalarynda göz öňünde tutulan çäreleriň durmuşa geçirilmegi netijesinde medeniýeti, sporty we ylmy ösdürmek babatda hem uly sepgitler eýelendi.

Medeniýet we sungat işgärleri, döredijilik, şeýle hem habar beriş serişdeleriniň, teatrlarynyň, kinonyň, radionyň, telewideniýeniň işgärleri biziň garaşsyz döwletimiziň baştutanynyň parasatly sargytlaryndan ugur alyp, öz öňlerinde geljek üçin ençeme maksatlary we wezipeleri goýdular.

Garaşsyzlygyň ýyllary içinde ilatyň ähli gatlaklary sport bilen işjeň meşgullanmaga giňden çekmäge, beden taýdan sagdyn nesli kemala getirmäge, halkara we dünýä ähmiýeti bolan sport ýaryşlarynda Garaşsyz, Bitarap Türkmenistana mynasyp wekilçilik edip biljek ýokary hünäli sportçulary

taýýarlamaga gönükdirilen Diýarymyzyň sport ulgamy düýpli suratda özgerildi.

Garaşsyzlygyň şertlerinde teatr sungatyny ösdürmegiň hem-de özgertmegiň esasy ugurlary kesgitlenildi. Milli galkynyşyň maksatnamasynyň esasynda ahlak we watançylyk terbiýesini mundan beýläk-de kämilleşdirmek, adamyň ruhy-ahlak dünýäsini kemala getirmek teatrlaryň döredijilik işgärleriniň esasy wezipesi bolup durýar.

Mollanepes adyndaky türkmen döwlet akademiki drama teatrlaryň goýan täze oýunlarynda durmuşda hakykaty, watançylyk we belent dogruçylyk çuňňur açylyp görkezilýär. “Gala”, “Türkmennama”, “Soltansöýün we Myraly”, “Belanyň körügi ilikde” sahnalary munuň aýdyň subutnamasydyr.

“Jaň” teatry “Oguzhan”, “Däli Domrul”, “Apat”, “Sen söýseň meni...” sahnalaryny we Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň çagalygy hakda söhbet açýan “Ylahy ykbal” sahnasyny tomaşaçylara hödürledi. Bu sahnalar tomaşaçylar tarapyndan gyzgyn garşylandy.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet akademiki opera we balet teatrynda “Zöhre we Tahyr”, “Şasenem we Garyp”, “Leýli we Mejnun”, “Kemine we Kazy” milli operalary, “Aldar Köse” baleti täzeden işlenildi.

Türkmen halkynyň garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarydan başlap, ýurduň teatrlarynyň sahnalarynda beýik garaşsyzlygymyzyň mukaddes gazananlaryny, Watanymyzyň abraýyny we mertebesini, pederlerimiziň şöhratly durmuşyny, Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň içeri we daşary syýasatyny, beýik şahsyýetleriň durmuşyny, olara mynasyp eýerijileri wasp edýän eserler goýullar.

Muzeýleriň, kitaphanalaryň, klub edaralarynyň we halk döredijiliginiň işini düýpli üýtgedip gurmak, ýaş nesli ata Watana, halka we Türkmenistanyň Prezidentine söýgi hem-de wepalylyk ruhunda terbiýelemekde olaryň ornuny ýokarlandyrmak Bitarap, Garaşsyz Türkmenistanda milli

medeniýeti we sungaty ösdürmekde esasy wezipe bolup durýar. Türkmenistanda 2006-njy ýyla çenli Medeniýet ministrliginiň garamagynda muzeýleriň onlarçasy işleýärdi.

Türkmenistanyň Milli muzeýiniň gaznasynda saklanylýan eksponatlaryň sany 33,776 barabardyr. Milli muzeýiň işgärleri köp ugurly sergileri taýýarlamakda hem-de guramaly eksponatlaryň sanyny has-da artdyrmakda ençeme işler alnyp barylýar.

Welaýatlaryň muzeýleriniň jaýlary döwrebaplaşdyrylyldy, olaryň üsti hemişe täze eksponatlar bilen ýetirlýär we ýurduň umumy muzeý gaznasy ep-esli artdyrylýar.

Halkda ruhubelentligi, zähmete söýgini, watançylygy terbiýelemkde kitaphanalar örän uly orny tutýar. Häzir Türkmenistanyň ýaşaýjylaryna kitaphanalaryň 287-si hyzmat edýär. Soňky ýyllaryň içinde kitaphanalaryň sanyny artdyrmak göz öňünde tutulýar. Kitaphanalardaky kitaplaryň üsti esasan hem milli dilimizde neşir edlýän kitaplaryň şeýle hem dünýä edebiýatynyň hasabyna ýetirilýär we kitap gaznasy has-da artýar.

"Türkmenistanyň taryhy we medeni ýadygärliklerini goramak hakyndaky" kanun garaşsyz ýurduň ilkinji Prezidentiniň gol çeken ilkinji kanunlarynyň biri boldy. Gadymy binaçylyk desgalary, saklanyp galan goraghanalary diýlip yglan edildi. Häzirki wagtda olar Köne Nusaý, Gadymy Merw, Köneürgenç, Kerki, Dehistan, Köne Sarahs, Abywert we Gökdepe galasydyr. Medeniýet ministrliginiň ýanynda ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de dikeltmek boýunça milli uprawleniýe döredildi. Türkmenistanyň ýokarda agzalan kanunynyň degişli maddalaryndan gelip çykýan döwlet edarasynyň wezipeleri onuň üstüne ýüklenildi.

Garaşsyzlygyň ýyllary içinde türkmen telewideniýesiniň we radiosynyň halkyň durmuşynda tutýan orny özgerdi, täze mana eýe boldy.

Garaşsyzlyk ýyllary halkyň agzybirligini we jebisligini saklamakda türkmen metbugatynyň orny uly boldy. Türkmenistanda alnyp barylýan syýasaty halkyň aňyna ýetirmekde, milli edebi we medeni baýlygy ýüze çykarmakda, täze medeni-edebi ýazuwçylyk ýörelgelerini kemala getirmekde ýurdumyzyň neşirleri köp işler edildi.

Türkmenistanyň ilkinji Prezidentiniň “Türkmenistanda neşir işlerini kämilleşdirmek hakyndaky” Kararyna laýyklykda, 2005-nji ýylda 8,5 mln.nusgada owadan bezelen çeper neşirler we kitaplar, orta mekdepler we ýokary okuw jaýlary üçin okuw kitaplary we 53 mln.nusgada reňkli gazetler çap edildi. Munuň özi ýurdumyzda kitaplaryň we gazetleriň öňdürilişiniň 137 % artýandygyny aňladýar.

Halkyň köp asyrlaryň dowamynda döreden bay edebi-medeni mirasyny dikeltmek barada hem uly işler amala aşyrylýar. Şu maksat bilen, 1996-njy yylda Türkmenbaşy adyndaky Milli golyazmalar instituty açyldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň kararynyň esasynda döwlet we jemgyýet gurluşy, içeri we daşary syýasat, halkyň ruhy baýlagy, türkmen halkynyň edebiýaty we taryhy bilen baglanyşykly “Awesta” kitaby, Gündogaryň beýik akyldarlary bolan Hoja Ahmet Ýasawynyň, Wepaýynyň, Gul Süleýmanyň, Ýusup Has Hajybyň, Ahmet Ýügnekiniň, Muhammet Fiziliniň, Salar Baba Gulaly oglunyn, Nesiminin, Baýram hanyň, Abdyrahym hanyň eserleri çap edildi, Magtymgulynyň, Omar Haýýamyň, Garajaoglanyň döredijiligi, “Oguznama”, “Gorkut ata”, “Görogly” ýaly eposlar neşir edilip, halka ýetirildi.

2000-nji yylda Türkmenistanyn, Merkezi Aziya we Gündogar halklarynyň medeni mirasy döwlet instituty we 2004-nji yylda Milli medeniyet “Miras” merkezi açylandan soňra, medeni mirasy öwrenmek we wagyz etmek işi has-da giň ýaýbaňlandy. Gysga wagtyň içinde medeni mirasymyzyň onlarca eserleri çap edildi. Olaryn arasynda türkmen sopuçylyk pelsepesinin görnükli wekilleri Muhammet Gazalynyn “Ylym

baradaky kitaby”, Hoja Ahmet Yasawynyn “Hikmetleri”, Mahmyt Zamahşarynyň “Ýagşyzadalaryň bahary”, belli taryhçylar Ibn Esiriň “Kamil taryh”, Ýazyjy ogly Alynyň “Seljuk türkmenlerinin taryhy”, nusgawy edebiyatynyň meşhur wekilleri Abdyrahman Jamynyň “Baharystan”, Ýunus Emräniň “Diwan”, Patşa Hojanyň “Gülzar”, zenan şahyr Mähri Hatynyň “Diwan” atly kitaplary we başga-da ençeme wajyp eserleri neşir etdiler.

Garaşsyzlyk ýyllarynda taryhy-medeni yadygärlikleri dikeltmek we gorap saklamak barada önjeýli işler edildi. Türkmen topragynda şeyle ýadygärlikleriň 1500-den gowragy bar. 1994-nji ýylda Türkmenistanyň taryhy we medeni ýadygärliklerini goramak, öwrenmek we tazeden dikeltmek baradaky milli müdirlik döredildi. Gadymy Merwiň, Gürgenjiň, Nusaýyň, Atamyrat şäheriniň, Sarahsyň, Dehistanyň, Abywerdiň, Gökdepe galasynyň ýadygärlikleri döwlet taryh-medeniyet goraghanalary diylip yglan edildi. Köneürgençdäki II Arslanyň kümmedini, Üç yüz altmyş Pirin ýadygärlik topluınyny, Atamyrat şäherindäki Alamberdaryň kümmedini, Merwdäki Soltan Sanjaryň kümmedini, Hoja Ýusup baba metjidini, Kaka etrabyndaky Mäne babanyň kümmedini we ençeme beýleki ýadygärlikleri asylky görnüşinde dikeltmek işleri tamamlandy. 1999-njy ýylda Merwin, 2005-nji ýylda Köneürgenjiň, 2007-nji ýylda Nusaýyn taryhy ýadygärlikleri Birleşen Milletler Guramasynyň bilim, ylym we medeniyet baradaky edarasy ÝUNESKO-nyň bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi. Munuň özi diyarymyzdaky taryhy-medeni ýadygärlikleriň bütindünyä ähmiyetiniň halkara möçberinde ykrar edilmegidir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň başyndaky karary bilen Türkmenistanyň Milli muzeýi döredildi. Aşgabat şâheriniň günorta çetindäki Berzeňňide Milli muzeýi taze kaşaň jayy gurlup, 1998-nji ýylda onuň açylyş dabarasy boldy. Muzeýde türkmen halkynyň gadymyýetden başlap, tä şu güne

çenli taryhyň esasy döwürlerini we wakalaryny beýan edýän esasy we kömekçi gaznalaryň zatlarynyň 500 müňe golaýy jemlendi. Milli muzeý türkmen halkynyň we Türkmenistanyň taryhyny, onuň asyrlar boýy toplan baý maddy we ruhy mirasyny giň halk köpçüliginiň we ýurduň myhmanlarynyň arasynda wagyz etmegiň täsirli ojagy bolup hyzmat edýär.

Şeýlelikde, garaşsyzlyk döwründe halkyn milli aňyýeti, milli medeni mirasy gaýtadan dikeldildi we gülläp ösdüriýär.

Özüniň ajaýyp sungaty bilen gadymy döwürlerde hem bütin dünýä özüni tanadan biziň beýik halkymyz kinonyň üsti bilen öz milli sungaty hakynda dünýä gürrüň bermegi başardy. A.Garlyýew adyndaky "Türkmenfilm" kinostudiýasynda we beýleki kinomerkezlerde çeper hem-de dokumental filmleriň onlarçasy döredilýär, olar türkmen kinosungatynyň taryhyna altyn harplar bilen ýazylandyr.

Türkmenkino işgärleriniň 2000-2005-nji ýyllar aralygynda çeper seriallaryň her ýyl 3-sini, multfilmleriň 2-sini, doly metrazly çeper-publisistik filmleriň 3-sini çykarmagy, filmleriň 2-siniň dublýazynyň edilmegi onuň umumy gymmatyny has-da artdyrýar.

2000-2005-nji ýyllarda medeniýet we sungat babatda bilimli hünärmenleri ösdürmegiň esasy wezipeleri öz halkyna, Watanyna we Prezidentine çuňňur wepaly, garaşsyzlygyň we bitaraplygyň ideýalarynda terbiýelenilen, özüniň bilimini we hünärini XXI asyrda, türkmenistanlylaryň Altyn asyrynda, täze türkmen jemgyýetini gurmaga gönükdiren hemmetaraplaýyn ösen ýaş nesli kemala getirmekden ybaratdyr.

Aýdym-saz sungatynyň saýlama eserlerini toplamak we gorap saklamak ony mundan beýläk-de ösdürmegiň möhüm şertidir. Häzirki wagtda Türkmenistanyň kino, surat we ses ýazgylarynyň merkezi döwlet arhiwinde şeýle ýazgylaryň on müňden gowragy saklanylýar. Ol ýerde meşhur aýdym-saz ussatlary Mylly Täçmyradowyň, Täçmämmet Suhangulyyewiň, Pürli Saryýewiň, Nobat bagşynyň, Girman bagşynyň, Oraz

Salyryň, Sahy Jepbarowyň, zenan bagşylar Akjagül Myradowanyň, Nurjemal Adyýewanyň we ençeme beýleki bagşy-sazandalaryň ýazgylarynyň uly toplumy saklanylýar.

Hâzirki döwürde türkmen kompozitorlary garaşsyzlygyň ajaýyp netijelerini wasp edýän aýdym-saz eserlerini döredýärler. Muňa Türkmenistanyň halk artistleri Bayram Hudaýnazarowyň "Jan Watan", Nury Muhadowyň "Prezident gwardiyasynyň aýdymy", Weli Ahmedowyň "Türkmenbaşy", Rejep Rejebowyň "Toylar toya ulaşsyn!", "Ruhuňyz tuğ deýin belentde bolsun!", "Bady-sabada meni" we ençeme beýleki aýdym-saz eserleri mysal bolup biler.

Aýdym-saz medeniýetiniň ösmegine hem her ýyl geçirilýän "Türkmeniň Altyn asyry" bäsleşigi, ýaşlaryň "Ýaňlan, Diýarym!" telebäsleşigi, körpe çagalaryň "Garaşsyzlygyň merjen däneleri" aýdym-saz bäsleşigi güýçli täsir edýär. Bu bäsleşikler diňe bir aýdym-saza ezber täze ussatlary, şol sanda ýaş zehinleri ýüze çykarmak bilen çäklenmän, eýsem garaşsyzlygyň şanly miweleri barada täze döwrebap eserleriň döredilmegine hem itergi berdi.

Ýurudumyzda 7 ýaşdan 16 ýaşa çenli ýaşdaky ilatyň sanynyň has-da artmagy sazçylyk, çeperçilik mekdeplerinde hem-de sungat mekdeplerinde goşmaça okuwçy orunlaryny artdyrylmagyny talap edýärdi. 2000-2005-nji ýyllarda şu mekdepleriň sanyny 108 bolanlygyndan 114-e çenli artdyrmak hem-de okuwçy orunlarynyň sanyny 556 bolanlygyndan ýokary sanlara artdyrmak göz öňünde tutulypdy.

Garaşsyzlygyň 15 ýylynyň içinde okuw jaýlaryny saz gurallary hem-de okuw gollanmalary we dünýä ülňelerine laýyk gelýän tehnologiýa bilen üpjün etmek göz öňünde tutulypdy.

2005-nji ýyla çenli döwür üçin sazçylyk we çeperçilik mekdepleriň okuwçylaryny, ýörite orta we ýokary medeniýet hem-de sungat okuw jaýlarynyň talyplaryny okuw hem-de metodiki gollanmalar bilen üpjün etmek üçin 30-dan gowrak

gollanmany  neşir etmek göz öňünde tutulýar. Olaryň arasynda “Sada saz teoriýasy”, “Merkezi Aziýa döwletleriniň bibliografiýasynyň taryhy”, “Saz pedagogikasy”, “Türkmen saz edebiýaty”, “Şekillendiriş sungatyny öwrenmegiň metodikasy”, “Sekillendiriş we amaly-haşam sungaty boýunça okuw kitaby”, “Zergärçilik sungaty”, “Türkmenistanyň medeniýetiniň teoriýasy we taryhy” ýaly neşirler we beýlekiler bar.

Türkmenistanyň öz Altyn asyryna-XXI asyra üstünlikli girmeginiň bir şerti ylmyň we tehnikanyň ösdürilmegi we öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen baglydyr.

Bu babatda Watanymyzyň ylmyna möhüm orun berilýär. Ol özgermelerdir we dünýä ylmynyň gazananlaryny peýdalanmaklyk Türkmenistany ýokary derejä—ösen döwlete öwürmäge ýardam edýär.

## Beýik Galkynyşlar we Täze özgertmeler eýýamynda Türkmenistanyň medeniýeti

**Beýik Galkynyşlar zamanasynda ruhy medeniýetimiziň ösmegi.** Türkmen halkynyň şanly geçmişini, buýsançly taryhyny millilik esasynda täzeden ýazmakda, ondaky nämälim sahypalary anyklamakda külli türkmeniň Mähriban Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyñ ýakyndan ýardam bermegi netijesinde Beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler zamanasynda okamaga, işlemäge giň mümkinçilikler döredildi. Döwlet durmuşyndaky, jemgyýetiň ýaşaýşyndaky, halkara gatnaşyklar ulgamyndaky täzelikleri, öňegidişlikleri, ýüze çykýan dürli meseleleri öňi bilen syýasatçylar, döwlet işgärleri duýýarlar. Biziň ýaşaýan eýýamymyzyň her bäş-on ýyldan  ösüşiň hil taýdan täze basgançagyna geçmek aýratynlygy–häsiýeti bar. Ylmyň, tehnikanyň, ösen tilsimatlaryň täsiri bilen ykdysadyýet çalt depginlerde ösýär. Ykdysady ösüş hem öz gezeginde içeri we

daşary syýasatyň işjeňleşmegine, kämilleşmegine, durmuşyň düýpli özgermegine getirýär. Emma ösüşler adamzadyň öňünde täze-täze meseleleri hem ýüze çykaryp dur. Şonuň üçin hem jemgyýet şol meseleleri çözmäge hemişe taýýar bolup durmaly bolýar.

Türkmenistanyň jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady hem-de medeni durmuşynyň ähli ugurlarynda hil taýdan täze döwür– täze eýýam başlady. Türkmenistan döwletiniň Garaşsyzlyk taryhynda başlan bu döwri halkymyz turuwbaşdan Täze Galkynyş eýýamy diýip atlandyryp ugrady.

2007-nji ýylyň fewral aýynyň 11-nde bolan Prezident saýlawlary Türkmenistanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynyň möhüm synagdan geçmegi, onuň ýaşaýşa ukyplydygyny ýene-de bir gezek iş ýüzünde doly subut etdi. Saýlawlaryň netijesinde Türkmenistanda ýokary döwlet häkimýeti Türkmenistanyň Baş Kanuny esasynda adaty ýagdaýda asuda hem-de parahat ýol bilen çalyşdy. Ählihalk ses berilişiginiň netijesinde döwletimiziň Prezidentligine Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow saýlandy. Saýlawlaryň şeýle netijeler bilen tamamlanmagy halkymyzyň Garaşsyzlyk eýýamynyň many-mazmunyna eýerdi.

Ählihalk ynamyny gazanan Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň täze ösüşlere hem-de galkynyşlara gönükdirilen çeýe syýasaty bilen Türkmenistanyň jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady we medeni durmuşynyň ähli ugurlarynda döwrebap özgertmeleriň giň tapgyryny amala aşyryp başlady. Hormatly Prezidentimiziň döwlet işi esasan üç ugurda: 1) durmuş syýasatynda, 2) ykdysadyýetde we 3) daşary syýasy-ulgamda ýaýbaňlandy. Bu syýasatlaryň baş maksady Türkmenistanyň halkynyň abadan, bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge, ykdysady özgertmeleriň giden tapgyryny amala aşyrmaga, döwletimiziň halkara at-abraýyny beýgeltmäge hem-de Ýer ýüzünde ählumumy parahatçylygy berkitmäge gönükdirilendir.

Gysga taryhy döwrüň içinde döwlet durmuşynyň bu ugurlarynda ummasyz uly işler amala aşyryldy we aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň başyny başlan uly tutumly işleri öňi bilen durmuş syýasatyny kämilleşdirmekden hem-de ösdürmekden başlanandygyny aýratyn bellemek gerek. Eýýäm Prezidentlige ak pata alan gününiň ertesi, ýagny 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-ne ýurt Baştutanymyz "Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda" möhüm resminama gol çekdi. Şondan soň mart aýynyň 4-ne "Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda", şol aýyň 30-na "Türkmenistanda bilim işgärleriniň iş haklarynyň we talyp haklarynyň möçberlerini köpeltmek hakynda" Permanlara gol çekdi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylyň iýun aýynyň 12-sinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýurdumyzda ylmyň mundan beýläkki ösüşiniň derwaýys meselelerine bagyşlap Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisini geçirdi. Döwletimiziň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda möhüm waka bolan bu maslahatda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky Ýokary Geňeşiň ygtyýarynda Ýokary hünär-synag toparyny döretmek, aspiranturany we doktaranturany açmak hakynda möhüm çözgütler kabul edildi. Iň esasy zat bolsa, ýurdumuzda köp ýyllaryň dowamynda işlän we döwletimiziň ylmy kuwwatynyň artmagyna, ýokary derejeli ylmy hünärmenleriň–ylymlaryň kandidatlarynyň we doktorlarynyň ösüp ýetişmegine saldamly goşant goşan Ylymlar akademiýasy açyldy. "Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek" we "Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakynda" ýaly möhüm Permanlara gol çekmegi Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Güýçli döwletde ylym esasy orny eýeleýär, diýmek, biz ylmyň iň täze gazananlary bilen aýakdaş gitmelidiris" diýen taryhy şygaryny amala aşyrmakda wajyp orny eýeleýär.

Ylymlar akademiýasyny açmak hakyndaky taryhy kararyny ýurdumyzyň ylmy jemgyýetçiligi XXI asyrda türkmen halkynyň taryhynda iň möhüm waka hökmünde häsiýetlendirdi.

Halkyň geçmişde gazanan ruhy hem-de maddy mirasyny dünýä halklaryna tanatmak, ýurduň daşynda öz halkyň ynsanperwer ruhy dünýäsi hakynda gowy garaýyşlary döretmek hem daşary syýasatyň bir ugrydyr. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylyk edýän milli hökümeti bu ugurda-da uly işleri durmuşa geçirýär. Eýýäm gysga taryhy döwrüň dowamynda köp ýurtlaryň wekilleriniň gatnaşmagynda Türkmenistanda talyp ýaşlaryň “Mukaddes Ruhnamanyň bilim-terbiýe hazynasy we dünýä ýaşlary”, “Mahmyt Zamahşary we Gündogaryň ylmy-edebi galkynyşy”, “Mukaddes Ruhnama–täze müňýyllygyň pelsepesi”, “Türkmenistan: Altyn asyryň muzeýleri” atly, türkmeniň meşhur Piri Mäne Babanyň ömri we döredijiligi, türkmen binagärçiliginiň genji-hazynasy bolan Nusaý, Seljuklar döwleti hakynda we başga-da onlarça halkara ylmy maslahatlary, seýle hem “Milli folklor we teatr sungaty” halkara festiwaly geçirildi we geçirilýär. Nusaý ýadygärlikler toplumynyň ÝUNESKO tarapyndan adamzat mirasynyň sanawuna girizilmegi hem bu ugurda alnyp barylýan anyk işleriň netijesidir.

Şeýlelikde, Hormatly Prezidentimiziň halkara gatnaşyklar ulgamynda amal etmegi maksat edinýän tutumly işleriniň durmuşa geçirilmeginiň, gürrüňsiz möhüm syýasy-ykdysady hem-de medeni ähmiýeti bolar. Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi ýokarlanar, döwletimizde saglygy saklaýyş, ylym-bilim, medeniýet gülläp öser, raýatlarymyzyň durmuş goragy doly üpjün ediler. Döwletara hyzmatdaşlygynda göz öňünde tutulýan uly taslamalaryň we möhüm maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzda täze ykdysady kuwwatlyklaryň işe girizilmegine, goşmaça iş orunlarynyň döredilmegine giň mümkinçilik berer. Birek-birege ynanyşmak

prinsiplerine daýanýan bu gatnaşyklar türkmen we dünýä halklarynyň arasyndaky dostluk-doganlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de berkider.

2010-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňeldilen mejlisinde ýurdumyzyň bilim ulgamy barada şeýle diýdi: “Bilim ulgamynda uly möçberli reformalary iş ýüzünde durmuşa geçirmek häzirki döwürde Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşynda esasy wezipe bolup durýar. Meniň öň hem belläp geçişim ýaly, ýurdumyzyň durmuşynda bilim ulgamy esasy ulgamlaryň biridir. Ol ýurdumyzyň ösüşiniň geljegini, jemgyýetimiziň ruhy, durmuş, ykdysady we medeni taýdan ösüşiniň ugurlaryny kesgitleýär. Biz onuň esasynda öňdebaryjy dünýä tejribesini, halkymyzyň ruhy gymmatlyklaryny we milli däplerini, örän baý taryhy we medeni mirasyny goýmaga çalyşýarys.

Ýurdumyzyň bilim we ylym ulgamlaryny dünýä derejesine çykarmak, ýaşlarymyzyň sazlaşykly ösmegi, dünýägaraýşynyň giňelmegi üçin ähli şertleri döretmek meseleleri hemişe biziň üns merkezimizde bolar.

Şoňa görä-de, ähli ugurlar we pudaklar boýunça ýokary taýýarlykly hünärmenleri we ýaş alymlary taýýarlamak siziň örän möhüm wezipäňizdir.

Bu wezipeleri durmuşa geçirmek üçin ýurdumyzda ähli şertler, ýokary hilli okuw binýady bar. Diňe bir geçen ýylyň dowamynda Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk institutynyň, Içeri işler ministrliginiň Polisiýa akademiýasynyň täze binalary, Harby akademiýanyň ikinji binalar toplumy, Russiýanyň I.M.Gubkin adyndaky döwlet Nebit we gaz uniwersitetiniň Aşgabatdaky bölüminiň binasy gurlup, ulanmaga berildi. Tiz wagtdan ýokary okuw mekdepleriniň–Mary şäherinde Energetika institutynyň, Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň, Daşoguz welaýatynda Oba hojalyk institutynyň binalary, Döwlet medeniýet institutynyň binalar toplumy, Magtymguly

adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ýene-de bir okuw binalar toplumy gurlup, ulanmaga berler.

Şeýle hem ýakyn döwürde Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň binalarynyň gurluşygy tamamlanyp, işe giriziler.

Köpçülikleýin sporty ösdürmek siziň öňüňizde durýan möhüm wezipeleriň biridir. Ýurdumyzda bedenterbiýe we olimpiýa hereketiniň gerimi barha giňeýär, halkara sport ýaryşlarynda Türkmenistanyň abraýyny goraýan ýaş sportsmenleriň sany barha artýar.” Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda stadionlaryň we suw-sport toplumlarynyň gurluşygy güýçli depginler bilen alnyp barylýar.

Paýtagtymyz Aşgabat şäherinde tiz wagtdan bar bolan iri sport toplumlarynyň üstüni Olimpiýa şäherjigi we Gyşky sport oýunlary köşgi ýetirer. Biz ýurdumyzda bedenterbiýäni we sporty ösdürmek üçin düýpli binýady döredýäris.

Mähriban Prezidentimiziň beýik Galkynyşlar eýýamynda durmuşa geçirýän oňyn özgertmeleri, il-ýurt bähbitli tutumly işleri netijesinde Türkmenistanda asyrlara barabar ösüşler gazanylýar. Ýurdumyzda höwesjeň, zehinli ýaşlary ýüze çykarmaklyga we olaryň ussatlaşmagyna gönükdirilen örän oýlanyşykly syýasat eýýäm özüniň bol miwelerini berýär. Munuň şeýledigini dürli bäsleşiklerde üstünlikli çykyş edýän zehinli ýaşlarymyzyň döredijilik kämilligi-de aýdyň tassyklaýar. Beýik özgertmeler tutyş halkymyzy, şol sanda sungata höwesli ýaşlarymyzy täze üstünliklere ruhlandyryp, olarda milli medeniýetimizi äleme ýaýmaga, ata-Watanymyzyň at-abraýyny belende götermäge uly isleg-arzuw döredýär.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy ösdürmek boýunça geljekde ýerine ýetirmeli möhüm işleriň birinde “Medeniýetde– bu halkymyzyň medeni mirasyny gorap saklamakdyr hem-de ony geljekki nesillere galdyrmakdyr, milli ruhy-medeni gymmatlyklarymyzy, däp-dessurlarymyzy gaýtadan dikeltmekdir, ilatyň bilimini we umumy medeniýetini dünýä

ülňelerine laýyk derejä galdyrmakdyr, ene dilimizi ösdürmekdir" diýip kesgitledi.

Dünýä türkmenleri bilen doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow uly üns berýär. 2007-nji ýylyň oktýabrynda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň X ýubileý konferensiýasynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu birleşigiň Prezidenti wezipesine saýlandy. Konferensiýada eden çykyşynda Milletiň Lideri birleşigiň mundan beýläkki işiniň esasy ugurlaryny, şol sanda arkadaşlarymyz bilen doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek ýurdumyzda Täze Galkynyş eýýamynda bolýan reformalary wagyz etmek wezipelerini kesgitledi. Onuň tabşyrygy boýunça 2007-nji ýylyň ýazynda DTYB-nyň döreden ýorite medeni topary goňşy Owganystanda bolup ol ýerde ýaşaýan türkmen arkadaşlarymyz bilen duşuşyklar geçirdi.

DTYB-nyň daşary ýurtly arkadaşlarymyz bilen hemmetaraplaýyn we ysnyşykly gatnaşyklary pugtalandyrmk barada alyp barýan işleri ýurduň ilatynyň hem, dünýa türkmenleriniň hem ruhubelentligini terbiýelemäge, olarda milli buýsanç duýgysyny ösdürmäge ýardam edýär.

Kolumbiýa uniwersitetiniň alymlary bilen bolan duşuşygynda Türkmenistanyň Prezidenti özüniň iňňän gadymy siwilizasiýalaryň sebiti bolan Merkezi Aziýadan gelendigini aýdyp: "Biziň topragymyzda birmahallar meşhur bolan Parfiýa patyşalygy, ägirt uly Seljuklar imperiýasy, Ürgenç imperiýasy we beýleki döwletleriň ençemesi ýerleşdi, olar özünden soň örän gadymy siwilizasiýalaryň köp sanly ýadygärliklerini galdyrdy. Şol ýadygärlikler geçmişde beýik sepgitlere ýetilendigine, biziň sebitimiziň gülläp ösendigine şaýatlyk edýär" diýip belledi. Geçmişde türkmen topragynda gazanylan üstünliklere duşuşyga gatnaşýanlaryň ünsüni çekmek bilen Hormatly Prezidentimiz: "Türkmenistan tebigy ýadygärliklere we gadymyýetiň taryhy ýadygärliklerine örän baýdyr. Diňe bir

ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawynyň özüne gadymy Merw, Köneürgenç, Nusaý galalary ýaly täsin ymaratlar girizilendir. Şol sanawa ýene köp ýerleriň atlaryny, mysal üçin, Änew şähristanyny, gadymy Dehistany, tebigy ýadygärlikler bolan Köýtendagyň gözelligi boýunça haýran galdyrýan gowaklary, dinozawrlaryň platosy, Bathyz, Garagum çöli, Hazar deňziniň kenarýakasy ýaly ýerleriň we heniz öwrenilmmäge we barlanylmaga degişli bolan ençeme beýleki ýerleriň atlaryny goşmak bolar. Türkmenistan tutuş alnanda syýahatçylarda hem, alymlarda hem bir meňzeş gyzyklanma döredýän gadymylyklaryň hazynasydyr" diýip, aýratyn nygtap aýtdy. Hormatly Prezidentimiziň aýdanlaryndan möhüm bir pikir gelip çykýar: döwletiň halkara gatnaşyklar ulgamynda üstünlikli çykyş etmegine geçmiş, taryhy tejribe hem uly täsir edýär. Türkmen halkynyň geçmişde döreden kuwwatly döwletleri öz döwründe dünýä syýasatynda, halkara gatnaşyklar ulgamynda möhüm, syýasat kesgitleýji güýç boldylar, bu bolsa häzirki döwürde–XXI asyrda Türkmenistan döwletinde häzirki zaman dünýä syýasatynda halkymyzyň geçmişdäki belentliklerine mynasyp, görnükli orun eýelemäge bolan kanuny islegleri döredýär.

Bu gün täze Galkynyş eýýamyny başdan geçirýän türkmen döwletinde ata-baba dowam edip gelen adalatlylyk, haýyr-sahawat, ynsanperwerlik, döredijilik syýasaty dabaralanýar. Türkmen jemgyýetini uly ösüşlere alyp barjak köpugurly işler, uly möçberli maksatnamalar durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň taryhyna altyn harplar bilen ýazylan täze-täze senenamalar ýazylýar. Türkmenistan halkara hukuk kadalaryna, özara ykdysady bähbitlilige we milli ýörelgelerimize esaslanyp, syýasy, ykdysady, medeni ugurlarda emele gelen täze gatnaşyklaryň has-da berkemegi we ösdürilmegi üçin dürli döwletler bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary açýan baýramçylyklar hem bu döwürde döredildi. 1-nji sentýabr –Bilimler we talyp ýaşlar güni.

12-nji sentýabr –Ruhnama güni.
Sentýabryň ikinji şenbesi –Nebitgaz, energetika we geologiýa pudaklarynyň işgärleriniň güni.
1-nji oktýabr— Ýaşulularyň halkara güni.
6-njy oktýabr –Milli matam güni.
27-28-nji oktýabr –Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni.
Noýabryň soňky ýekşenbesi –Hasyl toýy.
Dekabryň birinji ýekşenbesi –Goňşokara baýramy.
12-nji dekabr –Türkmenistanyň Milli baýramy Bitaraplyk güni.
14-nji dekabr—Türkmenistanyň nebit-gaz ulgamynyň işgärleriniň güni.
21-nji dekabr –Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazowy (Beýik Saparmyrat Türkmenbaşyny) ýatlama güni.
1-nji ýanwar –Täze ýyl.
12-nji ýanwar –Hatyra güni.
27-nji ýanwar –Watan goragçylarynyň güni.
18-nji fewral –Türkmenistanyň diplomat işgärleriniň güni.
19-njy fewral –Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni.
8-nji mart –Halkara zenanlar güni.
21-22-nji mart –Milli bahar baýramy.
Apreliň birinji ýekşenbesi –“Suw damjasy – altyn dänesi” baýramy.
7-nji aprel –Bütindünýä saglyk güni.
Apreliň soňky ýekşenbesi –Türkmen bedewiniň baýramy.
9-njy maý –1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunyň Ýeňiş güni.
18-nji maý–Galkynyş, Agzybirlik we Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni.
Maýyň soňky ýekşenbesi –Türkmen halysynyň baýramy.
29-njy maý –Türkmenistanyň içeri işler edaralarynyň işgärleriniň güni.
1-nji iýun –Çagalary goramagyň halkara güni.
5-nji iýun –Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni.

Iýunyň birinji ýekşenbesi –Dokma senagatynyň işgärleriniň güni.
12-nji iýun –Ylymlar güni.
27-nji iýun –Medeniýet we sungat işgäleriniň güni.
Iýulyň üçünji ýekşenbesi –Galla baýramy.
11-nji awgust –Serhetçiler güni.
Awgustyň ikinji ýekşenbesi –Türkmen gawunyň güni.
Gurban baýramy. Gurban baýramynyň anyk senesini her ýyl Türkmenistanyň Ministrler Kabineti belleýär.
Oraza baýramy. Anyk senesi "Oraza baýramy hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda kesgitlenilýär.

**Beýik Galkynyşlar zamanasynda ýurdumyzyň maddy medeniýetiniň özgermegi.** Türkmenistanda amala aşyrylýan reformalaryň durmuş ugra gönükdirilendigi we ýurdumyzda uly möçberli gurluşyklaryň ýaýbaňlandyrylmagy adamlar üçin siwilizasiýanyň ähli eşretlerinden peýdalanmaga oňaýly mümkinçilik döredýär. Üstünlikli durmuşa geçirilýän "Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy" muňa aýdyň mysal bolup biler.

Ýurdumyzda durmuş syýasatynyň netijeliligini has-da artdyrmak maksady bilen, Hormatly Prezidentimiz Balkan welaýatynyň çetki Esenguly etrabynyň durmuş-ykdysady ýagdaýyny gowylandyrmak, Daşoguzda Ruhubelent etraby daýhanlaryň täze durmuşynyň ajaýyp simwolyna öwrülen bolsa, 2009-njy ýylda Lebap welaýatynda täze döredilen etrabyň administratiw merkezi – Döwletli şäherçesiniň, şeýle hem Balkan welaýatynyň Bereket we Serdar şäherleriniň ösüşine güýçli itergi berildi. Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň mart aýynyň 17-sinde "Durmuş üpjünçiligi hakyndaky" ýene-de bir wajyp kanuna gol çekdi. Şol kanun boýunça iýul

aýynyň 1-nden raýatlarymyz täze çözgütler esasynda pensiýa we kömek pullaryny alyp başladylar. Bu waka Hormatly Prezidentimiziň her bir sözüniň iş ýüzünde durmuşa geçirilýändigini ýene-de bir gezek subut etdi. Dürmuş üpjünçiligi hakynda gürrüň edilende, Hormatly Prezidentimiziň raýatlarymyzyň saglygy we dynç alyşy, ýurdumyzda syýahatçylygy hem-de sporty ösdürmek hakynda edýän aladalary dogrusynda aýtmazlyk asla mümkin däl. Bu işleri durmuşa geçirmek üçin türkmen döwletinde amatly şertleriň, giň mümkinçilikleriň ählisi bar. Durmuş syýasatynyň şu ugry barada aýdylanda, döwlet Baştutanymyzyň welaýat merkezlerinde häzirki zaman dünýä ülňelerine laýyk gelýän sport toplumlaryny gurmak baradaky kararlarynyň, şeýle hem Hazar deňziniň kenarynda Awaza halkara syýahatçylyk merkezini döretmek bilen baglanyşykly alyp barýan işleriniň iňňän uly ähmiýeti bar. Türkmenbaşy şäheriniň golaýyndaky Awazanyň halkara syýahatçylygynyň merkezi hökmünde saýlanylyp alynmagy ýöne ýerden däl. Häzirki döwürde ösen döwletleriň raýatlarynyň ýyly deňizleriň kenarlarynda jana şypa beriji ýyly suwlarda dynç almaga bolan islegleri örän ýokary. Dünýäniň ösen ýurtlarynyň aglabasy bolsa Ýer togalagynyň demirgazyk guşaklygynda ýerleşýär. Şonuň üçin hem bu ýurtlaryň raýatlary dynç alyş möwsümlerinde köplenç güneşiň bolluk bilen seçilýän ýyly suwly ülkelerine gidýärler. Şol nukdaý nazardan seredeniňde, Hormatly Prezidentimiziň gurluşygyna ak pata beren Awaza halkara syýahatçylyk merkezi, birinjiden-ä örän amatly ýerde ýerleşýär, ikinjiden bolsa, bizde örän arzan ýaşaýyş üpjün edilen. Iň esasy zat bolsa, Türkmenistanda asuda, parahat durmuşyň höküm sürýänligidir. Bu şertler diňe bir gurply adamlary däl, eýsem az üpjünçilikli, girdejileri çäkli daşary ýurtly raýatlara hem dünýä derejesinde hyzmatlary teklip edýän türkmen kurortynda dynç almaga mümkinçilik berer. Awaza halkara syýahatçylyk merkeziniň ýene-de bir aýratynlygy: tutuş sebitde–Merkezi Aziýada, Orta

Gündogarda we Kawkaz ülkesinde şeýle amatly ýerleşen ýeke-täk kurortlygydyr.

Mary welaýatynda Altyn sähra etrap merkeziniň açylmagy bilen bu ýerlerde durmuş we senagat maksatly desgalaryň onlarçasy gurulýar. Ulag-kommunal ugurlary kämilleşdirilýär, telekommunikasiýalaryň döwrebap ulgamynyň işi ýola goýulýar. Netijede, täze iş orunlarynyň müňlerçesi döreýär. Bu zatlaryň özi bolsa etrap merkezleriniň binagärlik keşbiniň düýpgöter özgermegine hem-de olaryň ilatynyň ýaşaýşynyň derejesine has-da oňaýly täsir eder. 2009-njy ýylyň baharynda Türkmenabatda we Maryda Ruhyýet köşkleri, döwrebap aerowokzal toplumy, metjit, enäniň we çaganyň saglygyny goramak boýunça has kämil lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilen "Ene mähri" merkezleri, multimediýa mekdepleri, çagalar baglary açyldy, halkara standartlaryna laýyk gelýän gelýän Mary–Türkmenabat awtomobil ýoly ulanmaga berildi. Raýatlar üçin islendik görnüşdäki amatlyklary–halk bähbidini göz öňünde tutýan işler barada gürrüň edilende, megerem, ilkinji nobatda, belentden-belent, kaşaň hem ajaýyp amatlyklary bolan binalaryň gurulmagydyr. Häzirki döwürde ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyklaryň hetdi- hasaby ýok. Täze Galkynyşlar eýýamynda ýokary derejedäki ýaşaýşa mahsus bolan oňaýlylyk ähli gurulýan desgalarda ornaşdyrylýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň talap edişi ýaly, ýurtda alnyp barylýan gurluşyklaryň möçberi bolsa birnäçe esse artýar.

Bularyň ählisi "Döwlet adam üçündir!" diýen şygaryň iş ýüzünde durmuşa geçýändigini görkezýän aýdyň mysaldyr. Munuň özi türkmenistanlylaryň nirede ýaşaýandygyna garamazdan, öňi bilen täze durmuş derejesini kepillendirýär. Milletiň Lideri häzirki zaman ülňülerine gabat gelýän we adamlar üçin elýeterli ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygynyň möçberlerini has-da artdyrmagyň zerurdygyna hemişe ünsi çekýär.

Milli saglygy goraýşyň ileri tutulýan wezipesi derman senagatyny ösdürmekden ybaratdyr. Hemmämize mälim bolşy ýaly, häzir ylmy lukmançylyk halk lukmançylygyna uly üns berip, köp sanly dermanlyk ösümlikleriň bejeriş güýjüne eýedigini ykrar edýär. Türkmen topragy bolsa şol ösümliklere baýdyr. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” atly täze düýpli ylmy işi bejeriş emleriniň köp syrlary barada gürrüň berýär. Bu kitabyň birinji tomy 2009-njy ýylda neşir edilip, köp sanly okyjylar üçin elýeterli boldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda meşhur “Arçman” şypahanasynyň açylmagy, Baýramalydaky we Mollagaradaky şypahanalarda alnyp barylýan işler bu şypahanalaryň hem täze keşbe girmegine getirer.

2007-nji ýylda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň baş edarasynyň ýerleşýän Mekan köşgüni düýpli abatlamak, durkuny täzelemek barada kararyň kabul edilmegi munuň aýdyň mysallarynyň biridir.

Ýurdumyzda köpçülikleýin sporty, bedenterbiýe-sagaldyş hereketini ösdürmek babatda geçirilýän ägirt uly çärelet hem, ilkinji nobatda, milletiň saglygy, şeýle hem onuň geljegi baradaky alada ýugrulandyr. Sport güýç-kuwwatyň, gözelligiň, sagdynlygyň we ruhubelentligiň aýdyň beýanydyr diýip, döwlet Baştutanymyz nygtaýar.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen döwlet baýramçylyklarynyň sanawyna girizilen Bütindünýä saglyk güni, türkmen türgenleriniň halkara sport ýaryşlaryna barha giňden gatnaşmagy, ýurdumyzda geçirilýän iri halkara ýaryşlary, hususan-da, Türkmenistanyň, Russiýanyň we Gazagystanyň çäklerinden geçen “Ýüpek ýoly – 2009” awtorallisi we elbetde, paýtagtymyzda hem-de ähli welaýatlarda iň häzirki zaman sport desgalarynyň gurulmagy döwlet Baştutanymyzyň köpçülikleýin bedenterbiýäni we

sporty ösdürmäge ägirt uly üns berýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Mysal üçin, 2009-njy ýylda Ahal, Mary, Lebap we Balkan welaýatlarynda 10 müň orunlyk stadiony we basseýnleri bolan “sport şäherjikleri”, şeýle hem türgenleşik enjamlary bilen üpjün edilen bedenterbiýe-sagaldyş toplumlary, sport mekdepleri ulanylmaga berildi. Olarda sportuň dürli görnüşleri boýunça islendik derejedäki ýaryşlary, şol sanda halkara bäsleşiklerini-de geçirmäge doly mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Beýik Galkynyşlar eýýamynda ýurdumyzda çaphana işiniň pajarlap ösýändigini özýniň taryhy çykyşlarynyň birinde “Neşir önümlerini, hatda okuw kitaplaryny hem çap etmäge doly mümkinçiligi bolman, beýleki ýurtlaryň kömegine mätäç bolan türkmen çaphana, neşirýat ulgamynyň ösen döwletleriň enjamlary bilen abzallaşdyrylan çaphanalarynyň neşir önümleri bu gün hil taýdan dünýä derejesine ýetirildi” diýip nygtady.

# EDEBIÝAT:

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom.– Aşgabat, 2009.
3. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk.—Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr.– Aşgabat: Ylym, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. –Aşgabat, 2007.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy.- Aşgabat 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan– sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat: TDNG, 2007.
8. Mugallym, esger, ilhalar ynsan. Berdimuhamet Annaýewiñ gahrymançylykly ömür ýoly. 1941-1945-nji ýyllaryñ Beýik Watançylyk urşunda gazanylan ýeñişiñ 65 ýyllygyna. 2-nji üsti ýetirilen ylmy-resminamalaýyn neşir. -Aşgabat, 2010.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. –Aşgabat, 2007.

12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek. – bagtdyr. – Aşgabat, 2007.
13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. I tom. –Aşgabat, 2007.
14. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna.// Türkmenistan, 2010. 10-njy maý.
15. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary, 2009. 19-njy iýun.
16. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). //Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary, 2009. 19-njy iýun.
17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary, 2009. 8-nji maý.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan, 2009. 24-nji aprel.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler

ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary, 2009. 17-nji aprel.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat, 2009.13-nji mart.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynda sözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan, 2009. 9-njy mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan, 2009. 19-njy fewral.
23. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan, 2009. 22-nji ýanwar.
24. Garaşsyz, Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Harby Doktrinasy. – Aşgabat, 2009.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). // Türkmenistan, 2009. 16-njy fewral.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). // Türkmenistan, 2009. 10-njy ýanwar.

27. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden çykyşy (2008-nji ýylyň 16-njy sentýabry). // Türkmenistan, 2009. 17-nji sentýabr.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňeldilen mejlisinde sözlän sözi.// Türkmenistan, 2010. 16-njy ýanwar.
29. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
30. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama.—Aşgabat, 2001.
31. Türkmenistan SSR-niň taryhy. – Aşgabat, 1959.
32. Türkmenistanyň Konstitusiýasy.—Aşgabat, 2003.
33. Reýhan Horezmi. Mertebeler we kemlikler. – Aşgabat, 2004.
34. Mähri Hatyn. Diwan. – Aşgabat, 2004.
35. Ýazyjy ogly Aly. Seljuk türkmenleriniň taryhy. – Aşgabat, 2004.
36. Çaryýew O. Türkmen şorta sözleri. – Aşgabat, 2004.
37. Reşideddin Watwat. Resmi hatlar. – Aşgabat, 2004.
38. Abdyrahman Jamy. Baharystan. – Aşgabat, 2004.
39. Guzuçyýewa G. Ajaýyplyklaryň düri. – Aşgabat, 2004.
40. Atagarryýew Ý. Türkmenistanyň gadymy şäherleri. – Aşgabat, 1974.
41. Halymow N. Gadymy Ürgenje syýahat. – Aşgabat, 1986.
42. Durdyýew M. Nusaý – Parfiýa döwletiniň paýtagty. – Aşgabat, 1992.
43. Türkmenistan SSR-niň taryhy. I jilt, 1-nji kitap. – Aşgabat, 1959.
44. Türkmenistanyň arhitektura ýadygärlikleri. – Aşgabat, 1974.

45. Türkmen galalary hakyndaky rowaýatlar. Çapa taýýarlan Baýmyradow B.–Aşgabat, 2004.
46. Patşa Hoja. Gülzar. – Aşgabat, 2004.
47. Türkmenistan SSR-niň taryhy. I jilt, 1-nji we 2-nji kitap.—Aşgabat, 1960.
48. Türkmenistan SSR-niň taryhy. II jilt.—Aşgabat, 1959.
49. Myradow G.Kethudalyk endişesi.//Nesil, 1994. 13-nji ýanwar.
50. Türkmen sowet ensiklopediýasy.10 tomluk.—Aşgabat, 1974-89.
51. Türkmenistanyň taryhy. Ýokory okuw mekdepleriniń talyplaryna niýetlenen goşmaça okuw gollanmasy. 1-nji kitap. – Aşgabat, 1994.
52. Джикиев А. Очерки происхождения и формирования туркменского народа в эпоху средневековья. – Ашгабат, 1991.
53. История культуры Советского Туркменистана. – Ашгабат, 1978.
54. Türkmenistanyň taryhy boýunça hrestomatiýa./Düzüjiler N.Rahimow, S.Weliýew, B.Goýunlyýew. – Aşgabat, 19.
55. Garaýew R., Pirliýew G.Garaşsyzlyk we bilim.—Aşgabat, 1993.
56. Ýazlyýew Ç. Ruhy galkynyşyň esasy çeşmesi. // Nesil, 1994. 13-nji ýanwar.
57. Musaýew O. Saparmyrat Türkmenbaşynyň Garaşsyzlyk we Bitaraplyk syýasaty. –Aşgabat, 1998.
58. Annaorazow J. Türkmeniň Çynmaçyndaky taryhy çeşmeleri.//Edebiýat we sungat, 2002. 6-njy dekabr.
59. Annaorazow J. Türkmeniň daşa ýazylan taryhy.// Edebiýat we sungat, 2002. 27-nji dekabr.
60. Annaorazow J. Kätip kemalyýeti. // Edebiýat we sungat, 2003. 14-nji mart.

61. Annaorazow J. Mähir siňen şekiller. // Edebiýat we sungat, 2003. 5-nji dekabr.
62. Annaorazow J. Sefewiler döwrüniň türkmen taryhçylary. // Edebiýat we sungat, 2004. 12,19,26-njy mart.
63. Annaorazow J. Gadymy golýazma sungatymyz.// Edebiýat we sungat, 2004. 23,30-njy aprel.
64. Annaorazow J. Türkmeniň erem bagy. // Edebiýat we sungat, 2004. 2,9,16-njy iýul.

## MAZMUNY


1. Giriş.................................................................7
2. Iň gadymy zamanda Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy...................................................16
3. Oguzhan döwrüniň medeniýetiniň taryhy…….......26
4. Gorkut-Ata döwrüniň medeniýetiniň taryhy…......38
5. Türkmen halkynyň gülläp ösen we beýik döwletleri guran döwrüniň medeniýetiniň taryhy (X-XVI asyrlar).............................................................60
6. XVII-XIX asyryň ortalarynda türkmen halkynyň medeniýetiniň taryhy ........................................86
7. XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy .......................95
8. 1917-1941-nji ýyllarda Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy...................................................114
9. 1941-45-nji Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy.................127
10. 1946-1991-nji ýyllarda Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy...................................................134
11. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň medeniýeti.............................................................153
12. Beýik Galkynyşlar we Täze özgertmeler eýýamynda türkmen halkynyň medeniýeti…........…………165
13. Edebiýat..............................................................179